# GÜLÜSTAN

# گُلستان

## (ترجمه ترکمنی)

SAGDY ŞIRAZY

## سعدی شیرازی

BISMILLÄHI-R-RAHMANY-R-RAHYM

# G I R I Ş

Beren nygmatlary, haýyr-sahawatlary we mähir-keremi üçin minnet etmek diňe beýik we ýeke-täk Allatagala mahsusdyr. Allanyň buýruklaryny ýerine ýetirmek, oňa ruhy taýdan ýakynlaşmaga sebäpdir. Allanyň nygmatlaryna şükür edildigiçe, Ol nygmatlaryny hasam artdyrar.

Adamzadyň gursagyna giren her bir nepes onuň ýaşaýşyny uzaldar, oňa jan berer, gursakdan çykan her bir nepes hem ynsanyň ruhuny täzelär. Diýmek, her bir dem alyşda — nepesde iki nygmat bar. Şonuň üçinem Allanyň beren ähli nygmatlaryna şükür etmek wajypdyr.

»Boluň şükür ediji, eý, Dawut ogullary ,

Şükür eden bendeler örän az» diýildigi .

Halyky Züljelala kim doly şükür kylar, Eller hem dillerimiz oňa has ejiz geler.

* * *

Iň haýyrly bähbidi, bilse bendäň özüne,

Nogsan üçin ýalbarsa, Haka çöküp dyzyna .

Ýaradan beýik Allaň laýyk edip şanyna,

Başarmaz gulluk edip, her kes dözüp janyna.

Onuň rehmet ýagşy hemme ýere dolup, jomartlyk bilen beren nygmatlarynyň suprasy älem-jahana ýaýrandyr. Allatagala hiç haçan eden hatalary we uly

günäleri sebäpli öz bendeleriniň haýa perdesini ýyrtmaz, özüniň settarul-uýup sypaty bilen olaryň aýyplaryny örter, bendelerini masgara bolmakdan we biabraýçylykdan Özi saklar. Ol eden günäsi sebäpli, hiç haçan bendesiniň rysgalyny kesmez.

Gizlin hazynaňdan, eý, beýik Allam,

Butparaz, otparaz rysgyny alýar.

Hatda duşmana hem rysgyny berýän ,

Dostuny ät goýup, çekdirmi arman!?

Beýik Allatagala ýer ýüzüne aýlanyp ýören saba ýeline: «Zümerret reňkli ýaşyl düşekleri ýaz!» diýdi. Bahar buludynyň enekesine hem: «Ösümlik dünýäsiniň gyz perzentlerini ýeriň sallançagynda saklap ýetişdir!» diýip, emr etdi. Agaçlara nowruz baýramyna mahsus zynat bilen ýaşyl ýaprakly uzyn lybaslar geýdirdi. Ýetip gelýän bahary «Hoş geldiň!» diýip garşy almak üçin onuň perzentleriniň — şahalarynyň başlaryna gülden täçler goýdy. Özüniň gudraty bilen şekerçiňriginiň suwuny arassa bala öwürdi, hurma şänigi hem Onuň ýetişdirmegi bilen uzyn boýly agaç boldy.

Bulut, şemal, Güneş, asman barysy,

Seniň hyzmatyňda adam balasy .

Hak emrinden olar hyzmatda dursun ,

Şeýdip wezipäňi unudarsyň sen...

* * *

Seniň kimin goldaw-arkasy baryň ,

Gorkusy ýok ýykylar diýip diwaryn .

Nuh deý serkerdesi bolan gämide,

Howp salmaz ummanyň tolkun-gomy-da .

Älem-jahanyň serweri, ähli zadyň guwanjy, älemlere rehmet üçin iberilen, adamzadyň hojaýyny we saýlanany, iň soňky pygamber hezreti Muhammet Mustapa sallallahy alaýhy weselleme salawat we salam bolsun!

Kämillik bilen belentlik açdy, ol Muhammet Mustapa ,

Gözellik nurun zulmata saçdy, ol Muhammet Mustapa .

Oňa, nesil-neberesine salawat hem salam aýdyň !

Şepagatly ymmatlaryna, siziň-de gözüňiz aýdyň !

Ol Özüne tabyn bolnan pygamberdir, jomartdyr, keremlidir, görmegeýdir, bedeni ýerbe-ýer we güleryüzlüdir, onda pygamberlik alamaty bardyr. Pygamberimiz bir hadysynda şeýle diýýär :

—Eden bir günäsi sebäpli haly perişan bolan bir günäkär bende, kabul boljakdygyna çyn ýürekden ynanyp, umyt edip, Beýik Allatagaladan dileg edip, toba elini Oňa galdyrsa, Haktagala hem oňa ýüz bermese, ol bende ýene ýalbarsa, Allatagala ýene oňa nazar aýlamasa we ýüz bermese, ol bende ýene-de bir gezek aglap-eňräp, zar-zar gözýaş edip, ýalbarsa, onuň bu yhlasy sebäpli Allatagala perişdelerine: «Eý, meniň perişdelerim! Bu bendämiň menden başga Hudaýy ýokdur. Men onuň munça ýalbaryp-ýakarmagyndan özüm utanýaryn, onuň dileg-dogasyny kabul etdim, isleýän zadyny berdim we ony bagyşladym» diýer.

Görer onuň rehim-u keremini sereden,

Gul-a günä iş edýär, utanyp dur Ýaradan.

Onuň beýikliginiň öňünde özlerini ybadata berenler: «Saňa laýyk şekilde ybadat edip bilmedik» diýip, özleriniň kemçiliklerini boýun alýarlar. Onuň kemalyny we jemalyny öwenler bolsa :

Älemi ýaradan, gudratly Taňrym !

Sunguňa haýrandyr gadymdan aňrym.

diýip, özleriniň ejizdiklerini ykrar edýärler.

Diýerin, kim eger sorasa menden ,

Allanyň waspyny ýetirip çyndan.

»Meniň ýaly aşyk berilmez» diýsem,

»Magşuk bolsa hiç wagt görünmez» diýsem .

Aşyk magşugyna gurbana deger,

Çykmaz jansyzlardan ses-seda meger .

Hekaýat

Bir ýagşyzada başyny pikir we çuňňur oý «ýakasynyň» içine salyp, gaýyp äleme we ylham deňzine çümüp oturan eken. Özüne gelen mahaly päk ýürekli bir dosty ondan:

—Içine çümen bägül bossanlygyňyzdan bize näme sowgat getirdiňiz? — diýip sorapdyr.

Ýagşyzada oňa:

—Bägülüň ýanyna barmazdan ozal niýetimde: «Etegimi bägüller bilen dolduraýyn we olary dostlaryma sowgat bereýin» diýen pikirim bardy. Emma bägülüň ýanyna ýetenimde, bägülüň hoşboý ysy meniň başymda şeýle bir burk urdy welin, etegim elimden sypypdyr, unudypdyryn — diýip, jogap beripdir.

Eý, bilbil! Sen perwanaga garagyn ,

Ol şemiň daşynda aýlandy, ýandy ,

Aşyksumak bilmez näme geregin ,

Yşk ereni bolsa köýdi, ýok indi .

* * *

Hyýal, güman, çakdan uzak aýyk sen,

Adamzat sözünden päk hem Beýik sen !

Ömrümiz gutaryp, mejlis hem tamam ,

Seň waspyň başynda durus, biz aýan.

## YSLAM HÖKÜMDARYNYŇ ÝaGŞY HÄSIÝETLERI

)goý, Alla onuň soltanlygyny dowamly etsin(!

Sagdynyň şöhratly ady halkyň arasynda dillere dessan bolup, sözleriniň şan-şöhraty ýer ýüzüne ýaýrandyr. Onuň ýazan galamy, göýä şekerçiňrigi ýalydyr, hemmeler ony çeýnäp agzyny süýjedýär. Onuň hat ýazan kagyzlaryny, göýä altyn ýaprak ýaly göterýärler.

Ýöne bu ýagdaýlary Sagdynyň at-abraýyna we onuň çeper söz ussatlygynyň kämilligine baglamaly däldir. Bularyň asyl sebäbi, älem-jahanyň eýesi, zamananyň demirgazyk ýyldyzy, Süleýmanyň tagtynda oturan, möminleriň howandary, beýik hökümdar, Allanyň ýer ýüzündäki saýasy bolan Atabeg Sagt

ibn Zeňňiniň ogly Muzaffereddin Abubekr hezretleriniň (goý, Alla ondan razy bolsun!) Sagda üns-goldaw berip, oňa howandar bolup, arka durmagy we muhabbet beslemegidir.

Ine, şonuň üçinem alymlar, sada halk, hemmeler hökümdara tabyndyklary üçin Sagda hormat goýup, mähir-muhabbet görkezýärler. Çünki raýatlar hökümdarlaryň görkezen ýol-ýodasyndan ýöreýärler.

Ejiz raýatyňa saldyň sen nazar,

Abraýym Gün dek äleme doldy.

Şeýle köp bolsa-da, ýazygym meniň,

Soltan nazaryndan paýhasyn aldy.

Hekaýat

Hammamda dostumyň hoş ysly toýun,

Berenligin size beýan edeýin.

Hoş ysyna maýyl bolanym duýdum,

Men oňa «Sen müşkmi, anbarmy?» diýdim.

Diýdi: «Men bir toýun kysmata kaýyl,

Üstümde gögerýän bir ajap bägül.

Ýogsam toprakdym men ýönekeý, sada,

Maňa siňäýdi-dä gül ysy bada.«

Eý, Rebbim! Okalan Gurhan aýatlarynyň hormatyna musulmanlara bähbit bolar ýaly ol hökümdaryň ömrüni uzak eýle! Onuň edýän haýyr-sahawat işleriniň sogabyny, oňa telim esse edip gaýtaryp ber, sylag-hormatyny, at-abraýyny zyýat

eýle! Ony söenleriň, onuň dost-ýarlarynyň derejelerini beýgelt! Onuň duşmanlaryny, oňa bahylçylyk edýänleri heläk eýle!

Ylahym! Onuň ülkesini asudalykda we parahatçylykda sakla! Onuň ogluny hem özüň gorap saklaweri!

Dünýä onuň bilen ýeter bagtyna,

Taňrym, uzak ömür Sagdyň ogluna .

Eňiş tugun golda tutup bat alsyn,

Oň şahasy bolan oglam şatlansyn .

Sebäbi hökümdar onuň köküdir ,

Tohum örki bolsa, agaç görküdir .

Eý, Beýik Allam! Adyl hökümdarlaryň at-abraýy we ylmy bilen amal edýän alymlaryň hümmeti bilen kyýamata çenli bereketli Şiraz ülkesini saglyk-salamatlykda, asudalykda saklaweri we goraweri!

Meniň ýat illerde uzak wagtlap näme üçin gezendigimi bilmersiň. Men adamzadyň ýüzüniň garasy bolan mongol basybalyşlary sebäpli ýer ýüzüniň zeňňiniň saçy ýaly buýr-bulaşyk bolandygyny görüp, ýaşaýan ýurdumdan göçüp gitmäge mejbur boldum. Olar hem adamzat balasydy. Ýöne olar gurtlar ýaly hunhor (gan içiji) we gyrgy ýaly demir penjelidiler. Bu ymmat ahlak taýdan biri-birlerine perişde ýaly ýagşy gylyk-häsiýetli, emma duşmana garşy welin, söweşjeň arslanlar ýalydylar.

Yzyma gaýdyp gelenimden soň, ülkäniň asudadygyny we söweşiň ýatyşandygyny gördüm. Gaplaňlar özleriniň gaplaňlyk häsiýetlerini, wagşylyk ruhuny taşlapdylar. Hawa, ilkibaşda görenimde, ýagdaý şeýle agyrdy.

Ýöne adalatly hökümdar Atabeg Abubekr Sagt ibn Zeňňiniň döwründe hemme ýer asudalyga öwrülip, ýurt parahatçylykda ýaşaýardy.

Hak saýasy başda bolanda sen dek,

Pars ülkesi dursa, bela ýok entek.

Er ýüzünde bu gün seniňki ýaly ,

Adalatly başga işik ýok häli.

* * *

Ile adyl bolmak gelişýär saňa ,

Halkyň munuň üçin şükürli Oňa .

Sylag-sogap bermek Alla ýaraşar,

Bende zähmet miwesine garaşar. Durdugyça toprak  şemalyň ysy ,

Gelmesin Pars ýurda pitne belasy !

»GÜLÜSTANY» ÝaZMAGYMYŇ SEBÄBI

Bir gezek gije oturyp, ähli geçen günlerime ser saldym. Ömrümiň biderek geçen günlerine gynandym. Köňül köşgümiň daşlaryny gözýaş almazlarym bilen deşip, öz ýagdaýyma gynanyp, şu beýtleri aýtdym:

Geçip dur ömürden her pursat bir dem,

Seretsem, galany örän azdyr, kem.

Ellide oýanmaz, eý, ile gülki,

Bu galan bäş güni tutarsyň belki?

Utançlydyr gidip bir iş görmedik,

Göç deprek kakylyp, ýükün urmadyk.

Göçüň daň ukusy süýjüdir baldan,
Duýmaz pyýadany galdyrar ýoldan.

Her kim gelip saldy täze binany,
Başga goýup gitdi, üzüp tamany.

Ol hem kän küýsedi munda sapany,
Kime berdi bu ymarat wepany.

Söýmegin durnukly bolmadyk ýary,
Söýmek bolmaz beýle hyýanatkäri.

Ýagşy-ýaman bary gitmeli tamam,
Ýagşylyk edenler utar, ýeg mydam.

O dünýä harjyňy gazan dirikäň,
Yzyňdan zat eltmez soňra biri hem.

Diňe haýyr bilen at al dünýäde,
Şonda ýagşylykda düşersiň ýada.

Ömür gardyr, temmuz aýy golaýda,
Başyň gowga salyp müň dürli oýda.

Eý, eli boş giden uly bazara,

Boş gaýtjaksyň, galyp ýörme azara.

Her kes ýetişmänkä iýse ekini,

Hoşa çöplär soň aşyryp eňkini.

Diňläp jan-ten bilen Sagdyň öwüdin,

Ýörmeli ýol bilen mert bolup gidiň.

Men bular barada pikirlenenenimden soň, öz-özüme: «Iň gowusy bir burça çekilip oturaýyn. Özümi halkyň arasyndan daşda saklaýyn. Ömür depderimi dagap ýatan sözlerden arassalap tämizläýin, ýazan zatlarymy bozaýyn. Mundan soň hem munuň ýaly erbet sözleri aýtmaýyn we beýle zatlary ýazmaýyn» diýdim .

Diliň dişläp çykmak bir çete ilden,

Ýagşydyr erkiňde bolmadyk dilden.

Niýetimi iş ýüzüne geçirmäge başladym. Bir gün gaýga batyp, gussaly halda otyrkam bir dostum gapydan girdi. Ol örän şadyýan we hoş sözleri aýtdy. Ýöne men oňa hiç hili jogap bermedim. Men tagat-ybadat bilen meşguldym, kelläm dyzymdady, gözlerim ýerdedi. Ol gaty gören we göwnüne deglen ýaly maňa seredip, şeýle diýdi:

Sözlemäge bar mahaly mejalyň,

Sözle, dek durmasyn, gardaşym, diliň.

Emir guly ýaka ýetirse elin,

Zerurlyk hökümdir, çekersiň diliň.

Dostlarymyň biri oňa meniň ýagdaýymy aýdyp :

—Sagdy bu işe çyn ýürekden ýapyşypdyr, indi, mundan soňam ömrüniň galan bölegini dünýä işlerini birýana goýup, bir burça çekilip tagat-ybadatda geçirjekmiş. Ol hiç kim bilen gepleşmek islemeýärmiş. Oňarsaň, senem onuň ýaly et, halkdan uzaklaşgyn — diýipdir.

Dostum hem onuň bu sözlerine :

—Allatagalanyň beýikliginden we onuň bilen dostlugymdan ant içýärin, eger Sagdy öňküsi ýaly süýji-şirin sözlemese, men hem şol özelenip duraryn we hiç ýere gitmerin. Başga hiç zady kabul etmerin. Dostlaryň göwnüne degmek biýedeplikdir. Ant içildi, ýöne onuň ýerine keffarat berip bolýar. Alynyň gylyjy Zülpükaryň gynynda durmagy we Sagdynyň diliniň damagyna ýapyşyp galmagy boljak zat däldir. Bu akylly adamlaryň ahlaklaryna ýaraşmaz — diýip, jogap beripdir.

Dil nedir agyzda, eý, dana ýigit?

Hünärliň genjine bir açar bolar. Dükançy bakgalmy ýa jowahyrçy,

Gapy ýapyk bolsa, ony kim biler?

* * *

Dananyň ýanynda dymmak – edepden, Ýeri gelse sözle, ýaraşmaz dymmak.

Iki zatdyr ýeňilligiň nyşany,

Bimahal geplemek, wagtynda ýummak.

Gepiň gysgasy, ol meniň wepaly, eziz dostum bolandygy we ony söýýändigim üçin onuň bilen gepleşmezlik, ondan ýüz öwürmek meniň elimden gelmedi. Özümi beýle alyp barmagy nädogry hasapladym we adamkärçilige mynasyp görmedim.

Söweşseň, şeýle bir mert bilen tutuş,

Ýa-ha gaçyp gutul, ýa bolsun utuş.

Onuň bilen bialaç gürleşmeli boldum we gezmeläp şäheriň daşyna çykdyk. Bahar möwsümidi. Howanyň sowuklygy gidip, bägül möwsümi gelipdi.

Ýapragyň köýnegi agaç egninde,

Döwletiniň toý donudyr çigninde.

Jelaly hasapdan Ordubehişt aýy ,

Şaha münberinde bilbiller saýrar .

Gülüň ýapragynda nemden merjenler,

Der dek hyrsyz gyzyň ýüzüne paýrar.

Ol gijäni dostum bilen bossanlykda geçirdik. Oturan ýerimiz örän tämiz we sapaly ýerdi. Köňül açyjy agaçlar biri-birleri bilen gujaklaşyp duran ýalydy. Göýä ýere dür bölekleri sepelenip, asmana hem Ülker ýyldyzynyň monjugy asylan ýalydy.

Aby haýat kimin seriň aýlaýar ,

Agaçlar üstünde guşlar saýraýar .

Bossanlyk dolupdyr läleler bilen ,

Agaçlaram dürli miweler bilen.

Şemal saýasynda düzüp goýupdyr—

Dürli halylary ýazyp goýupdyr.

Daň atyp, säher wagty gelensoň, yzymyza gaýtmaga hyýallandyk. Seretsem, dostum etegini bägül, reýhan we sümmül gülleri bilen dolduryp, ýany bilen alyp gelýär. Men oňa :

—Sen bilýärsiň ahyry, gülleriň ömri gysga bolýar. Üstesine-de olar uzak durmaz, ne ysy galar, ne gül. Hemmesi hem solar. Parasatly we dana akyldarlar: «Baky bolmadyk, wagtlaýyn zada köňül berme» diýipdirler — diýdim .

Dostum maňa:

—Bolýar, onda näme edeli? Ýol görkez, näme edeýin? — diýip sorady.

Men onuň bu sözlerine :

—Gözleri röwşen edýän, köňül açýan we ruhlary özüne maýyl edýän «Gülüstan» atly bir kitap ýazjak. Ol kitabyň ýapraklaryna güýz şemaly degmesin, saralyp soldurmasyn. Dünýäniň aýlanmagy, pelegiň döwrany onuň bahar sapasyny güýzüň hazan ýeline öwürmesin — diýip, jogap berdim.

Tabak doly gülden ne peýda ýeter,

Gel, «Gülüstanymdan» bir sahypa tir.

Bäş-alty günlük gül soňy boşdur, Emma bu «Gülüstan» hemişe hoşdur.

Meniň bu sözlerimden soň dostum etegine ýygnan güllerini ýere dökdi we meniň ýanyma gelip: «Keremli ynsanlar sözlerinde durarlar we aýdan zatlaryny ýerine ýetirerler» diýdi .

Men hem birnäçe günüň içinde «adamlar bilen gowy gatnaşmak we geplemek edebi» hakda birnäçe bap ýazyp, arassa hata geçirdim. Men ony söz ussatlaryna peýdasy degsin we ýazyjylara nusga bolsun, olaryň suhangöýlügini hasam

artdyryp, has täsirli we çeper ýazmaklaryny üpjün etsin diýip, ýörite, aýratyn bir usul we tär ulanyp ýazdym.

Gepiň gysgasy, ol bossanlykda heniz bägül möwsümi gutarmanka, bägül heniz gül agajynda gülýärkä, Mennan bolan Allatagalanyň ýardamy bilen «Gülüstan» kitaby hem ýazylyp gutardy .

Gutardy diýipdim, emma hakykatda gutarmandy. Haçan bu kitap älem-jahan hökümdary, beýik şalar-şasy, ähli milletleriň hojaýyny, arap we ajam hökümdarlarynyň beýigi, deňizleriň we gury ýerleriň soltany, Süleýman tagtynyň mirasdüşeri, Allanyň ýerdäki saýasy, yslam dininiň we musulman ymmatynyň nury, Alla tarapyndan ýeňiş bilen berkidilen, zamananyň merdanasy, asudalyk we salamatlyk merkezi, hökmirowan döwletiň güýji bolan Atabeg Sagt ibn Zeňňiniň ogly Muzaffereddin Abubekr hezretleriniň şa nazarlaryna gowuşsa we ol merdana eserime gözüniň ujy bilen seretmek bagtyny maňa bagyş etse, şol mahal kitabym doly manyda gutaran hasaplanar.

Haktagala hökümdaryň we hormatly şazadanyň ykballaryny dowamly etsin, olaryň güýç-kuwwatlaryny artdyrsyn. Olaryň arzuwlaryny we isleglerini elmydama haýyrly, peýdaly we ýagşy işlere ugrukdyrsyn!

Bu kitabym nazaryna şanyň gowşaýsa, eger

Hytaý Nigärhanasy, Erženkiň suraty meger .

Ony okan mahalynda hiç gysmaz içi onuň ,

Gül-gülüstanlyk içinde gysarka içi kimiň ?

Mübärek Sagt ady hem öňde girişde bar-a,

Onuň özi gam-gussany dep edip gider hernä.

BEÝIK EMIR ABU NASR IBN FAHREDDIN ABUBEKR BARADA

)goý, Alla onuň ömrüni uzak we güýjüni zyýat etsin(!

Oý-pikirimiň bezemen gelni bolan bu eser siziň söýgüňize mynasyp bolýança, uýaljyrap başyny aşak salyp, gözlerini ýokary galdyryp bilmeýärdi. Umytsyz gözüni aýaklarynyň burnuna dikip, utanjyndan ýokary seredip bilenokdy. Ol gözelleriň arasyna goşulyp, özüni görkezmeýärdi. Eger alym, gujur-gaýratly, goldanylýan, ýeňiji, soltanlyk tagtynyň goldawy, ýurt we il bähbitli çäreleriň maslahatçysy, garyp-gasarlaryň penakäri, alymlaryň we ýagşyzadalaryň hemaýatkäri, abytlary söýýän, pars topragynda ýaşaýanlaryň buýsanç mydary, Soltanyň sag eli we onuň ynamyny gazanan, diniň we döwletiň guwanjy, musulmanlaryň we yslamyýetiň ýardamçysy beýik emir Abu Nasr ibn Fahreddin Abubekr hezretleri kabul etmek bilen bu eserimi zynatlandyrsa, diňe şonda «Gülüstan» özüni bezäp görkezer.

Goý, Haktagala ol hezrete uzak ömür bersin, at-abraýyny we derejesini has hem beýgeltsin, kalbyna giňlik bersin. Onuň sylag-hormatyny we sogabyny telim esse artdyrsyn. Sebäbi ol dünýäniň hökümdarlary tarapyndan hem ykrar edilendir. Ol ahlagy, gelip çykyşy, tanymallygy özünde jemleýän üýtgeşik şahsyýetdir.

Mähir-muhabbetine mynasyp bolan onuň ,

Gabahaty – tabynlyga, dosta öwrer duşmanyn.

Onuň ähli bendeleriniň we tarapdarlarynyň onuň öňünde beýik hyzmaty we wezipesi bardyr. Eger olar hyzmatlaryny we wezipelerini ýerine ýetirmek meselesinde az-kem ýaltalyk edip, gowşaklyk görkezseler, hökman olary ýanyna çagyryp, olara gatyrganar. Emma hak derwüşler munuň daşyndadyr. Olar hökümdarlaryň bu nygmatlaryna şükürdir minnetdarlyk bildirip, olary uly hormat bilen ýatlarlar, olara haýyr doga-dileg ederler. Derwüşler munuň ýaly hyzmaty we wezipäni olaryň ýanynda däl-de, olaryň ýok mahallary ýerine ýetirýändirler. Şeýle etmek has gowudyr. Sebäbi olaryň ýanynda doga-dileg etmek ryýa we ýasama bolar, çyn ýürekden bolmaz. Emma olaryň ýok mahaly edilen doga-dileg ryýadan we ýasamalykdan daşdadyr. Kabul boljak doga-dileg hem budur we beýle dogalar hökman kabul bolar.

Eneň dünýä inderip, begendirende ili,

Begenjinden göneldi pelegiň bükür bili .

Ýaradanyň ýaratmagy seniň kimin merdany,

Hikmet bilen rehmetdir, bezän gerdiş-gerdany.

Ýagşy ady gazanyp, ýaşap geçen erenler ,

Bakydyrlar elmydam, Hakdan emr berlendir .

Aýdylsyn, aýdylmasyn, Seniň adyň tarypy,

Asly gözel mätäç däl, bilýäris-ä taryhy ...

HYZMATYMYŇ KEMLIGI SEBÄPLI ÖTÜNÇ BEÝaNY WE ÝaLŇYZLYGY SAÝLAP ALMAGYMYŇ SEBÄBI

Beýik emiriň hyzmatyndaky kemçiligimiň sebäbini akyldar wezir Buzurgmehriň aýdan bir sözi bilen ýaňzytmak isleýärin.

Birnäçe hindi akyldarlary Buzurgmehriň ahlak-sypatlary barada özara gürrüň geçiripdirler. Netijede, onuň diňe şu kemçiligini tapypdyrlar :

—Ol örän saldamly, pikirlenip gepleýär we köp säginýär. Diňleýänler hem onuň sözüniň yzyny diňlejek bolup örän köp garaşýarlarmyş.

Buzuregmehr özi barada aýdylan bu sözleri eşidip :

» —Näme aýdarkam?» diýip öňünden pikirlenmek, «Näme üçin aýtdymkam?» diýip, soňundan ökünmekden ýegdir — diýipdir.

Tejribesi ýetik bir dana goja,

Diýmezinden ozal oýlanar ençe.

Açma oýlanmazdan agzyňy ozal,

Ne gam, giç sözleseň, sözlegin gözel.

Oýlanyp söz açýan, elmydam utar ,

»Gutar!» diýilmezden öňürti gutar.

Parhlydyr haýwandan sözde adamzat,

Sözüň düz bolmasa, mal senden zyýat.

Köp gürleme, bilip sözle diýjegiň,

Sowala jogapdyr munda goýjagyň.

Üstesine-de, beýik we paýhasly alymlaryň jemlenişen merkezi bolan beýik emiriň diwanynda söz sözlemäge nädip batyrgaýlyk edip bilerin? Bu süwümsizlik bolmazmy? Ol hormatly merdanaň ýanyna özümiň ähmiýetsiz zatlarymy getirdigim bolmazmy? Bu göwher satylýan tylla bazaryna gara şaýa degmeýän ýasama aýna monjuk getirmek ýaly zat bolar. Şem Güneşiň öňünde ýagtylyk bermez. Örän beýik bir minara hem Elwent dagynyň ýanynda örän pessejik görner.

Menlikden asmana dikenler gözi,

Gaýdar kelemenläp, başaşak göni.

Sagdy boýny buruk bir azadadyr,

Degilmez misgine bu bir kadadyr.

Ilki pikirlengin, soňra gürlegin ,

Ilki düýbün tutup, soň diwar örgün !

Menem bir gül bagbany, ýöne men gül bossanynda däl. Menem gözel, ýöne men Kenganda däl, ýagny Ýusup pygamber däl.

Hekaýat

Lukman Hekimden :

—Hikmeti kimden öwrendiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol :

—Hikmeti körlerden öwrendim. Sebäbi olar ellerindäki hasalary bilen barlap görmän ädim etmeýärler — diýipdir .

* * *

Sen hem bir ýere girmezden öň ol ýerden nädip çykjakdygyň barada pikirlengin. Öz ärligiň barada bilmeli zatlaryňy gowy öwren. Ondan soň öýlen. Ýogsa öýüňe gelin getirip, masgara bolaýma!

Polat penje horazyň garşysynda kim durar ,

Ýöne laçyn duş gelse, nädip oňa döş gerer ?

Pişik syçan ýanynda oňa özün şir saýar ,

Peleň görende, welin özi syçana döner.

Men özümiň ejizligime garamazdan, garamagyndakylaryň we golastynda işleýänleriň aýyplaryny aýdyp, olaryň ýüzlerine urmaýan we kemçiliklerini ýaýmaýan beýikleriň ahlak-sypatlaryna ynam bildirip, bu kitaba öňki

hökümdarlaryň ybratly kyssalaryndan birnäçe seýrek parçalary, Hekaýatlary, şygyrlary, gysgaldylan görnüşde ýazdym. Gymmatly ömrümiň bir bölegini hem bu işe sarp etdim. Ine, bu «Gülüstan» kitabynyň ýazylmagynyň sebäbidir. Üstünlik gazanmak we ýardam bermek Alladandyr.

Galar uzak ýyllar nyzamly bu söz,

Biziň her tozumyz ýiter bir ýerde.

Garaz, bir nagyşdyr bizden ýadygär,

Ömrüň bahasyny görmezem bir-de.

Bir gün alkyş aýdar, bir paýhasly är,

Rehim edip, biz misgine meger-de.

Men eseri ýazan mahalym kitabyň tertibinde we baplaryň düzülişinde sözi uzaltmadym. Gysga sözlemegi we az gürlemegi müwessa bildim. Şonuň üçinem, daragtlardyr suwy bol bolan bu gözel hem owadan görnüşli bossanlyk, ýadatmazlygy üçin jennete meňzedilip, sekiz bap görnüşinde düzüldi we gysga görnüşde beýan edildi .

Birinji bap. Hökümdarlaryň ýagşy gylyk-häsiýetleri hakda.

Ikinji bap. Derwüşleriň durmuşy hakda.

Üçünji bap. Kanagatyň pazylaty hakda.

Dördünji bap. Dymmagyň peýdalary hakda.

Bäşinji bap. Yşk we ýaşlyk hakda.

Altynjy bap. Garrylyk we ejizlik hakda. Edinji bap. Edep-terbiýäniň täsiri hakda.

Sekizinji bap. Söhbet etmek hakda.

Biziň wagtymyzyň çag bolan wagty,

Hijri ýyldan alty ýüz elli alty.

Myradymyz ile nesihat ýaýyp,

Gitmek galanyny Hudaýa goýup.

BIRINJI BAP

HÖKÜMDARLARYŇ ÝaGŞY GYLYK-HÄSIÝETLERI HAKDA

Hekaýat

Rowaýata görä, bir ýurduň hökümdary bigünä bir adamy ölüm jezasyna hököm edipdir. Bu biçäre ýesir hem özüniň öljegine gözi ýetensoň, öz dilinde ýaňky hökümdara sögüp hem gargynyp başlapdyr .

Bu barada gadymy akyldarlar: «Janyndan bizar bolan we ömründen umydyny üzen adam ýüregindäkini aýdyp, içini döker» diýipdirler.

It elinde wagty pişigiň haly,

Oňa hüjüm eder, çyksa-da jany.

Gutarsa umytlar, dil uzyn bolar ,

Ýürekdäki zatlar zybana geler.

Çykalga ýok, gaçmaga ýol gapyşar, El gylyjyň dessesine ýapyşar.

Onda ýaňky hökümdar :

—Bu ýesir näme diýýär, oňa näme boldy? — diýip sorapdyr.

Hökümdaryň hoşniýetli, dana bir weziri bar eken. Ol ýerinden turup :

—Kyblaýy älem! Ol Gurhany Kerimdäki: «Gahar-gazabyny ýuwdanlar we ynsanlaryň günälerini bagyşlanlar üçin jennet taýýarlanylandyr» diýen aýaty okaýar — diýip, jogap beripdir.

Hökümdaryň oňa rehimi inip, ony boşadyp goýberipdir. Ýaňky dana wezire içigara we görip bolan başga bir wezir bar eken. Ol hökümdaryň ýanyna gelip :

—Kyblaýy älem! Bize ýaraşjak zat hökümdarymyzyň öňünde ýalan sözlemän, diňe hakykaty aýtmakdyr. Bu ýesir size sögdi, gargady, paýyş sözleri aýtdy — diýip, bolan zady bolşy ýaly gürrüň beripdir. Emma bu ikinji weziriň sözleri hökümdaryň göwnüne ýaramandyr. Hökümdar onuň bu sözlerine :

—Onuň ýalan sözüni seniň dogry sözüňden has bähbitli hasaplaýaryn. Sebäbi onuň ýalany şu wagtky ýagdaýa diýseň laýyk gelýär. Onuň ýagşylyk we haýyr maksady bar, päli düzüw. Sende bolsa betpällik we betniýetlilik bar. Ýagşylyk barka, ýamanlyk nämä derkar? Öňden bäri aýdylyp gelinýän şu pähimli sözi eşitmediňmi? Öňküler: «Netijesi haýyrly işiň gowy görnüşde gutarmagy üçin aýdylan ýalan söz, netijesi erbet we pitne döredýän dogry sözden gowudyr» diýipdirler — diýip, jogap beripdir.

Hökümdaryň sala salýan adamy,

Bolmalydyr ulus-iliň danasy.

* * *

Gadym döwrüň hökümdary Peridunyň köşgüniň eýwanynda şu sözler ýazylypdyr :

Eý, dogan, bu dünýä hiç kime galmaz ,

Köňli Ýaradyja baglaman bolmaz .

Bu ýalan dünýäge bermegin köňül ,

Sen deýin müň kese dadyrdy ölüm .

Tagt üstünde jan ber, ýa toprak üste—

Parhy nä bu ömür – soňuna ýetse.

Hekaýat

Horasanly hökümdarlaryň biri Soltan Söbüktegin Mahmyt Gaznalyny ol öleninden ýüz ýyl soň düýşünde görüpdir. Onuň endam-jany çüýräp, topraga siňip gidenmiş. Diňe gözleri öňki ýerinde durup, eýläk-beýläk oýnaýan eken. Şol döwrüň düýş ýorujy alymlary bu düýşi ýorup bilmändirler. Diňe bir derwüş gelip, bu düýşi ýorup: «Onuň gözleriniň öňküsi ýaly açyk galmagynyň we eýläk-beýläk oýnap durmagynyň sebäbi, ol yzynda galan mal-mülküniň beýlekileriň elindedigine ýanýar, gynanýar» diýipdir.

Nije ärler ýatyr toprak astynda,

Olardan nyşan ýok ýeriň üstünde .

Topraga gömüldi Soltan Mahmydam,

Toprak iýdi, çekseň onuň ahmyryn .

Nowşirwanam teýinde bu zeminiň, Emma adyl ady ýaşaýar onuň .

Jar çekilmezden öň: «Pylany öldi,«!

Haýyr et, ganymat bilip bu ömri.

Hekaýat

Eşidişime görä, gysga boýly, betgelşik, ýöne örän akylly bir şazada bar eken. Onuň doganlary bolsa uzyn boýly, güleryüzli we görmegeý ekenler. Bir gün kakasy ýaňky şazada gyýa göz, ýigrenç we kemsidiji nazar bilen alarylyp seredipdir. Akylly şazada bada-bat nämäniň nämedigine göz ýetirip, kakasyna:

—Eý, atam! Akylly, emma gysga boýly kişi kemakyl we nadan uzyn boýludan has gowudyr. Her bir uzyn boýla tapawutly, beýlekilerden artyk diýmek bolmaz. Ynsanyň uzyn boýly bolmagy onuň gadyr-gymmatynyň artykdygyny aňlatmaz. Goýun eti halaldyr, emma pil eti haramdyr — diýipdir .

Tury Sina dagydyr daglaryň iň kiçisi ,

Emma ondan eziz däl Haka, daglaň hijisi.

* * *

Şuny eşitdiňmi, bir hor pähimdar,

Bir semiz samsyga diýen bir sapar.

»„Arap at hernäçe bolsa-da arryk,

Bir ýatak eşekden bir özi artyk .«

Hökümdar oglunyň bu hakykat sözlerine ýylgyrypdyr, wezir-wekiller hem örän şat bolupdyrlar. Emma doganlary muny göwünlerine alypdyrlar.

Eger dodagyny ýarmasa bir är,

Aýby hem hünäri bolmaz hiç äşgär.

Boşdur güman etme her bir tokaýy,

Belki-de içinde ýatan gaplaň bar!

Aýtmaklaryna görä, şol mahallar ol hökümdaryň güýçli bir duşmany bar eken. Bir günem ol duşman ýaňky hökümdara garşy söweş yglan edip, üstüne çozupdyr. Iki goşun garpyşanda, ilkinji bolup öňe çykan we okdurylyp, atyny meýdana süren hökümdaryň äsgermedik gysga boýly ogly bolupdyr. Ol şeýle diýen:

Ganly söweş içinde men däl men ýeňse beren,

Bir baş görseň, ol menem gum hem ganyň içinde.

Söweşde döwüşseň är, öz gany bilen oýnar ,

Goşunyň gany bilen oýnar, gaçan bir gende.

Şazada bu sözleri aýdyp bolansoň, duşmanyň goşunynyň üstüne hüjüm edip, duşmanyň serkerdeleriniň ençemesini öldüripdir. Soň kakasynyň ýanyna gelip, ýer öpüp, tagzym edip, şeýle diýipdir:

Boýumy pes görüp, syn eden kişi,

Ýogyny eý görüp, tutmagyn agyr.

Söweş güni gerek bili syk atlar,

Ýaraşmaz meýdana garynlak sygyr.

Ýöne duşman esgerleriniň sany diýseň köp eken. Bularyň sany bolsa örän az. Hatda esgerleriň bir bölegi gaçmaga başlapdyr. Şazada olara: «Eý, ýigitler! Güýjüňizi görkeziň, söweşiň ýa-da zenan lybasyny geýiň!» diýip, nagra urupdyr. Onuň bu sözleri atlylary galkyndyrypdyr. Olar duşmanyň üstüne

hüjüme geçipdirler. Eşidişime görä, olar şol gün duşmandan üstün çykypdyrlar. Duşman derbi-dagyn bolandan we ýeňiş gazanylandan soň şazada kakasynyň ýanyna gelipdir. Kakasy ogluny gören dessine onuň ýüz-gözünden ogşap gujaklapdyr. Şondan soň ogluny öz ýanyndan aýyrmandyr we özüniň mirasdüşeri edipdir .

Şazadanyň beýleki doganlary oňa göriplik edip, naharyna awy goşupdyrlar. Muny dälizden onuň gyz uýasy görüpdir we onuň penjiresini şarkyldadyp ýapypdyr. Şazada hem derrew nämäniň-nämedigine düşünüp: „«Paýhasly we hünärli adamlaryň ölüp, paýhassyz we hünärsiz kişileriň olaryň ýerini eýelemegi, bolup biljek zat däl» diýipdir we nahary iýmändir.

Hüwi saýasyna gelmez bir kişi,

Ýitse-de älemden humaý-bagt guşy.

Bu dildüwşük baradaky habar hökümdara baryp ýetipdir. Hökümdar hem beýleki ogullaryny çagyryp, olara mazaly temmi beripdir. Soň olaryň her haýsyna aýratyn bir şäher beripdir. Şeýdip pitne, dawa-jenjel, öýke-kine ýatyşypdyr. Şonuň üçinem «On derwüş bir kilimiň üstünde ýatyp biler, emma iki patyşa bir ülkä sygmaz» diýipdirler.

Bir döwüm nan tapsa Hak söen bende,

Bagyşlar ýaryny, görse bir derwüş.

Bir yklymy basyp alaýsa bir şa, Ýene bir yklyma eder ol teşwüş.

Hekaýat

Araplardan bir garakçy topar beýik bir dagyň başynda ýerleşip, geçýän kerwenleri talar eken. Ol töwerekdäki şäher ýaşaýjylary hem olaryň

zulumyndan ejir çekýän eken. Ol garakçylar bilen bütin ülkäniň goşuny uruşsa hem, olardan ýeňlipdir.

Garakçylar çykmasy örän kyn bir dagyň depesini özlerine mekan edinip, ol ýeri özlerine gala hökmünde tutunypdyrlar. Ol ýerdäki şäherleriň hökümdarlary bu garakçylaryň ýetirýän zyýanlaryny we berýän ezýetlerini dep etmek üçin maslahat geçirip: «Bular şu gidişine dowam etse has güýçlenerler, soň bular bize başartmaz, heniz doly güýçlenmänkäler, olaryň ýoguna ýanmak gerek» diýen netijä gelipdirler.

Ýerde ýaňy kök ýaýradan nahaly,

Är güýji goparar täze mahaly.

Eger goýsaň ýene bir ýyl tegelek,

Kökünden goparyp bilmez hem pelek.

Çeşmäni baglamak bolar pi:l bilen,

Dolup-daşsa, geçip bolmaz pil bilen.

Soň olar ol ýere birnäçe ýigidi gözegçi iberip, amatly pursata garaşyp ýatypdyrlar. Ýaňky garakçylar bir gün bir şäheriň üstüne çozupdyrlar. Olaryň yzy boşap galypdyr. Hälki gözegçiler hem derrew ýagdaýy habar beripdirler. Bular hem ençeme söweşleri gören, tejribeli we birnäçe edermen ýigitleri ol ýere iberipdirler. Bu ýigitler ol dagyň gowaklarynda gizlenipdirler. Agşam düşende ýaňky garakçylar ep-esli olja bilen yzlaryna gaýdyp gelipdirer. Olar ýanlaryndaky ýaraglaryny aýryp, getiren oljalaryny bir gyrada goýup, özleri hem örän ýadaw bolandyklary üçin uka gidipdirler. Olaryň ilkinji duşmany ukulary bolupdyr. Tegelek nan şekilli gün batyp, mazaly garaňky düşüp, garakçylar süýji uka batypdyrlar.

Garaňkydy, Günüň nury-da gitdi,

Ýunusy hem balyk agzyna atdy .

Hälki ýigitler bukulyp ýatan ýerlerinden çykyp, garakçylaryň ellerini daňyp, daňdan ir bilen patyşanyň ýanyna getiripdirler. Patyşa olaryň hemmesiniň kellesiniň kesilmegini emr edipdir. Olaryň arasynda heniz eňegine gyl bitmedik, bir ýaş ýigit bar eken. Ýaşlyk miwesi ýaňy düwüp, ýaňagynyň gülgün bagy ýaňy boý alan eken.

Patyşanyň ýanyndaky wezirleriň biri şa tagtynyň aýagyny öpüp, ýüzüni ýere salyp: «Bu çaga heniz durmuş agajyndan miwe dadyp görmedik, heniz dünýäniň nämedigine düşünmän, özüne-de, beýlekilere-de hiç hili peýdasy ýetmedik ýaş ýigit. Onuň bir çemçe ganynyň geçilmegini siziň jomart we keremli dergähiňizden haýyş edýärin» diýip, patyşadan rehim-şepagat etmegini sorapdyr.

Patyşa weziriň bu sözlerini makullamandyr we oňa şeýle diýipdir:

Ýagşylyk şuglasyn almaz,

Kimiň asly bolsa erbet.

Gupbada hoz goýmaklykdyr,

Bedasyla tälim bermek.

Iň gowusy bu hili adamlaryň neslini gyrmaly we yz-sorlaryny ýitirmeli. Bulary ýaşatmak ody söndürip, közüni goýmak we ýylany öldürip, çagasyny saklamak bilen deňdir. Bu bolsa akyla sygjak zat däldir we akyly ýerinde bolanlaryň etjek işleri däldir.

Söwüt pudagyndan iýmersiň iýmiş,

Aby haýat dökse, bulutlar eger.

Ömrüňi ötürme bir näkes bilen,

Boýra gamyşyndan iýmersiň şeker.

Wezir patyşanyň bu sözlerini diňläp, bialaç makullamaly bolupdyr. Ol patyşanyň bu pikirlerini tassyklap, oňa :

—Siziň aýdanlaryňyz dogry we hakykat. Bu ýaş ýigit bu garakçylar bilen bile ýaşasa, elbetde, ol hem bir garakçy bolup galardy. Emma eger ol gowy adamlaryň arasynda gezse, olaryň gowy edep-terbiýesini we gylyk-häsiýetini öwrenerdi. Ol heniz juwan. Garakçylaryň başbozarlygy we birehimligi heniz onuň ganyna siňmändir. Pygamberimizem bir hadysynda: «Dünýä inen her bir perzent hökman yslam tebigaty bilen dogýar. Soň ene-atasy sebäpli olar ýehudy, nasrany we otparaz bolýarlar» diýýär ahyry — diýipdir.

Lutuň aýaly erbetleň basan yzyn göterdi,

Pygamberlik nebereden mertebesin ýitirdi .

Eshaby kähfiň iti düşüp ýagşyň yzyna,

Ynsanlyk mertebesin alandyr ol özüne.

Weziriň bu aýdan sözlerini beýleki wezirler hem tassyklap, patyşadan şepagat diläpdirler. Ýigidiň günäsiniň geçilmegini sorap, wezire goldaw beripdirler. Patyşa hem ahyry olara: «Siziň bu aýdýanlaryňyzy makul görmeýärin, ýöne siziň haýyşyňyz üçin ol ýigidi bagyşladym» diýipdir.

Zal ogly Rüsteme ne diýmiş gowy,

Biçäre saýmagyn hiç mahal — ýowy.

Kän gördük, köpelip suwy çeşmäniň,

Apardy mal bilen ýükün nijäniň.

Elgaraz, wezir ol çagany öýüne alyp gidipdir. Oňa edep-terbiýe bermek üçin ýörite bir mugallym belläpdir. Mugallym oňa çeper sözlemegi, çeper jogap bermegi, ýüzlenmegi we patyşanyň gaşynda edilmeli beýleki dessurlary-da öwredipdir. Ol çaga ussat bolup ýetişip, ulularyň nazaryna ilipdir.

Günlerde bir gün wezir patyşanyň ýanynda ýaňky ýigidi öwüp :

—Akylly kişileriň edep-terbiýesi oňa siňdi, onuň öňki nadanlygy aradan aýrylyp, hiç hili nam-nyşan galmady — diýipdir.

Patyşa weziriň bu sözlerine ýylgyryp, şeýle diýipdir:

Gurt çagasy gurt bolýandyr her ýerde,

Ulalsa hem adam bilen bir ýerde.

Aradan iki ýyl geçipdir, çaga hem ulalypdyr. Mähelledäki birnäçe biýedep kişiler onuň ýanyna ýakynlaşyp, onuň bilen dostlaşypdyr. Ol hem bularyň hataryna goşulypdyr. Bir günem pursat tapyp, weziri we onuň iki ogluny bilelikde öldüripdir. Köp möçberde mal-mülk alyp gidip, garakçylaryň gowagyna baryp, kakasynyň ýerine geçip, patyşa garşy aýaga galypdyr. Hökümdar bu ýagdaýa geň galyp, barmagyny dişläp, şeýle diýipdir:

Kim ýasapdyr gylyjyň gowsun, erbet demirden,

Hiç düzelmez bedasyl, eý, hekim, terbiýeden.

Gar-ýagmyryň haýry köp, ýöne gürrüň bar bärde,

Läle gögerder bagda çör-çöp bitir şor ýerde.

* * *

Şor zemin gögertmez bugdaý-sümbüli,

Sepen tohmuň bary biderek bolar.

Eger ýamanlara ýagşylyk etseň,

Ýagşylara erbet etdigiň bolar.

Hekaýat

Men soltan Ogulmyşyň köşgünde bir goşunbaşynyň ogluny gördüm. Akyly we zehini, düşünjesi we düşbüligi bilen diýseň ajaýyp ýigitdi. Näçe wasp edilse-de azdy. Ýaşy kiçi bolsa-da, alnynda beýiklik alamatlary görünýärdi.

Başynda bolansoň akyl – nur-ýagty,

Üstünde ýyldyz dek parlaýar bagty.

Elgaraz, ol ýaşy kiçi bolsa-da ugurtapyjylygy, jemallyk hem kemallyk taýdan kämilligi bilen soltanyň ünsüni özüne çekdi. Patyşa oňa uly üns berip, öz ýanyna aldy. Gadymy akyldarlar: «Baýlyk mal-mülk bilen däl, paýhas we hünär bilen gelýändir. Akyl ýaşda däl, başda bolar» diýipdirler.

Ýaňky ýigide onuň dost-ýarlary we deň-duşlary görübilmezçilik etdiler. Oňa haýyn diýip, töhmet atdylar we onuň öldürilmegi üçin peýdasyz ýere güýç-gaýrat sarp etdiler .

* * *

Dost mähriban hem çyn ýürekden wepaly bolsa, duşman näme edip biler!?

* * *

Soltan hem ol ýigitden:

—Olaryň saňa bu duşmançylygynyň sebäbi nämedir? — diýip sorapdyr .

Goşunbaşynyň ogly hem oňa :

—Patyşanyň döwlet saýasynda (saýasy dowamly bolsun!) hemmeleri özümden razy etdim. Diňe göripleri razy edip bilmedim. Göripler diňe iki zatdan, meniň bagtyýarlygymyň we siziň soltanlygyňyzyň ahyr bolmagyndan razydylar. Olar

iki zady, ýagny meniň bagtyýarlygymy we siziň soltanlygyňyzy islemeýärler. Göripliüleriniň sebäbi hem bu ýagdaýdyr — diýip, jogap beripdir.

Başarýaryn degmezligi ynsanlaryň göwnüne, Men neýläýin göribe, içi azapdan doly. Ölüp gutul, eý, bahyl, bu bir şeýle keseldir,

Ýok ondan gutulmagyň ölümden başga ýoly.

* * *

Bagtynyň ýatmagy bir döwletliniň,

Bidöwletiň dilleriniň senasy.

Ýarganadyň gözi görmese gündiz,

Kuýaş çeşmesiniň nädir günäsi?

Bir Gün garalandan şeýle müň gözüň,

Gowy kör bolany, aksa garasy.

Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Ajam hökümdarlarynyň biri halkyň malyna talaňçylyk elini uzadypdyr, halka ezet, jebir-jepa bermäge başlapdyr .

Onuň bu zulumy şeýle derejä baryp ýetipdir welin, ilat ýurtdan göçüp, ýat illere gitmäge başlapdyr. Halaýyk azalansoň, elbetde, welaýatyň ösüşine zyýan ýetipdir, girdeji hem azalypdyr. Hazyna boşap, ülke at-abraýdan gaçypdyr. Hökümdaryň kuwwaty peselip, duşmanlar güýçlenipdir.

Ger kyn günde gözleýän bolsaň dosty,

Gurplykaň sahy bol, diýsem rasty.

Gulagy halkaly guluň başyny,

Sypalap bilmeseň, taşlar ol seni.

Eger şeýtseň kesekiler, muny bil,

Bolar saňa gulagy halkaly gul.

Bir gün mejlisde ýaňky hökümdara Firdöwsiniň «Şanama» eserini okap beripdirler. Haçanda «Zahhagyň döwrüniň tamalanyp, Peridunyň döwrüniň başlanyşy» atly dessana ýetende, wezir hökümdardan :

—Bilip bilemok, Peridunyň hazynasy, mal-mülki, gullary, goşuny, köşgi ýokdy. Ol nädip hökümdar bolduka? — diýip sorapdyr .

Hökümdar hem wezirine:

—Sen muny öň eşidensiň, halk oňa hemmetaraplaýyn tabyn bolup, ony goldaýar we güýçlendirýär. Şeýdip, ol hökümdarlyga ýetýär — diýip, jogap beripdir .

Weziri hem oňa :

—Eý, şa! Eger halk köpçüliginiň goldawy hökümdar üçin güýç bolup durýan bolsa, onda sen näme üçin halky — bu güýji dargadýarsyň? Ýa-da sen hökümdar bolmak we hökümdarlyk etmek islemeýärmiň? — diýipdir.

Goşuny jandan söý, besle-de, bejer,

Soltan goşun bilen soltanlyk eder.

Onda hökümdar wezirden :

—Menden köňli sowan halkyň we esgerleriň, goşunyň we milletiň daşyma jemlenmegi üçin men näme etmeli? — diýip sorapdyr .

Wezir hem oňa :

—Patyşa üçin iki zat gerek. Biri adalatly bolup, halky özüne ynandyrmaly, ysnyşdyrmaly. Ikinjisi bolsa, halk onuň saýasynda asuda-rahat ýaşar ýaly merhemetli bolmaly. Sende bolsa bularyň ikisi hem ýok — diýip, jogap beripdir.

Şalyk edebilmez ülkäni çapan,

Möjekden hiç bolmaz sürige çopan.

Bolsa şa zulumyň binasyn söer ,

Ol öz diwarynyň düýbüni köwer.

Özüne öwüt-nesihat eden weziriň öwüdi hökümdara ýaramansoň, ol ony zyndana taşladypdyr. Köp wagt geçmänkä, hökümdaryň doganoglanlary onuň bilen hökümdarlyk dawasyny tutup, kakalarynyň mal-mülküni talap etmäge başlapdyrlar. Hökümdarlyk dawasyny tutýan doganoglanlary uly bir goşun jemläpdirler. Hökümdaryň zulmundan ýadan, onuň jebir-jepasyndan bizar bolan dagynyk halk hem hökümdaryň garşydaşlarynyň tarapyna geçip, olaryň daşyna jem bolupdyrlar. Elgaraz, hökümdaryň garşydaşlary söweşde we dawada ýeňipdir. Ýurdy we hökümdarlygy öz ellerine alypdyrlar. Hälki hökümdaryň hökmirowanlygy bolsa, şeýdip elinden gidipdir.

Golastyndaky ile zulum eden soltanyň,

Ýowuz günde ýoldaşy ýowuň goşun silidir.

Raýata ýaran bol, amanda bol duşmandan,

Ýow güni adyl şaha goşun – tutuş ilidir.

Hekaýat

Hökümdarlaryň biri bir gezek täze satyn alan bir ajamly guly bilen gämä münüpdir. Gul ömründe gämä münüp görmän eken. Onuň ilkinji gezek gämä münüşi eken. Gämide ýüzmegiň hem özüne görä käbir muşakgatlary bolýar, oňa hem döz gelmek gerek. Ýaňky gul öň ýüzüp görmändigi üçin endam-jany titräp, aglamaga başlapdyr. Ony köşeşdirjek bolupdyrlar, emma hiç-hili netije bermändir. Muňa patyşanyň keýpi gaçypdyr. Hiç kim çäre tapyp bilmändir. Gämide bir akyldar bar eken. Ol hökümdara:

—Eger rugsat berseňiz, men ony köşeşdireýin – diýipdir .

Hökümdar:

—Örän merhemet etdigiň bolar, saňa rugsatdyr – diýipdir.

Ýaňky akyldar ol guly deňziň içine zyňdyrypdyr. Gul birnäçe gezek suwa çümüp çykypdyr. Soň bolsa iki eli bilen gämiden ýapyşypdyr. Onuň saçyndan tutup, ýene-de gämä alypdyrlar. Mundan soň ol bir burçda sessiz-üýnsiz oturypdyr. Hökümdar akyldaryň bu eden işine göwni ýetip, ondan:

—Bu işde neneňsi hikmet bar? — diýip sorapdyr.

Akyldar hem oňa:

—Gul öň suwda gark bolup görmändigi üçin gäminiň içindäki salamatlygyň gadyr-gymmatyny bilmeýärdi — diýip, jogap beripdir.

Ine, parahatlyk, bagt we saglyk hem şeýledir. Asuda, parahat durmuşda ýaşaýan, bagtyýar adam bir bela duçar bolýança, parahatçylygyň we bagtyýarlygyň gadryny bilmez. Ynsan hassalamasa, saglygyň gadryny hem bilmez.

Eý, garny dok! Sen arpa çöregin halamaýaň ,

Seniň halamaýanyň, meniň küýseýän närsäm.

Jennetilere Agraf dowzah görüner ,

Dowzahylara Agraf jennetdir bilseň.

* * *

Eger bolsa kişiniň goltugynda mährem ýar,

Gapa dikip gözlerin garaşýandan parhy bar.

Hekaýat

Hökümdar Hurmuzdan :

—Sen kakaň wezirlerinden nähili erbetlik gördüň? Näme üçin olaryň ellerini daňyp, zyndana saldyň? — diýip sorapdyrlar.

Onda Hurmuz:

—Men olardan zyndana salynmaklaryna sebäp bolar ýaly erbetlik görmedim. Men olaryň özümden gorkýandyklaryny gördüm. Meniň aýdýan sözlerime olar hiç ynanmaýardylar we maňa ynam bildirmeýärdiler. Olaryň bu gorkulary sebäpli meniň janyma kast etmeklerinden gorkdum. Men akylly we hikmetli ynsanlaryň aýdyşlary ýaly hereket etdim. Olar şeýle diýipdirler:

Eý, Hekim, özüňden gorkýanlardan gork ,

Olar dek ýüz äre ýetse-de güýjüň.

Ýylan neçün çopan aýagyn çakýar?

»„Başym ezer» diýip, gorkýany üçin .

Görmeýäňmi pişik ejizlän wagty,

Penje bilen oýýar peleňiň gözün.

Hekaýat

Bir arap hökümdary garrap, halys tapdan düşüpdir. Üstesine-de, kesellänsoň, janyndan umyt üzüpdir. Şol günleriň birinde bir çapar buşluk habaryny getirip, hökümdara:

—Siziň alyhezretleriňize buşluk getirdim. Pylan galany eýeledik. Duşmanlar ýesir alyndy. Ol ýerdäki raýatlar we esgerler hojaýynymyzyň emirlerine doly tabyn boldular — diýipdir.

Hökümdar muny eşidip, bir ah çekip :

—Bu buşluk maňa däl, meniň duşmanlaryma, ýagny mirasdüşerlerime degişlidir —diýipdir.

Ýüregimde beslän arzuw-hyýalym ,

Işigmiň öňüne ýakynlap geldi .

Köen arzuwlarym hasyl bolsa-da,

Peýdasy nä ömür paýawlap galdy .

* * *

Ajal çaldy dünýäden göç depregin,

Iki didäm, başym bilen hoşlaşyň .

Eý, meniň owujym, elim-gollarym ,

Indi bir-birleriňiz bilen hoşlaşyň .

Men biçäre boldum, begendi duşman ,

Eýa dostlar, men dünýäden geçerin .

Nadanlykda geçdi durmuşym, ömrüm,

Ýöne siz daş duruň mundan çekinip.

Hekaýat

Men bir gezek dünýä işlerinden el çekip, Ýahýa pygamberiň Şamdaky «Emewi» metjidindäki gubrunyň ýanynda tagat-ybadata çekildim. Şol wagt ynsapsyzlygy bilen meşhur bolan bir arap emiri hem gubura zyýarata geldi. Namaz okady we Allatagaladan doga-dileg etdi.

Baýlaram, derwüşem bu gapa bende

Baý bolanlar mätäç muňa hasam-da.

Soň ol maňa öwrülip :

—Derwüşler hümmetli ynsanlardyr. Olar işlerini sydky-yhlas bilen ýerine ýetirýärdiler. Olar Allatagala has ýakyndyrlar. Ugur alar ýaly meniň üçin çyn ýürekden öwüt berip, hümmet etseňiz ýagşydyr. Şonda men hemişe onuň bilen bile ýoldaş bolaryn. Ol hümmeti elmydama ýanymda götererin. Çünki meniň güýçli duşmanym bar, ondan çekinýärin — diýdi.

Men hem oňa:

—Zor duşman saňa zyýan bermez ýaly, sen ejiz halka merhemetli bolgun — diýdim.

Kuwwatly gollar bilen, güýçli penjeler bilen,

Misgin barmagyn döwmek hem hata hem azardyr.

Gorky etmez geljekden ejizlere haýyrsyz,

Golun tutan tapylmaz ýykylsa, il bizardyr.

Ýamanlyk tohmun ekip, ýagşylyga garaşan,

Bir boş höwese hemra, akmak hyýala ýardyr.

Al gulakdan tagmany, ýetiş iliň dadyna,

Adalatly bolmasaň, adalatly gün bardyr.

* * *

Bir-biriniň synasydyr adamzat,

Bary bir göwherden ýaradalan zat.

Zamana bir syna berse azary,

Beýleki synalar tapmaz karary.

Bolsaň sen özgeler gamlyka bigam,

Ýaraşmaz adyňa dakynmak adam .

Hekaýat

Bir gezek Bagdatda doga-dilegi kabul bolýan bir derwüş peýda bolupdyr. Zalym Hajjaç muny eşidip, ony ýanyna çagyryp:

—Meniň üçin haýry-doga et — diýipdir.

Onda derwüş :

—Eý, perwerdigär! Bu adamyň janyny al — diýip, dileg edipdir.

Hajjaç ondan:

—Eý, Hudaý! Seniň bu edýän dilegiň näme? — diýip sorapdyr.

Onda derwüş:

—Bu hem seniň üçin, hem-de ähli musulmanlar üçin iň haýyrly dogadyr — diýip, jogap beripdir .

Ejizlere ganym, eý, güýçli zalym,

Mydam gyzyp durmaz bu bazar, mälim.

Ne peýda bolmakdan ülkäniň hany,

Ölen ýagşy horlamakdan ynsany.

Hekaýat

Zalym patyşa bir dindardan:

—Ybadatlaryň içinde iň köp sogaplysy haýsy? — diýip sorapdyr.

Onda dindar oňa:

—Ýarym günläp, ýagny säherden tä öýläne çenli ýatmagyň seniň üçin iň haýyrly sogapdyr. Sebäbi sen ukuda mahalyň raýata zulumyň we jebir-jepaň ýetmeýär — diýip, jogap beripdir.

Günortana çenli ýatyr bir zalym,

Diýdim: «Pitnedir bu, ýatany ýagşy.«

Ýatyrka ýeg bolsa oýalygyndan,

Beýle pes ömürden öteni ýagşy.

Hekaýat

Eşidişime görä, bir patyşa bir gije daňa çenli şerap içipdir. Ol şeýle bir serhoş bolupdyr welin, şeýle diýip hiňlenermiş:

–Biziň üçin dünýäde şu demden hoş mahal ýok ,

Ýagşy-ýamandan gaýgy, hiç kimden gam, sähel ýok.

Şol mahal gyş möwsümi bolup, howa sowuk eken. Daşarda hem ýarym-ýalaňaç bir derwüş ýatan eken. Serhoş patyşanyň bu sözlerini eşiden derwüş oňa şeýle diýipdir:

–Hawa, görýän dünýäde senden bagtly kişi ýok ,

Gamyň ýok, gamymyzdan onuň asla işi ýok .

Derwüşiň bu sözi göwnüne ýaran hökümdar içinde müň dinar bolan bir haltajygy penjireden daşary uzadyp, derwüşe:

—Etegiňi tut — diýipdir.

Derwüş:

—Etegimi tutar ýaly eşigim ýok — diýensoň, patyşanyň oňa rehimi inip, puluň ýany bilen oňa bir laý egin-eşik hem iberipdir.

Ýaňky derwüş az wagtyň içinde pullary harçlap, ýene-de tamakinlik bilen dergähe gelipdir.

Derwüşleriň elinde asla durmaz parça, mal,

Aşykda sabyr bolmaz, suwy saklamaz gurbal.

Derwüş ikinji gezek gelende, patyşanyň ony kabul eder ýaly wagty bolmandyr. Köşkdäkiler derwüşiň gelendigini habar beripdirler. Ýöne hökümdar oňa üns bermändir. Bu ýagdaýy tebigy hasaplamalydyr. Sebäbi akyldarlar we alymlar bu barada: «Hökümdarlar wagtlarynyň köpüsini ýurt bähbitli işler üçin meşgullanýarlar we garamaýak halk tarapyndan „"ýönekeý" işler üçin özleriniň wagtlarynyň alynmagyna gaharlanýarlar» diýipdirler.

Gelmese her kişi tüýs laýyk wagty ,

Oňa nesip bolmaz şanyň nygmaty. Ýerin bilip gürlemeseň bil muny,

Bihuda söz gaçyr gadyr-gymmaty.

Patyşa oňa :

—Şonça puly şeýle gysga möhletiň içinde sarp eden ol bihaýa we isripçi dilegçini kowup, daşary çykaryň. Ol näme döwletiň we milletiň hazynasynyň hakyky garyp-gasarlaryň we mätäçleriň hakydygyny bilmeýärmi? Hazyna şeýtan bilen dogan bolan onuň ýaly mes adamlaryň agyzdyrygy we sowalgasy däldir — diýipdir.

Gündiziň ak gününde gymmatbaha şem ýakan,

Çyrasyna ýag tapmaz soň agşamda hiç haçan.

Öwüt bermäge ygtyýarly wezirleriň biri hökümdara garap şeýle diýenmiş: «Eý, kyblaýy älem! Meniň pikirime görä, iň dogrusy munuň ýalylaryň iýjek-içjegini günde berip durmakdyr. Şonda olar isrip edip bilmezler. Siziň aýdyşyňyz ýaly ony kowup goýbermegi makul hasaplamaýaryn. Munuň ýaly jeza, ýagny birine öňürti haýyr-ynsan edip umyt döredip, soňra bolsa umytsyzlyga düşürmek, hiç zat bermezlik hümmetli kişilere ýaraşmaz.«

Ilki yhsan edip, kimdir birine,

Tamakin etmegin hergiz özüňe.

Sahylyk gapysyn açaňdan soňra ,

Hyýrsyzlyk garasyn sürtme ýüzüňe.

* * *

Hiç kişi Hijazyň teşneleriniň ,

Şor suwuň başyna üýşenin görmez .

Nirede bal suwly çeşme bar bolsa ,

Ynsan, guş-gumursy tiz üýşer, durmaz.

* * *

Guş-gumry däneli mekana gider ,

Hiç bir zat ýok ýere gitmezler meger.

Hekaýat

Gadymy eýýamda bir patyşa mal-mülküni gysganyp, goşunyň hajatlaryna sowmaýandygy üçin esgerler agyr kynçylyk çekip başlapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen ol bir güýçli duşman bilen ýüzbe-ýüz bolupdyr, emma goşun ondan ýüz öwrüpdir.

Şa esgerden pulun gaýgyrmaz eger, Esgerem oň üçin janyny berer.

Mydama horlukda ah çekse esger,

Gylyja el urmaz jeň güni meger.

Hökümdaryna haýynlyk we biwepalyk eden esgerleriň biri meniň dostumdy. Men onuň bu eden işini ýazgaryp, kötekledim hem-de oňa:

—Biraz wagtlyk işiň oňuna bolmandygy sebäpli hojaýynyňdan ýüz öwürmek, ençe ýyllap iýen duzuň hakyny ödemezlik binamyslykdyr, peslikdir. Özüni beýle alyp barýan, şükür etmeýän we minnetdarlyk bildirmeýän kişi binamys we bihepbe adamdyr — diýdim. Esger bolsa maňa:

—Eger hakykaty aýtsam, meniňkini dogry hasaplarsyň. Bir gezek mätäçlikden ýaňa atym arpasyz galypdy. Atymyň eýerini hem girewine goýupdym. Eger hökümdar esgerine pul meselesinde gysganç bolsa, esger hem jany-teni bilen oňa tabyn bolmaz we onuň ýolunda janyny pida etmez — diýip jogap berdi.

Sen esgere altyn ber, deregine baş berer,

Eger hakyn bermeseň başyny alar gider .

* * *

Eger garny dok bolsa, bolar batyr, haýbatly ,

Eger aç bolsa garny yzyna gaçar batly.

Hekaýat

Bir wezir wezirlikden boşadylansoň, derwüşleriň arasyna goşulypdyr. Derwüşleriň özara gürrüň-söhbetleri we dünýä-garaýyşlary bu boşadylan wezire uly täsir edipdir. Ol örän göwnihoş we keýpikök halda ýaşamaga başlapdyr.

Günlerde bir gün hökümdar ony ýene-de öňki wezipesine çagyrypdyr. Ýöne wezir hökümdaryň özi baradaky bu pikirine minnetdarlyk hem bildirmändir,

wezipesini hem kabul etmändir. Patyşa ondan munuň sebäbini soranda, ol: „”Akyldarlaryň gaşynda erkinlik bir zada meşgul (bagly) bolmakdan gowudyr” diýipdir.

Bir kenara çekilip, erkinlige ýetenler ,

Itiň dişin döwendir, iliň agzyn ýygandyr.

Kagyzlaryn ýyrtandyr, galamlaryn döwendir.

Gybatkeşiň dillerinden, baky halas bolandyr.

Ýaňky wezir wezipäni kabul etmänsoň patyşa ondan:

—Bolýar, ýöne bize hem ýurduň işlerini ýöretmek we halka bähbitli zerur çäreleri görmek üçin akylly-paýhasly bir adam gerek. Siz bize kimi maslahat berýärsiňiz? — diýip sorapdyr.

Wezir hem oňa:

—Akylly, paýhasly adamyň nyşany şudur, ol beýle işe baş goşmaz we wezipe kabul etmez — diýip, jogap beripdir.

Humaý guşy näme üçin özgelerden üýtgeşik ?

Janla azar bermeýär, iýýäni oň diňe süňk .

Hekaýat

Garagulakdan:

—Sen näme üçin ýolbars bilen dil tapyşmagy ygtyýar etdiň? Elmydama onuň yzynda gezýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Onuň awundan artanlaryny iýýärin we onuň ägirtliginiň saýasynda duşmanlaryň şerinden aman-esen ýaşaýaryn — diýip, jogap beripdir. Ýene-de oňa:

—Bolýar, eger sen onuň hemaýat saýasynda ýaşap, onuň goragynda gün görýän bolsaň, onda näme üçin oňa has-da ýakynlaşmaýarsyň? Näme üçin onuň ýakyn dostlarynyň biri bolmaýarsyň? Eger onuň edýän kömeklerine minnetdar bolsaň, oňa has ýakynlaş. Ol hem seni jan ýaly dosty we ýakyn egindeşi hökmünde kabul eder. Sen hem onuň gözüne has gowy görnersiň — diýipdirler .

Garagulak hem olaryň bu sözlerine:

—Siziň aýdýanyňyz dogry. Ýöne şol derejede men onuň gahar-gazabyndan hem çekinýärin — diýip, jogap beripdir.

Otparaz eger ýüz ýyl ody söndürmän ýaksa ,

Ot ony şol dem ýakar, eger ol oda gaçsa.

Patyşa ýakyn adam kämahal ondan altyn alsa-da, tötänden kellesinden jyda düşmegi hem ahmal. Akyldarlar bu barada: «Patyşalar günde bir hilidir. Gylyk-häsiýetleri we tebigatlary häli-şindi üýtgär durar. Mundan seresap bolmaly. Sebäbi kämahal salam berseňem ynjar, kämahal bolsa, ýazgarsaňam sowgat bererler. Hoşwagt bolmak, süýjidillilik we göwün götermek nedimlerdir masgarabazlar üçin hünärdir, emma akyldarlar we alymlar üçin aýypdyr» diýipdirler.

Gadyr-gymmatyň bil, abraýyň sakla ,

Oýun-degişmäni masgara taşla.

Hekaýat

Öz ykbalyndan närazy bolan bir tanşym ýanyma gelip şeýle diýdi :

—Bagtym maňa ýar bolanok. Maşgalam hem köp. Girdejim az, gazanjym ýetmeýär. Gün-güzeranymy örän agyr dolandyrýaryn. Çydap bilemok. Hiç kimiň meniň ýagşy-ýamanymy we neneňsi ýaşaýandygymy bilmezi ýaly, telim gezek ýat ýurtlara gitmegi we ol ýerlerde ýaşamagy niýet etdim .

Ýat ýurtlarda aç ýatar, kimdigin kişi bilmez,

Jan lebine gelse-de, hiç kim oňa aglamaz.

–Ýöne meni bir zat biynjalyk edýär. Ol hem duşmanlarymyň şatlanmaklaryndan we meni garalamaklaryndan çekinýärin. Olar meniň üstümden gülerler, meniň maşgalam baradaky edýän tagallamy ynsapsyzlyga syrykdyrarlar. Men bilýärin olar şeýle diýerler:

Seretme ol naýynsabyň ýüzüne,

Hergiz görmez bagtyýarlyk ýüzüni.

Maşgalasyn kynçylyga oklaýar, Ýeňil ýere çekýär ýöne özüni.

–Men hasap işlerinden, hasap-hesipden baş çykarýaryn. Siz bolsa örän hormatly adam. Eger siz maslahat berseňiz we maňa bir işjagaz berilse, arkaýyn ýaşardym we galan ömrüm saňa minnetdar bolardym.

Men oňa:

—Eý, dostum! Döwlet işlerinde iki sany zat bar: Biri çörek umydy, ýene biri bolsa jan howpy. Çörek umydy bilen jan howpuna düşmek dananyň işi däl — diýdim.

»„Ýeriň, bagyň salgydyny ber» diýip,

Kişi gelmez derwüşleriň öýüne.

Ýa şu gam-gussaňa razy bolgun,

Ýa jigeriň goýgun gargaň öňüne.

Onda dostum maňa :

—Dogry, emma sen maňa laýyk bolan hiç zat aýtmadyň ahyry. Seniň bu aýdanlaryň meniň teklibime jogap däl — diýdi.

Il arasynda şeýle bir gürrüň bar: «Her kim hyýanat etse, syrty hasap okamakdan titrär.«

Dogruçyllyk gazandyrar Ýaradanyň ryzasyn ,

Dogry ýoldan ýöräniň hiç kim görmez a:zanyn.

Akyldarlar we parasatlylar şeýle diýipdirler :

–Dört kişi dört kişiden gorkar we çekiner:

Garakçy patyşadan;

Ogry garawuldan;

Bozuk gybatçydan ;

Zynahor ýasawuldan.

Hasaby dürs bolan adam hasaplaşykdan, barlagdan we derňewden heý gorkarmy?

Ýüz görjülik etmegin amalda sen hiç haçan,

Şonda göterlen wagtyň duşman haly bolar teň.

Sen päk bolgun, ak bolgun, gorkma dogan, kişiden,

Kirlän eşik mydama urlup ýuwulýar bilseň.

Men dostuma :

—Seniň halyňa tilki bilen baglanyşykly bir hekaýat tüýs meňzeýär — diýip, oňa şu hekaýaty gürrüň berdim:

–Bir gezek bir tilkiniň ýykylyp-sürşüp, ylgap barýandygyny görüp:

—Saňa näme bolýar? Başyňa bir bela indimi? Näme üçin beýle gorkup gaçyp barýarsyň? — diýip sorapdyrlar.

Onda tilki:

—Meniň eşidişime görä, ähli düeleri mejbury bir iş üçin ýygnaýarmyşlar — diýip, jogap beripdir.

Onda oňa:

—Eý, samsyjak! Mundan saňa näme zyýan bar? Düe bilen seniň näme baglanyşygyň bar? Sen bir tilki, düýä meňzeýän ýeriň ýok ahyry — diýipdirler.

Tilki:

—Ýuwaş, sesiňizi çykarmaň. Birden görip adamlar erbet pälleri bilen «bu düedir» diýip, meni tutarlar. Soň kim meni halas eder, kimiň ýadyna düşerin. Kim meni gözlär, kim idär? Düe däldigimi kim subut eder? Yrakdan tirýak gelýänçä, ýylan çakan adam öler gider — diýipdir.

Men soň hökümdaryň diwanynda iş gözleýän dostuma şeýle diýdim :

—Sen atly-abraýly, arassa, dürs, ynamdar we dindar adam. Ýöne unutma, göripler hem gizlenip ýatandyrlar. Garşydaşlaryň bir burçdan seni synlarlar, seni bolşuň ýaly däl-de, sende bolmadyk zatlar bilen tanadarlar we görkezerler. Olar seni patyşanyň ýanyna eltip, seni sorag-sowalyň öňüne taşlarlar. Patyşa hem saňa gaharlanar, käýär. Şol mahal kim seniň tarapyňy çalyp gürlär? Şonuň üçinem, iň gowusy sen bu ýagdaýyňa kanagat et, ulalmak, beýgelmek, baradaky pikirleriňi taşla.

Peýdaly tarapy köpdür, eger bilseň deňiziň ,

Ýöne welin salamatlyk kenaryndadyr onuň.

Dostum menden bu sözleri eşidensoň gaharlanyp öýkeledi. Maňa gaharly sözler aýtdy :

—Bu nähili düşünje? Bu nähili akyl-paýhas? Akyldarlar ýöne ýere: «Dostlar zyndanda işe ýaraýandyr. Dostluk diňe şonda belli bolýar. Saçak başynda duşmanlar hem dost görnerler» diýmändirlermi ahyry? — diýdi.

Dost saýma gurplukaň, nygmat öňünde,

Lap ursalar, diýip: „"Dost-u ýaryň men."

Kyn günüňde, haly perişan wagtyň,

Hakyky dost bolar eliňden çeken.

Ýöne görsem, ol maňa gaharly, öýkeli we meniň nesihatymy erbetlige ýorýar. Men hem aram saz bolansoň sahyp diwanyň-weziriň ýanyna gitdim, ýagdaýy oňa gürrüň berdim. Dostum üçin bir wezipe berdiler. Aradan ep-esli wagt geçensoň, onuň ukyplylygyny we yhlasyny görüp, wezipesini biraz beýgeltdiler. Onuň bagtyýarlyk ýyldyzy şeýle bir parlady we beýgeldi welin ol tä, wezirlige çenli baryp ýetdi.

Hökümdaryň iň ýakyn adamsy boldy. Barmak bilen görkezilýänleriň birine öwrüldi. Emirleriň we beýleki wezir-wekilleriň ynamyna girdi.

Men onuň bu beýgelişine çäksiz begendim we şeýle diýdim:

Agyr işden oýlanyp,köňlüňi gamly tutma,

Sebäbi aby-haýat bolar diňe zulmatda.

Gaýga atma başyňy kyn iş düşen mahaly ,

Sebäp Taňrynyň bardyr kän gizlin gapylary.

* * *

Işler arzuw-islegňe eger laýyk gitmese ,

Ýüregiňi paralap, etme döwrüňden kine .

Sabyr et kyn hem bolsa, soňy salamatlydyr ,

Şoň üçinem sabyryň miwesi has datlydyr.

Şol mahallar birnäçe dost-ýarlarym bilen Mekgä haj zyýaratyna gitdim. Haj parzlaryny ýerine ýetirip, yzyma gelýärdim. Hälki wezir bolan dostum meni iki parsah ýerden garşy ady. Görsem, hal ahwaly perişan ýagdaýda. Işden boşadylandygyna göz ýetirdim. Ondan:

—Seniň bu bolşuň näme? – diýip soradym.

Onda ol maňa:

–Seniň aýdyşyň ýaly, birnäçe görip adamlar meni haýyn diýip yglan edip, töhmet atdylar. Hökümdar hem işi derňejegem bolmady, barlajagam. Öňki dostlarym hem hakykaty aýdyp bilmediler, dymdylar. Geçmişimdäki hakykaty unutdylar, hakykatyň tarapyny tutup bilmediler.

Tagt eýesi patyşanyň öňünde

Tagzym edip, el gursaga goýarlar.

Täleýi ters gelip, büdräp ýykylsa,

Aýak bilen başlaryna urarlar.

–Elgaraz, dürli belalara sezewar boldum. Bu hepde «Hajylar gelýär» diýip buşlansoňlar, meni hem bu buşluk zerarly bendilikden boşadyp goýberdiler.

Daňan zynjyrlarymy çözdüler, atamdan miras galan öz mal-mülkümi hem elimden aldylar we hazyna geçirdiler — diýdi.

Men hem oňa:

—Sen meniň bir wagtlar aýdanymy kabul etmediň. Men saňa şonda näme diýipdim: «Patyşanyň işi deňiz syýahatyna meňzär, hem peýdalydyr, hem zyýanlydyr». Bilýärmiň bu nämä meňzeýär? Bu jadylanan hazynany açmaga synanyşan ýalydyr. Netijede, ýa hazynany ele salarsyň, ýa-da jadynyň täsiri bilen ölersiň. Sen bolsa meniň bu pikirimi kabul etmändiň — diýdim.

Deňiz üsti bilen söwdagär täjir ,

Owuç-owuç altyn çekýär kenara ,

Ýa altyny alyp çykar deňizden ,

Ýa möwç özün öli elter kenara.

Men artyk gürläp onuň kalbynyň ýarasyny has hem gorjamak we üstüne duz sepmek, ýüreginiň agyrysyny has hem artdyrmak islemedim. Diňe sözüni kesip, şu iki beýti aýtdym:

Nesihat girmese gulagyňa bil ,

Urular bir güni aýagňa gandal .

Iňňesine çydap bilmejek bolsaň ,

Barmagy içýanyň hinine sokmaň.

Hekaýat

Meniň gowy gatnaşýan birnäçe dostum bardy. Daş görnüşlerinden gowy adamlardy. Öz ýagdaýlary bilen gümradylar we gowy adamlara meňzeýärdiler. Emeldarlaryň biri bular bilen gowy aragatnaşyk saklaýardy. Hatda olara az-owlak aýlyk haky hem berýärdi.

Günlerde bir gün bularyň biri derwüşlige gelişmejek bir işi etdi. Muny eşiden ol emeldar hem olara berýän aýlyk hakyny kesdi. Olar hem uly kynçylyga sezewar boldular .

Men hem ol emeldar bilen salamlaşmak hem-de olaryň kesilen aýlyklaryny täzeden dikeltmek üçin onuň ýanyna gitdim. Ýöne gapydaky garawul meni içeri salmady we meni yzyma gaýtardy. Bu ýerde garawulyň günäsi ýokdy. Sebäbi bu barada şeýle diýipdirler:

Sebäbi bolmasa barmagyn begiň ,

Gapysynda hökümdaryň, weziriň .

It bilen garawul duşsalar ýada ,

Topular üstüňe, ýapyşar bada.

Az wagt geçensoň ol emeldaryň ýakynlaryndan bolan birnäçe adam meniň gelendigimi we içeri salynmandygymy bildiler. Ylgap gelip, meni emeldaryň ýanyna eltdiler. Emeldar maňa oturmak üçin ýokarrakda bir ýer görkezdi. Ýöne men pespällik bilen aşakda, bir ýerde oturdym we şeýle diýdim:

Şu ýer besdir, bir kemine bende men,

Hyzmatkärleň hatarynda çökeýin.

Diýdi: «Alla, Alla, bu ne söz boldy,

Oturmasaň bolmaz saňa ne boldy «

* * *

Baş üstünde otursaň hem hakyň bar ,

Sebäbi sen laýyk, at-abraýyň bar .

Gepiň gysgasy, şol ýerde oturdym, dürli meseleden söz açdyk. Soň men dostlarymyň çekýän kynçylyklaryny düşündirdim we eden ýagşylyklary barada aýdyp, şeýle diýdim:

Näme günä gördükä bu jomart asylzada,

Bendelerin har tutýar, galmawer ýaman ada .

Sahawatly Ýaradan bendede görse, günä,

Çöregini kesmeýär, rysgalyny kemmeýär .

Meniň bu sözüm emeldara ýarady. Dostlarymyň kesilen aýlyklarynyň täzeden dikeldilmegine buýruk berdi. Men oňa minnetdarlyk bilen özümiň sylag-hormatymy bildirdim. Onuň wagtyny alandygym üçin ötünç sorap, daşary çykyp barýarkam, şu sözleri aýtdym :

Käbe bolany üçin dileg-hajat kyblasy,

Uzak illerden gelýär zyýarata köpüsi.

Biz kibi bendelere, çydamasaň hiç bolmaz,

Sebäp miwesiz baga hiç kişi kesek zyňmaz.

Hekaýat

Bir şazada kakasyndan hazyna miras galypdyr. Şazada örän jomart ýigit eken. Ol hazynany şol durşuna esgerlerine we raýatlaryna paýlapdyr.

Ud gabynda goýsaň kokun bermez hiç ,

Anbar ys isleseň ot üstüne seç.

Ululyk isleseň sahawatly bol,

Däne sependen soň hasylyňy al .

Onuň akmak, düşünjesiz we tejribesiz bir weziri oňa akyl beren bolup :

—Senden öňki patyşalar bu hazynany işläp gazandylar. Olar muny ýagşy zatlar üçin ýygnadylar. Sen hem bu jomartlygyňy taşla. Öňümizde hadysalar, yzymyzda duşmanlar bar. Ertirki gün mätäç bolsaň näme etjek? Ejiz düşersiň — diýipdir.

Patyşa öz halkyna paýlasa, gazna-genji, Adam başyna ýeter ýekeje däne künji .

Eger olaň hersinden alsaň bir arpa kümüş,

Her gün doly tapardyň täze hazyna-genji.

Tagta täze çykan şazadanyň bu söze gahary geldi. Gaşlaryny çytdy. Sebäbi bu onuň ruhubelentligine we belent ahlagyna ters gelýän sözdi. Şazada ony jezalandyryp, oňa :

—Allatagala iýdirmegim we haýyr-yhsan etmegim üçin meni bu ülkäniň patyşasy etdi. Men hazynany garawullar ýaly garawul däl, saklar ýaly amanatçy däl — diýipdir.

Kyrk jaý gaznasy bolan Karun munda galmady ,

Ýagşy ady goýansoň, Anuşirwan ölmedi.

Hekaýat

Rowaýat etmeklerine görä, bir gezek Nowşirwan awa çykanda, işdäsi aw kebabyny isläpdir. Onuň emri bilen kebaby taýýarlapdyrlar, ýöne duz ýok eken. Hyzmatkärleriň birini duz getirmek üçin oba iberipdirler. Nowşirwan oňa:

—Duzy pul bilen al. Pulsuz almak däp bolmasyn. Soň adata öwrülmesin we oba bu sebäpli harap bolmasyn — diýip, tabşyrypdyr.

Onda oňa:

—Az-owlak duzdan näme bolar. Mugt alynsa hem zyýany bolmaz — diýipdirler .

Nowşirwan hem olara garap:

—Irki döwürlerde zulum örän az eken. Soň her gelen onuň üstüne sähelçe zat goýupdyr. Şu mahal bolsa, ol şeýle derejä ýetdi welin, ahyrky derejesine çykdy — diýipdir .

Bil, raýatyň bagyndan patyşa bir alma iýse,

Gulamlary gopararlar daragtyň düýbünden, eýse.

Eger, soltan rowa görse, bäş ýumurtgalyk sütemi,

Esgerleri müň towugy çişe düzer, bilgin muny.

Zalym hökümdaryň ady dünýäde hiç baky galmaz ,

Nälet bilen ýatlanarlar, oňa haýyr, doga gelmez.

Hekaýat

Eşidişime görä, bir şäheriň häkimi patyşanyň hazynasy has hem köpelsin diýip raýatyň ellerindäki mal-mülklerini zor bilen alyp, ojaklaryny söndürip, öýlerini ýykar eken. Ol häkim megerem danalaryň: «Kimdir biri patyşany hoşnut etmek üçin raýatyň öýüni ýyksa, Allanyň gazabyna duçar bolar. Allatagala ol raýaty onuň başyna musallat eder, ony ýok eder» diýip aýdan sözlerini eşiden däl bolsa gerek.

Ýakyjy ot ýüzärlige eger ursa-da eli,

Ýakyp bilmez dertmentleriň gursak alowy ýaly .

* * *

Aýtmaklaryna görä, ähli haýwanlaryň şasy ýolbarsdyr, iň ejizi bolsa eşekdir. Akylly adamlar üçin ýük göterýän eşek adamy para-para edýän şirden has peýdalydyr.

* * *

Misgin eşek eger-de bolmasa-da hiç tämiz,

Çekýändigi üçin ýük, görülýändir ol eziz.

Zähmet çekýän eşekler, zähmet çekýän sygyrlar,

Ynsana azar berýän adama on degerler .

Ýene-de wezirli hekaýata dolanalyň :

Hökümdar bir gün ol häkimiň edýän zulumlaryny eşidipdir. Oňa dürli ejir-azaplar berip, soňundan hem ony dara çekdiripdir.

Soltan senden bolmaz asla razy,

Bendeleň göwnüni bilmeseň awlap .

Taňry bendelerne ýagşylyk eýle,

Bagyşlamagyny isleseň Allaň.

Ol häkimiň zulumyna sezewar bolanlaryň biri onuň jesediniň ýanyndan geçip barýarka, şeýle diýipdir:

Gol güýjüňe, wezipäňe daýanyp ,

Gorkgun gezmeklikden iýip-bezenip .

Iri süňk ähtimal damakdan geçer,

Ýöne göbege çen, garyny ýyrtar.

* * *

Zalym zulmy bilen ýere duwlandy,

Olaryň üstüne näletler ýagdy.

Hekaýat

Bolup geçen şeýle bir wakany gürrüň berýärler. Ynsanlara jebir-jepa berip, olary ynjytmakdan lezzet alýan bir zalym adam bar eken. Ýaňky zalym bir gün dürs, mömin, öz gara başyna gaý bolup ýören bir derwüşiň kellesine daş bilen

urupdyr. Kellesine urlan derwüşiň ondan ar alar ýaly güýji-de, ýagdaýy-da ýok eken. Şonuň üçinem ol kellesine degen daşy alyp, saklap goýupdyr.

Aradan ep-esli wagt geçensoň, bir saý-sebäp bilen ýurduň patyşasy ol zalyma gaharlanyp, ony bir gurruk guýa taşladypdyr. Hälki kellesine daş bilen urlan derwüş hem muny eşidip, guýynyň agzyna gelip, hälki daşy alyp, ol zalymyň kellesine urupdyr. Guýudaky zalym ondan :

—Kim sen? Näme üçin daş bilen meniň kelläme urýarsyň? — diýip sorapdyr.

Onda derwüş oňa:

—Bu daş birmahallar seniň pylan ýerde pylan wagtda meniň kelläme uran daşyňdyr. Men hem kellesine daş bilen urlan adam — diýip, jogap beripdir.

Guýudaky zalym:

—Ýeri, sen şu wagta çenli niredediň? — diýip soranda, derwüş oňa şeýle diýip jogap beripdir:

—Sen ol mahal wezipeli adamdyň. Senden gorkýardym. Şu wagt bolsa meniň üçin amatly pursat peýda boldy. Bu barada şeýle diýipdirler:

Nälaýyga eger bolsa bagty ýar,

Akyl eder dymmaklygy ygtyýar.

Eger dyrnak, penjäň bolmasa ýiti,

Sen wagşylar bilen jeň etme gaty.

Garşylaşsaň polat çiginli bilen,

Ejir görüp, synar ejiz bilegiň.

Saklan gollaryny daňýança pelek,

Soň beýnisin çogdur, urup heläk et.

Hekaýat

Bir ýurduň patyşasy erbet hassalapdyr. Ol keseliň adyny kän gaýtalamak hem gowy däldir. Birnäçe ýunan hekimleri ýygnanyşyp oňa :

—Seniň bu derdiňe hiç hili däri-derman ýok. Diňe şeýle-şeýle häsiýetlere eýe bolan adamyň ödi seniň bu derdiňe derman bolup biler — diýip, maslahat beripdirler.

Patyşanyň buýrugy bilen şol häsiýetli adamy gözläp başlapdyrlar. Gözläp-gözläp ahyry bir obaly çagany alyp gelipdirler. Patyşa çaganyň ene-atasyny we kazyny ýanyna çagyrypdyr. Kazy patyşanyň saglygy üçin çaganyň öldürilmegine pitwa beripdir. Patyşa çaganyň ene-atasyna köp möçberde altyn-kümüş, mal-mülk berip, perzentleriniň öldürilmegi üçin olaryň razylygyny alypdyr. Soň bolsa jellady getirdipdir.

JJellat çaganyň kellesini kesmek üçin gylyjyny ýokary galdyranda, çaga gülüpdir we ýüzüni asmana tutup, öz-özüne bir zatlar diýipdir. Muny gören patyşa, çagadan:

—Men şeýle keselli ýagdaýdakam, seniň ýadyňa gülki düşýärmi? Näme samyrdadyň we näme üçin kelläňi ýokary galdyrdyň? — diýip sorapdyr.

Onda çaga patyşa garap:

—Kyblaýy älem! Çaganyň näzini diňe ene-atasy çeker. Haýsydyr bir dawa ýüze çyksa, kazynyň ýanyna gidiler, patyşadan bolsa, adalat talap ediler. Emma enem-atam dünýe maly üçin meniň öldürilmegime razy boldular, kazy hem meniň ganymyň nähak ýere dökülmegine pitwa berdi. Siz hem özüňiziň jan-saglygyňyzyň dermanyny meniň zulum bilem öldürilmegimde görýärsiňiz. Bu ýagdaýda meniň Alladan başga arkam ýok. Oňa ýalbardym. Sebäbi Allatagala adalatly we merhemetlidir. Muny bilýändigim we ondan kömek umyt edýändigim üçin hem begenjimden güldüm — diýip, jogap beripdir.

Seň öňüňde seň eliňden eger bolmasa adalat,

Seň zulmuňdan Hakdan gaýry kime ederin men perýat.

Çaganyň bu sözleri patyşany gaýga batyrypdyr. Gözleri ýaşarypdyr we çaga garap:

—Bu çaganyň nähak ýere ganynyň dökäleninden meniň ölmegim ýegdir — diýip, çaganyň kellesini sypalapdyr, onuň ýüz-gözünden ogşapdyr. Oňa köp mukdarda mal-mülk, altyn-kümüş berip goýberipdir.

Bu hekaýaty gürrüň berenler şol hepdäniň içinde patyşanyň keselinden sagalandygyny aýtdylar.

Nil suwunyň boýunda pilbanyň aýdan şygry,

Hemişe meň oýumda, hemişe meň ýadymda .

»„Bilseň aýak astynda niçik garynjaň haly,

Seň halyň hem şonçadyr galsaň piliň astynda.«

Hekaýat

Bir gezek Amr ibn Leýsiň gullarynyň biri gaçypdyr. Ony tutup getiripdirler. Wezir ol guly halamaz eken we oňa duşmançylyk eder eken, şonuň üçinem ol emire:

—Beýleki gullaryň hem gözleri gorkar ýaly muny öldürmek gerek — diýipdir .

Onda ýaňky gul dyza çöküp, başyny ýere goýup:

Başyma näme gelse, sen isleseň rowadyr,

Bendede nä söz bolar şahym hökmürowandyr.

—Kyblaýy älem! Bu aýdylan karary eger siz makullaýan bolsaňyz meniň muňa hiç hili garşylygym ýok. Guluň nähili sözi bolup biler? Höküm siziňkidir, ýöne

men siziň halal duz-çöregiňiz bilen önüp-ösdüm. Siziň nygmatyňyz bilen kemala geldim. Men kyýamat güni meniň dökülen ganym sebäpli siziň soraga çekilmezligiňizi isleýärin. Şonuň üçinem eger meni öldürtjek bolsaň, onda şerigata laýyk görnüşde öldür — diýipdir.

Emir ondan:

—Ol nähili bolýar, men näme edeýin? — diýip soranda, gul oňa:

—Maňa rugsat ber. Men seniň şu weziriňi öldüreýin. Ony öldürenimden soň hem men ganhor bolaryn. Sen hem kasas üçin meniň öldürilmegime buýruk ber — diýipdir.

Emir bu söze ýylgyrypdyr we wezirine garap:

—Sen bu işe näme diýersiň? Garaýşyňy aýt? — diýip sorapdyr.

Onda wezir emire şeýle diýip, jogap beripdir:

—Kyblaýy älem! Hudaýyň hakyna kakaň mazarynyň hormatyna bu guly azat et. Meniň hem başymy derde sokmasyn. Günä mendedir. Men akyldarlaryň aýdan şu sözlerine aň ýetirmändirin:

Sapan atýan bilen edäýseň söweş,

Öz başyň öz eliň bilen ýararsyň,

Duşmanyňa garşy ok atýan bolsaň,

Heder et özüňem nyşan bolarsyň.

Hekaýat

Bir patyşanyň köşkdir diwan emeldarlarynyň biri atly-abraýly we ýagşy ahlakly adam eken. Hemmeler oňa hormat-sylag goýar eken, ol hem hiç kimiň gybatyny etmez eken, tersine hemişe hemmeleri öwer eken. Şonuň üçinem ony hemmeler söer eken.

Günlerde bir gün ýaňky emeldaryň eden bir işi patyşa ýaramandyr. Patyşa ony zyndana taşlap, oňa jeza bermeklerine emr beripdir. Onuň ähli mal-mülküni hem döwletiň haýryna geçiripdir. Emma emirlerdir emeldarlar hem-de zyndanyň sakçylary we garawullary onuň gowy adamdygy bilýändikleri üçin oňa degmändirler.

Isleseň duşman bilen ylalaşyk, amanlyk,

Ýok wagtyň seni döwse, sen gaşynda öwgüle.

Dilden çykan ajy söz başa bela getirer,

Islemeseň ajy söz sen agzyny şirinle.

Goňşy ülkeleriň hökümdarlarynyň biri ýaňky emeldaryň zyndana salnandygyny eşidip, oňa gizlin bir habary ýollap: «Seniň hökümdaryň sen ýaly atly-abraýly adamyň gadyr-gymmatyny bilmedi. Saňa adalatsyzlyk etdi. Eger sen biziň ýanymyza gelseň, bizden uly hormat-sylag görersiň. Meniň ýurdumyň wezir-wekilleri seni görmekden we seniň bilen tanyşmakdan buýsanarlar. Hatyň jogabyna garaşýaryn» diýip ýazypdyr.

Ýaňky emeldar hem haty okap, howp edipdir we kagyzyň arka tarapyna gysgaça bir zatlar ýazyp, yzyna iberipdir .

Patyşanyň ýakyn adamlarynyň biri bu habary eşidip, ýagdaýy patyşa habar berip:

—Siziň zyndana salan emeldaryňyz goňşy ýurduň hökümdary bilen gatnaşykda —diýipdir.

Patyşa hem bu ýagdaýy eşidip, gaty gaharlanypdyr. Haty alyp barýan adamy tutupdyrlar we haty okap görüpdirler. Emeldaryň ýazan hatynda şeýle setirler bar eken: „"Hökümdaryň men baradaky ýagşy oý-pikirleri meniň at-abraýyndan has ýokardadyr. Sen meni çagyrmak bilen meni gowy garşylajakdygyňy aýdýarsyň. Sen meni ötünçli hasapla. Men seniň ýanyňa gelip bilmerin. Sebäbi men bu neberäniň duzy we nygmaty bilen önüp-ösdüm. Nygmat berijim sähel gaharlandy diýip, oňa biwepalyk etmek akyldarlaryň işi däl. Bu barada şeýle diýipdirler:

Biri etse saňa sahawat, kerem,

Sen bagyşla soňra eýlese sütem.

Onuň bu wepadarlygy patyşanyň göwnüne ýarapdyr. Ony zyndandan boşadyp, sowgat-serpaý beripdir. Özüniň ýalňyşy sebäpli, ondan ötünç sorap: «Seni nähak ýere ynjytdym» diýipdir.

Onda ýaňky emeldar hökümdara:

—Kyblaýy älem! Bu Allatagalanyň meniň maňlaýyma ýazan ýazgydy. Bu işiň siziň eliňiz bilen amala aşmagy örän oňat boldy. Sebäbi meniň siziň öňüňizde uly borjum bardy. Men siziň nygmatlaryňyzy we haýyr-sahawatlaryňyzy alypdym — diýipdir.

Eger bir zyýan ýetse, halk elinden, ynjama,

Ýa rahat, ýa zähmet gelmez elinden halkyň .

Dost-duşmanyň ters bolsa, bilgin ony Hudadan,

Sebäp olaň ýüregi bolar elinde Hakyň.

Eger peýkam kemandan sypyp, [deşse kükregi,[

Akyl görer atandan, günäsi däl peýkamyň.

Hekaýat

Bir arap hökümdary bir gezek wezirleriniň birine:

—Pylan adamyň aýlygyny iki esse artdyryň. Sebäbi ol köşge tertip-düzgünli gelýär we emr-buýruklary doly ýerine ýetirýär. Beýlekiler bolsa, oýun-

güýmenje bilen gümra bolup, ýaltalyk edýärler we işlerini haýal-ýagal ýerine ýetirýärler — diýipdir.

Aryplaryň biri hem muny eşidip, wejde gelip:

—Allanyň dergähinde hem gullaryň belentlik derejesi şunuň ýalydyr — diýipdir.

Iki gün gelse kişi şa gaşyna hyzmata,

Üçünji gün mähremlik eder patyşa oňa.

Namut bolup dolanmaz dergähinden Hudaýyň,

Umyt edip, yhlasly sygynanlar Hudaýa.

* * *

Terki perman mahrumlykdan nyşandyr,

Ululykdyr kabul etmek permany.

Dogruçyllyk keşbi bolsa her kişiň,

Goýar hyzmat dergähinde başyny.

Hekaýat

Bir zalym adam garyplardan örän arzan bahadan odun alyp, baýlara hem gymmatbaha satar eken. Danalaryň biri muny eşidip, oňa şeýle diýipdir:

Sen göreniň çakýan zäherli marsyň,

Ýa baýguş sen mydam haraba ýarsyň.

* * *

Güýjüň eger ýetýän bolsa-da bize, Ýetmez güýjüň syry bilýän Alla.

Ýer ýüzüniň ilatyna zulm etme,

Dogalary ýetäýmesin asmana.

Ýaňky zalym özüne aýdylýan bu sözleri piňine hem almandyr. Gaýtam, olary äsgermän, özüni gopbam tutup başlapdyr.

Günlerde bir gün ýaňky zalymyň öýüniň aşhanasyndan bir uçgun odun ammaryna syçrap, tutuş öýi goşlary bilen ýanyp, kül bolupdyr. Zalym adam ýumşak düşekden gaçyp, gyzgyn goruň üstüne gaçypdyr. Ol daş töweregine üýşen dostlaryna:

—Bu ot meniň öýüme nireden we nädip düşdi, hiç düşünip bilemok? — diýip geňirgenipdir.

Bu sözi eşiden we öň oňa duýduryş beren aryp bolsa oňa :

—Garyplaryň ýüreklerinde ýakan oduňdan düşdi — diýip seslenipdir.

Heder et odundan ýaraly kalbyň,

Ahyry ol ýara göterer başyn.

Başarsaň hiç haçan ynjytma kalby,

Ýogsa, ýakar onuň ahy jahany.

* * *

Eşidişime görä, Keý Hysrowyň täjine şu şygyr ýazylgy eken:

Ençeme ömürler, ençeme ýyllar

Zeminde başymyz depelär ilat.

Elden-ele geçip, gelişi ýaly,

Bir gün özgä geçer bu mülki-soltanat.

Hekaýat

Gadymy döwürlerde dabarasy dag aşan bir pälwan bar eken. Pälwanlykda üç ýüz altmyş sany emel bilýär eken. Her gün bularyň birini ulanyp, özüniň sungatyny we ussatlygyny görkezer eken. Onuň birnäçe şägirdi hem bolupdyr. Ol bu şägirtleriniň içinden iň ukyply birine bu üç ýüz altmyş emeliň üç ýüz elli dokuzysyny sanysyny öwredipdir. Şägirdi ondan iň soňky emeli hem öwretmegini haýyş edip, köp ýalbarypdyr. Emma ol: «Bolýar, bu gün, ertir» diýip, başdan sowar eken.

Ýaňky şägirdi hem belli pälwanlaryň biri bolup ýetişipdir. Hemmeleri ýeňip, hiç kimden ýeňilmez eken. Hiç kimem onuň garşysyna çykyp bilmez eken.

Günlerde bir gün ýaňky şägirt pälwan ýurduň hökümdarynyň ýanynda ussady barada:

—Ol meniň ussadymdyr. Onuň menden artyklygy diňe ululygy hem-de maňa tälim berenligi üçindir. Bolmasa, men güýç taýdan ondan güýçli bolmasam, pes däl. Ussatlykda hem onuň bilen deňdirin — diýipdir.

Onuň bu biýedeplik edip aýdan sözi hökümdaryň göwnüne ýaramandyr. Hökümdar ussat pälwan bilen şägirt pälwanyň ikisiniň göreşmegine buýruk beripdir. Göreşiň güni, ýeri we sagady bellenipdir. Bellenilen ýeri giň açyk meýdan eken.

Göreşe hökümdar wezir-wekilleri bilen gelipdir. Göreş wagty hem gelip ýetipdir. Şägirt pälwan serhoş pil ýaly bolup, arlap meýdana çykypdyr, göýä garşysynda demirden dag bolsa hem, ýerinden gozgajak eken.

Ussat pälwan özüniň ýetişdiren şägirdiniň özünden birnäçe esse güýçlüdigini görüpdir. Şonuň üçinem, oňa özüniň öwretmedik iň soňky emeli bilen ýykmak üçin tutluşypdyr. Şägirt bu emeli bilmeýändigi üçin özüni gorap bilmändir. Baş pälwan ony iki eli bilen howa galdyryp, ýere pylçap urupdyr.

Baş pälwanyň bu emeli ulanyp, ony ýykmagy bilen halkyň goh-galmagaly daş-töweregi lerzana getiripdir. Hökümdar baş pälwana halat-serpaý ýapypdyr. Şägirt pälwana bolsa:

—Sen özüňi ýetişdiren ussadyňa bigadyrlyk etdiň. Ony ýykaryn diýdiň, ýöne başarmadyň — diýip ýazgarypdyr.

Onda şägirt pälwan:

—Kyblaýy älem! Ussadym meni güýç bilen ýeňmedi. Ol maňa öwretmedik ýekeje emeli bilen ýeňdi — diýipdir.

Baş pälwan bolsa oňa:

—Men özümiň iň soňky emelimi şeýle gün üçin sakladym. Seret, akyldarlar näme diýipdirler: «Dostuňy beýle güýçlendirme, eger bir gün saňa duşman bolaýsa, soň ony ýeňip bilmersiň» — diýipdir.

Öz ýetişdiren şägirdiňden jebir-jepa gören adamyň aýdan şu sözlerini heniz eşitmediňmi:

Ýa özünde älemiň wepa diýilýän zat ýok,

Ýa bu zamana hiç kim wepadarlyk edenok.

Atyş ylmyn özümden öwrenmedik ýat kişi,

Meni ahyr ömürde oka nyşan edenok.

Hekaýat

Günlerde bir gün bir derwüşiň ýeke özi çölde oturanmyş. Şol mahal ýurduň hökümdarynyň ýoly onuň üstünden düşüpdir. Derwüş kanagat äleminde dünýä bilen hiç hili söwdasy bolmadyk adam bolansoň, kellesini galdyryp, hökümdaryň ýüzüne hem seretmändir. Hökümdar muňa gaharlanyp:

—Bu derwüşler haýwan ýaly zat. Bularda ynsançylyk alamatlaryndan hiç hili nam-nyşan ýok. Olar ynsan diýilmegine laýyk hem däl — diýipdir.

Hökümdaryň ýanyndaky weziri derwüşe ýüzlenip:

—Seniň öňüňden zamanaň patyşasy geçdi. Sen bolsa, başyňy galdyryp, oňa hormat hem goýmadyň, edep şertlerini-de berjaý etmediň. Näme üçin beýle etdiň? — diýip sorapdyr.

Onda derwüş oňa ýüzlenip:

—Sen hökümdaryň ýanyna bar-da: «Eý, hökümdar! Beýle zatlary sen diňe özüňden haýyr-peşgeşe garaşýanlardan sora» diýip aýt. Şeýle hem, bilip goý, hökümdarlar raýatlaryň özlerine tagat etmegi üçin däl-de, raýaty gorap saklamak üçin hökümdar bolýandyrlar — diýipdir.

Patyşa ýoksullaň goragçysydyr,

Döwlet saýasynda tapsa-da nygmat.

Çopan üçin däldir bilseň goýunlar,

Belki çopan oňa edýändir hyzmat.

* * *

Biri horramlykda gezer hökmürowan, Ýene biri bolsa gara bagry gan.

Birnäçe gün garaş, iýer – seret, bak,

Hyýalbent başynyň maňzyny toprak.

Şalyk, bendeligiň hiç bolmaz parhy,

Takdyryň ýazgydy ýazylan wagty.

Açsalar ölenleň gabryn-topragyn,

Hiç tanap bilmezler baýyn, garybyn.

Hökümdar, derwüşiň dogry aýdýandygyna, hakykaty sözleýändigine göz ýetirip, derwüşe garap:

—Menden näme-de bolsa, bir zat haýyş et — diýipdir.

Onda derwüş oňa:

—Senden ýekeje haýyşym bar, indi meni biynjalyk etme — diýipdir.

Hökümdar oňa:

—Onda maňa bir öwüt ber — diýipdir.

Derwüş hem oňa öwüt berip, şeýle diýipdir:

Bu nygmatyň elde barka haýyr et,

Elden-ele geçer mülk bilen nygmat .

Hekaýat

Bir wezir Zunnun Müsri bilen duşuşmaga gidipdir. Söhbet mahaly wezir oňa:

—Men gije-gündiz soltanyň hyzmatynda, onuň işlerini ýerine ýetirýärin. Şeýdip, onuň haýyr-yhsanyndan umyt, gahar-gazabyndan bolsa gorky edýärin. Siz maňa hümmet edip, doga-dileg etseňiz — diýip, haýyş edipdir.

Zunnun hem onuň bu sözlerine aglap:

—Eger seniň hökümdardan gorkuşyň ýaly derejede men hem Alladan gorkýan we oňa sygynýan bolsadym, bu gün Allatagalanyň sadyk gullarynyň biri bolardym — diýip, jogap beripdir.

Rahatlyk, mähnetden etmese umyt, gorky,

Derwüşler aýaklaryn pelek üste atardy.

Ol wezir hem Hudaýdan gorksa, şadan gorkan deý ,

Perişdeleň menzilin, mertebesin tapardy.

Hekaýat

Bir gezek bir ýurduň patyşasy hiç hili günäsiz bir bigünä adamyň öldürilmegine buýruk beripdir. Ýaňky adam bolsa patyşa:

—Eý, hökümdar! Maňa bolan gahar-gazabyň sebäpli öz-özüňe zulum etme — diýip ýüzlenipdir.

Onda patyşa:

—Ol nähili öz-özüme zulum etdigim bolýar? — diýip sorapdyr .

Ýaňky biçäre hem patyşa garap:

—Meniň ölümim göz-açyp ýumasy salym içinde amala aşar. Ýöne sen munuň günäsini ebedi çekersiň — diýip, jogap beripdir.

Pany döwran sähra ýeli dek geçer,

Ajy, süýji, erbet, gözellik geçer.

Zalym oýlar: „”Jepa berdim sizlere,”

Öz boýnunda galar bizlerden geçer.

Patyşa onuň bu nesihatyny ýerlikli hasaplap, ölüm jezasyny ýatyrypdyr.

Hekaýat

Bir gezek Nowşirwanyň wezirleri ýygnanyşyp, ýurt bähbitli işleriň biri barada pikir alşyp oturan ekenler. Her kim öz pikirini orta atypdyr. Nowşirwan hem özüniň garaýşyny beýan edipdir. Baş wezir Buzurgmehr hem hökümdaryň garaýşyny kabul edip, oňa goşulýandygyny aýdypdyr.

Ýygnakdan soň, wezirler daşarda Buzurgmehriň ýanyna baryp:

—Sen hökümdaryň garaýşynda näme aýratyn pikir gördüň? Sen näme üçin munça akylly-başly, köpi gören, hormatlanýan, tejribeli we alym kişileriň pikirlerini bir tarapa sürdüň we hökümdaryňkyny kabul etdiň? — diýip sorapdyrlar .

Onda Buzurgmehr olara:

—Işiň haçan we nirä baryp ýetjekdigi belli däl. Netijesini diňe Alla biler. Hemmeleriň pikiri Allanyň eradasy bilendir. Kimiňkiň dogrudygyny, kimiňkiniň bolsa ýalňyşdygy, diňe işiň netijesinde belli bolar. Şonuň üçinem hökümdaryň pikirine tabyn bolmak iň dogrusydyr. Eger ýalňyş bolup, ters netije çyksa, biz hem onuň ýaly pikirlenýändigimiz üçin onuň gahar-gazabyna duçar bolmarys — diýip, jogap beripdir.

Soltanyň pikrinden ters pikir kylsaň,

Öz ganyňa eliň ýuwdugyň bilseň.

Eger gündiz diýse: „”Şu mahal gije,”

Diý: „”Ine Aý, Ülker durlar bileje.”

Hekaýat

Alawylar ýaly saçlaryny örüp goýberýän, sakgallak bir hilegär adam bolupdyr. Ýaňky adam bir gezek :

—Men alawy we Hyjazdan gaýdan kerwen bilen Mekgeden hajy bolup geldim — diýipdir. Üstesine-de, hökümdara bir kasyda hödürläp: «Muny men ýazdym» — diýipdir.

Şol ýyl hökümdaryň syýahatdan gaýdyp gelen dostlarynyň biri ýaňky alawy adam barada hökümdara:

—Men gurban baýramynda bu adamy Basrada gördüm. Ol nähili hajy bolup bilýär? — diýipdir.

Hökümdaryň başga bir dosty hem ol adam barada:

—Onuň kakasy malatýaly bir nasranydy, ol nähili alawy bolup bilýär? — diýipdir.

Soň görüp otursalar, onuň ýazdym diýýän kasydasy hem meşhur şahyr Enweriniň diwanyndan alnan eken .

Muňa gahary gelen hökümdar ýaňky alawyny ýanyna çagyrdyp :

—Sen näme ýalan sözlediň. Muny mazalyja ýenjiň, soň bolsa ýurtdan çykaryp kowup goýberiň — diýip, buýruk beripdir.

Muny eşiden ýaňky adam:

—Şahym, meniň bir aýtjak zadym bar. Eger aýdanym ýalan bolsa, maňa näme etseňiz edäýiň. Men nähili jeza çekmeli bolsa-da razy — diýip ýüzlenipdir.

Onda hökümdar oňa :

—Bolýar, hany aýt, bakaly —diýipdir.

Ýaňky adam bolsa şulary aýdypdyr:

Bir keseki saňa getirse gatyk,

Iki essesi suwdur, bir esse aýran.

Bagyşla sen meniň bu ýalan sözüm,

Jahankeşde mydam sözlär köp ýalan.

Hökümdar hem onuň bu sözlerine gülüp :

–Sen bütin ömrüňde mundan has dogry söz aýdan dälsiň, onuň hajatlaryny bitiriň, goý, bu ýerden hoş bolup gitsin – diýip, emr beripdir.

Hekaýat

Öz hyzmatkärlerine rehimdar we olara ýagşylyk edýän bir wezir bolupdyr. Günlerde bir gün hökümdar bir iş bilen gaharlanyp, weziri zyndana salypdyr. Ýaňky weziriň dost-ýarlary onuň halas bolmagy üçin tagalla baryny edipdirler. Oňa ezýet bermäge bellenenler hem oňa jeza berenlerinde mähribanlarça seredipdirler. Beýleki wezir-wekiller hem ony hökümdaryň ýanynda köp öwüpdirler.

Ahyry hökümdar onyň günäsini geçipdir. Akyldarlaryň biri muny eşidip, şeýle diýipdir:

Dostlaryň kalbyny awlamak üçin,

Ataň bag-u mülkün satan ýagşydyr .

Ýagşylara gazan gaýnatmak üçin ,

Öý-goşuň baryny ýakan ýagşydyr .

Ýaman pälli kişä-de ýagşylyk et,

It agzyn et bilen ýapan ýagşydyr.

Hekaýat

Harun Reşidiň ogullarynyň biri bir gün gaharly ýagdaýda kakasynyň ýanyna baryp:

—Pylan ýasawulyň ogly meniň ejeme paýyş sözler aýtdy — diýip, arz-şikaýat edipdir.

Harun Reşit hem wezir-wekillerini ýygnap, ýagdaýy aýdyp:

—Oňa nähili jeza bermeli? — diýip, olara sala salypdyr .

Onda wezirleriň biri «öldürmeli», biri «dilini kesmeli», ýene biri «emlägini talap, özüni sürgün etmeli» diýipdir. Harun Reşit bolsa, ogluna garap:

—Eý, oglum! Sen iň gowusy onuň günäsini bagyşla. Eger bagyşlamajak bolsaň, ol saňa nähili sögen bolsa, sen hem onuň ejesine şonça paýyş sözler aýt. Ýöne ar almakda aşa gitme, ar çäkden çykmaly däldir, ýagny biz tarapdan nähak iş amala aşmasyn we zulum derejesine barmasyn. Ýogsam, onuňky dogry bolar we dawada ol ýeňer — diýipdir.

Akylly adamlaň gaşynda mertlik ,

Esreýän pil bilen söweşmek däldir .

Gahary gelende gazabyn ýuwdup,

Ýaman söz diýmeýän hakyky ärdir.

* * *

Ahlaksyz bir kişi sögdi birine ,

Jogap berip diýdi ol hem özüne :

»Aýdan sözüňden hem juda erbet men ,

Aýbymy özüm deý bilmeýäň-ä sen.«

Hekaýat

Biz birtopar adam bolup, gämili barýardyk. Ýolda barýarkak bir gaýygyň agdarylandygyny gördük. Gaýykda iki sany dogan bar eken. Ýanymyzda bolan emirleriň biri gämiçä :

—Bularyň ikisini hem halas etseň, saňa ýüz dinar bereýin — diýdi .

Gämiçi olaryň birini halas edip ýetişdi, beýlekisi bolsa, gark boldy. Men gämiçä:

—Görgüliniň ömri gysga eken. Ajaly ýetensoň, sen ony halas edip bilmediň — diýdim.

Gämiçi meniň bu sözüme ýylgyryp :

—Seniň aýdanyň dogry. Ýöne men öňürti muny halas etmek isledim. Sebäbi men bir gezek çölde azaşypdym. Şonda bu adam hem meni düýä mündürip ýola salypdy. Gark bolan adam bolsa, çagakam meni gamçylapdy — diýdi .

Men hem bu wakany görüp :

—Allatagala: «Kim ýagşylyk etse, diňe özüne ýagşylyk etdigidir, kim ýamanlyk etse, özüne ýamanlyk etdigidir» diýip, örän dogry aýdypdyr — diýdim.

Başarsaň, hiç kimiň göwnüne degme ,

Sebäbi, bu ýolda tikenler bardyr .

Mätäç garyplaryň dilegin bitir ,

Saňa hem bu ýolda kyn işler bardyr.

Hekaýat

Iki sany dogan bar eken. Biri hökümdaryň hyzmatyny eder eken, beýlekisi hem çöregini öz gara zähmeti bilen iýer eken. Hökümdaryň hyzmatynda işleýän gurply bolup, beýlekisi derwüşsypat garybrak eken .

Günlerde bir gün hökümdaryň hyzmatynda işleýän beýleki doganyna ýüzlenip:

—Näme üçin sen hem meniň ýaly köşkde işlemeýärsiň? Zähmet çekmekden dynarsyň. Näme üçin özüňe muşakgat döredýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda dogany oňa:

—Sen näme üçin hyzmat etmek we biliňi bükmek harlygyndan halas bolar ýaly halal zähmet çekmeýärsiň? Seret, akyldarlar bu barada näme diýipdirler: «Az eklenç bilen kanagatlanmak, biliňe altyndan kemer guşanyp aýak üstünde we emiriň öňünde dim-dik bolup, eliňi gowşuryp durmakdan has oňatdyr» — diýipdir.

Ýaman emir öňünde goluň gowşuryp durmak,

Oňat ondan ot-demri eliň bilen ýugurmak.

* * *

Gymmatbaha ömrümiz geçdi iki zat bilen:

”„Ýazda näme iýerkäm, gyşda näme geýerkäm.”

Doýmaz-dolmaz eý, garyn, tötege razy bol,

Hyzmat bilen biliňi eplem-büklem etmänkäň.

Hekaýat

Günlerde bir gün bir adam Nowşirwan Adyla:

–Allatagala seniň pylan ganym duşmanyňy öldürdi — diýip, buşlapdyr.

Nowşirwan hem oňa:

–Onuň meni baky goýjakdygyny eşiden-ä dälsiň?! — diýip, jogap beripdir.

Duşmanyň ölümi şatlyk ýeri däl,

Biziň ömrümiz hem baky diri däl.

Hekaýat

Bir gezek Nowşirwanyň mejlisinde danalar bir mesele barada pikir alşyp oturan ekenler. Baş wezir Buzurgmehr bolsa, sesini çykarman oturypdyr .

Ondan:

–Sen näme dymýarsyň, näme üçin öz garaýşyňy aýtmaýarsyň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

–Wezirler lukmanlar ýalydyr. Lukman dermany diňe hassa bolana berer. Men siziň garaýyşlaryňyzy dogry hasaplaýaryn. Şonuň üçinem meniň söz sözlemäge hajatym ýok — diýip, jogap beripdir.

Goşulmanymda hem ger bitse bir iş,

Oňa goşulmagym bil, bolar ýalňyş.

Bir körüň öňünde bir çukur görsem,

Günä bolar şonda men dymyp dursam.

Hekaýat

Müsür ülkesi hem apbasly halypalygynyň mülklerine goşulansoň, halypa Harun Reşit :

—Pyrgaun Müsür ülkesinde tekepbirlenip, hudaýlyk dawasyny edipdi. Ony peseltmek üçin ol ýere Hasyp atly iň bir akmak we bahyl garaýagyz gullarymyň birini häkim edip iberjek — diýip, ol guluny Müsüre iberipdir.

Bu gul diýseň samsyk we akmak adam eken. Bir gün müsürli daýhanlar onuň ýanyna gelip:

—Biz Nil derýasynyň kenarynda pagta ekdik. Ýöne ýagyş ýagyp, hasylymyz zaýalandy — diýip zeýrenipdirler.

Onda ýaňky gul olara:

–Siz bilmänsiňiz, ol ýere ýüň ekmeli ekeniňiz — diýipdir .

Bu wakany eşiden akyldarlaryň biri şeýle diýipdir:

Eger bilim dok ýaşaýşa nep bolsa,

Geň bolmazdy nadanlar açdan ölse.

Pelek nadanlara şeýle nep berýär,

Danalar ol işden haýranda galýar.

* * *

Döwlet-u bagt bagly däldir paýhasa,

Olar bagly bolýar bilseň asmana.

Jahanda duş gelýär tekrarma tekrar,

Akylsyz hormatda akyl bolsa har.

Kimýagär gussadan ölüp gidendir,

Hazyna akmaga nesip edendir.

Hekaýat

Bir patyşa hytaý gyrnagyny sowgat edipdirler. Patyşa serhoş mahaly oňa ýanaşmak isläpdir. Gyz hem muňa garşylyk görkezipdir. Muňa gaharlanan patyşa ony garaýagyz gullarynyň birine beripdir.

Garaýagyz arap gulunyň bir dodagy ýerde, biri asmanda, şeýle bir bedroý eken welin, Süleýman pygamberiň möhürini ogurlan jyn hem ony görse gorkjak eken. Onuň goltuklary garaýag ýaly porsy eken.

Tä kyýamata çenli Ýusup nusgasy görküň,

Emma bu Zeňňi bolsa, nusgasy bedroý durkuň.

* * *

Şeýle bir bedroý ýüzli aýtmaga söz tapylmaz,

Erbet hem hyýrsyzlygyn asla ýaňzydyp bolmaz.

Eý, Allam, özüň gora, goltugnyň erbet ysy,

Murdat aýynda günde ýatan läşdenem porsy.

Garaýagyz gul saklanyp bilmändir we jynsy islegi artyp, gyrnagyň gyzlyk möhrüni göteripdir. Ertesi irden hökümdar gyrnagyň nirededigini sorapdyr. Oňa agşamky bolan wakany bolşy ýaly gürrüň beripdirler. Hökümdar muňa has hem

gaharlanyp, garaýagyz arap gul bilen gyrnagyň ellerini we aýaklarynyň biri-birine daňyp, galadan aşak taşlamaklaryna buýruk beripdir. Patyşanyň bir akylly weziri bar eken. Ol wezir hökümdardan rehim-şepagat isläp:

—Kyblaýy älem! Garýagyz arabyň bu işde günäsi ýok. Beýleki gullaryňyz we hyzmatkärleriňiz siziň peşgeşleriňize öwrenişipdirler — diýipdir.

Onda hökümdar:

—Ýekeje gije sabyr edip bilmedimi? Men oňa keniziň gymmatyndan artyk serpaý ederdim. — diýende, wezir oňa şeýle diýipdir :

—Kyblaýy älem, siz akyldarlaryň aýdan şu sözlerini eşitmediňizmi:

Suwsan teşne çeşmäň başyna ýetse,

Heder etmez eger ýolun pil tutsa.

Açyk supra gabat gelse aç dinsiz,

Orazaň hormatyn tutmaz gümansyz.

Bu söz hökümdaryň göwnüne ýarapdyr. Ol wezire garap:

—Bolýar, garaýagyz araby saňa bagyş edýärin, gyzy näme edýäň? — diýip sorapdyr .

Wezir hem oňa;

—Gyzy hem ol garaýagyz arap gula bagyş et, ol onuň agzyndan galan aşdyr, ol oňa mynasypdyr — diýip, jogap beripdir.

Ters ýollara düşen adamy hiç kim,

Dost tutmaga özün laýyk bilmez hiç.

Agzy kepän zülal suwun tapsa-da,

Agzy porsyň galyndysyn içmez hiç.

* * *

Nirä ýeter indi soltanyň eli,

Çün tezege gaçdy turunjy-baly.

Teşnäniň ýüregi hiç islemez suw,

Küýzede galdyrsa agzy porsy, suw .

Hekaýat

Isgender Zülkarneýnden :

—Magryby we Maşrygy nädip basyp aldyň? Senden öňki hökümdarlaryň hazynalary, mal-mülki, goşuny seniňkiden has köp bolsa-da, olar näme üçin beýle ýeňişleri gazanyp bilmediler? — diýip sorapdyrlar.

Onda Isgender olara:

–Men Allanyň ýardamy bilen basyp alan ýerlerimiň halkyna degmedim. Öňki hökümdarlaryň atlaryny diňe ýagşylykda ýatladym — diýip, jogap beripdir.

Akyllar agzamaz „”uly” diýp adyn,

Ululary erbetlikde ýatlanyň.

* * *

Bagt, tagt,mal-mülk, bary hiç zatdyr ,

Barysy wagtlaýyn ötegçi zatdyr .

Ýagşylykda ýatla öňküleň adyn ,

Şonda baky ýaşar adyň, şöhratyň.

## IKINJI BAP

## DERWÜŞLERIŇ DURMUŞY HAKDA

### Hekaýat

Emirleriň biri bir ýagşyzadadan:

—Pylan dindar barada käbir zatlar aýdylýar. Sen ol barada näme pikir edýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda ýagşyzada oňa:

—Daş görnüşinden-ä hiç hili kemçiligi ýok. Içki dünýäsi hakda bolsa, görünmeýän zady men-ä bilmeýärin — diýip, jogap beripdir.

Kimi eger kanagatly sopy lybasynda görseň ,

Içki dünýäsinden onuň sen asla bihabar bolsaň .

Ony sopy, kanagatly, terkidünýä diýp hasapla,

Oňa erbet zatlar ýöňkäp bet pikir-güman ýöretme .

Köçede düzgün-tertibe seredýän kiçi emiriň,

Öýüň içinde bolaýýan zatda ne işi bar onuň ?

Hekaýat

Bir gezek Käbede gezip ýörkäm, bir derwüşiň başyny Käbäniň işigine goýup, ýüzüni ýere berip, zar-zar aglap: «Eý, Gafur we Rahym Allam! Sen bilýärsiň, örän zalym we nadan bolan bende özüniň saňa bolan gullugyny doly derejede ýerine ýetirip bilmez» diýýändigini eşitdim.

Öt günämi çünki az edýän hyzmat,

Ýok mende tagata sabyr-kanagat.

Asylar ýazygna toba edýärler,

Aryplar ýalkawy dileg edýärler.

Ybadat edýänler eden ybadatlarynyň öwezini, täjirler hem harytlarynyň puluny talap ederler. Seniň guluň bolan men saňa diňe umyt getirdim, emma ybadat getirmedim. Söwda üçin däl, dilegçilige geldim. Sen maňa laýyk bolan zady däl, özüňe gelişýän zady et.

Öldürseňem, ýalkasaňam ýüz-gözüm dergähiňdedir ,

Bendede hiç perman bolmaz, perman Seniň özüňdedir.

* * *

Käbe işiginde gördüm bir saýyl,

Hem aglap diýýärdi bolansoň kaýyl:

„

”Diýmeýärin tagatymy kabul et,

Ýalkaw galam bilen günäm üstün ört .”

Hekaýat

Men bir gezek Abdylkadyr Gilany hezretlerini Käbäniň içinde gördüm. Ol ýüzüni çagyl daşlarynyň üstünde goýup, yzyny üzmän: «Ylahym! Meni bagyşla. Eger men azaba laýyk bolsam, meni kyýamat güni kör edip direlt. Ýagşylaryň ýanynda utanmaz ýaly, meni mazarymdan gözleri kör edip çykar» diýýärdi.

Her säherler saba ýeli ýeňilje öwsen mahaly,

Başym harlyk topragyna goýup aýdýan şu namany.

Hergiz seni unutmaýan, unutmaýan seni hergiz,

Sen bendäňi ýatlaýaňmy, ýatlaýaňmy ony heniz.

Hekaýat

Bir abydyň öýüne ogry giripdir. Ogry öýüň içini dörüp, ogurlar ýaly hiç zat tapmansoň, keýpi gaçypdyr. Abyt onuň bu ýagdaýyny görüp, eli boş gitmesin we näumyt bolmasyn diýip aşagyndaky ýazynyp ýatan kilimini ogrynyň ýoluna taşlapdyr.

Hak ýoluna düşen gerçek erenler ,

Duşmany hem bolsa göwne degmezler .

Bu mertebe haçan ýeterkä saňa,

Sen dostlaň bilenem edýärsiň dawa.

Kalby päkleriň dostlugy seniň bar mahalyňam, ýok mahalyňam üýtgemez. Olar sen ýok mahalyň yzyňdan gybatyňy edip, seni gören mahallary hem göýä seniň guluň ýaly bolmazlar.

Ýüzbe-ýüz gelende goýun deý ýuwaş,

Yzyňdan böri deý, adamhor, bibaş .

* * *

Her kim seniň gaşyňda aýtsa özgeleň aýbyn,

Bigüman aýdar seniň özgäň ýanynda aýbyň.

Hekaýat

Bir gezek birnäçe adam topar bolup syýahata çykypdyrlar. Olar biri-birleri bilen jan-tenden dostdular. Men hem olara goşuljak boldum. Ýöne olar razy bolmadylar. Men olara:

–Ejiz ynsanlaryň dostlugyndan ýüz öwürmek we olary bähbitlerinden mahrum etmek derwüşleriň ahlak-sypatlaryna gelişmeýän zatdyr. Men hemralarym üçin diňe bähbitli ýoldaş bolaryn. Olara ýük bolmaryn we köňülleriniň ynjamaklaryna sebäpkär bolmaryn. Şulary başarjakdygym üçin size dostlugymy teklip etdim — diýdim.

Ýola çyksam, ata münmesemem men ,

Atlylaryň eýerlerin göterýän.

Onda olaryň biri şeýle gürrüň berdi:

—Sen biziň bu sözümizi göwnüňe alma. Bu döwürde derwüş sypatly birtopar ogrular döräpdir. Bularyň biri bize goşuldy. Derwüş sypatyndady, ýöne derwüş ahlagynda däldi. Ol biziň aramyza goşuldy.

Kişini tanap bolmaz geýen lybasy bilen,

Namada ne baryny diňe kätibi biler.

Derwüşleriň öz ýagdaýlaryna görä ýaşaýandyklary we hiç kime zyýansyzdyklary sebäpli, biz artyk şübhelenmän dostluga kabul etdik.

Hyrka bolar daş sypaty derwüşleň,

Şuň özem bes halka, ynanar bilseň.

Amalda yhlas et, islän zadyň geý,

Eliňe baýdak al, başyňa täç geý.

Takwalyk jul geýmek däl ahyr bilseň,

Çyn derwüş bol, atlaz geý soň, isleseň.

Derwüşlik, terk etmek dünýä höwesin,

Däldir ol üýtgetmek daşky lybasyn.

Jöwşen içinde-de mert bolmak gerek,

Muhannese ýarag bolar biderek.

Biz irden tä agşama çenli gün uzyn ýol ýöredik. Gije düşensoň, bir galanyň diňiniň düýbünde ýatdyk. Derwüş diýip bizi aldan ogry hajathana gidýärin diýip, biriniň kündügini aldy. Emma ol ogurlyk üçin giden eken .

Seretgin bu derwüşe, egne hyrka geýipdir,

Emma Käbäň örtügin eşegne jul edipdir.

Ýaňky kündügi alyp gidensoň, gözden ýitdi. Ol gidip, gala diňleriniň birine girip, bir guty göwher ogurlapdyr. Gün dogýança ol gara ýürekli bihepbe ep-esli ýol geçipdir.

Biz bolsa hiç zatdan bihabar ýatyrdyk. Daň atansoň, ogurlyk äşgär boldy. Galadakylar ogurlygy bizden görüp, hemmämizi zyndana saldylar.

Ine, şol günden we ol hadysadan bäri ýanymyza dost almazlyga we öz-özümiz bolup ýaşamaga söz berdik. Sebäbi sag-salamatlyk ýalňyzlykdadyr.

Bir kowumdan biri etse erbet iş,

Uly-kiçi barysy hormatdan daş.

Ekinlige girse bir sygyr meger,

Obaň ähli sygyrlaryny bular.

Men olardan bu wakany eşidenimden soň, Allatagala ýüzde müň şükür etdim. Sebäbi ol derwüşleriň söhbetleriniň nurundan mahrum bolmadym. Olar bilen ýoldaş bolmasam hem, olardan bu gürrüňi eşidip, özüme ybrat aldym. Bu nesihat bütin ömrüme peýdaly bolar.

Mejlisde akmagyň nälaýyk sözi,

Danalaň kalbyna sepýändir duzy.

Bir howza dolduryp guýsaň-da gülap,

Bir it gaçsa bolar barysy harap.

Hekaýat

Bir gezek ikiýüzli bir zahyt bir patyşanyňka myhman bolupdyr. Desterhan başyna geçensoňlar, ýaňky zahyt özüni dindar hasaplasynlar diýip, göwün isleginden az iýipdir. Namaza duransoňlar hem namazyny öňküsinden has uzyn okapdyr.

Gorkýan, Käbä ýetmersiň, eýa nadan bäri dur,

Seniň bu barýan ýoluň Türküstana sarydyr.

Ýaňky zahyt öýüne gelip-gelmän: «Maňa saçak ýazyň we nahar getiriň» diýipdir. Onuň örän akylly bir ogly bar eken. Ol kakasyndan:

—Kaka, sen patyşanyňka myhman bolduň ahyry, ol ýerde nahar iýmediňmi? — diýip sorapdyr.

Onda kakasy ogluna:

—Olaryň ýanynda gerk-gäbe nahar iýip bilmedim — diýip, jogap beripdir.

Kakasynyň bu sözüne ogly:

—Onuň ýaly bolsa namazyňy hem gaýtadan oka. Sen ol ýerde derekli namaz hem okap bilen dälsiň — diýipdir.

Hünärlerin görkezip, aýasynda mazamlap,

Aýyplaryny örtýär goltuk astynda toplap.

Gomparmagyn eý, gompy agyr günde galarsyň,

Onsoň bu galp puluňa näme satyn alarsyň?

Hekaýat

Örän gowy ýadyma düşýär. Ýaşlygymda ybadata höweslidim. Gijeler turup, ybadat ederdim. Bir gije kakam bilen bile ybadat etdik. Daň atýança gözümi ýumman çykdym. Gujagymda Gurhany Kerim bardy. Öýdäkileriň hemmesi ukudady. Men kakama:

–Kaka, şularyň hiç bolmanda biri turup, Alla ýolunda iki rekat namaz kylsa, nähili oňat bolardy, öli ýaly ýatyrlar — diýdim .

Onda bu sözüme kakam:

–Oglum! Käşgä sen hem uklasadyň we olary ýazgaryp, gybatyny etmesediň — diýip jogap berdi.

Özünden özgäni görmez gopbam, ulumsy adam,

Sebäp gözünde bardyr „”menlik” perdesi mydam.

Oňa bagyş etseler Haky görjek didäni,

Özünden ejiz diýip bilmezdi hiç kimsäni .

Hekaýat

Döwlet emeldarlarynyň birini bir oturlyşykda çendenaşa öwüpdirler. Onda ol adam ýerinden turup: «Men özümi gowy tanaýaryn we özümiň nähili adamdygymy örän ýagşy bilýärin» diýipdir.

Daşymdan aşa öwüp, arşa çykarmaň meni,

Içimde ne nogsan bar, anyk bilýärin ony.

* * *

Men hemmeleň gözüne diýseň gowy görünýän,

Ýöne içki bolşumdan utanyp ýere girýän .

Tawusy gözel diýip, öwýär ähli adamlar,

Tawus bolsa gelşiksiz aýagyndan utanýar.

Hekaýat

Lubnan dagynda dabarasy dag aşan, ady we keramatlary arap ülkelerinde dillere dessan bolan bir weli bolupdyr. Ýaňky adam bir gün Şama gelipdir. Şamyň metjitleriniň birinde howzuň kenarynda täret kylyp durka, aýagy taýyp, howza ýykylypdyr. Ol uly muşakgat we kynçylyk bilen zordan suwdan çykypdyr. Jemagat namazy gutaransoň, dostlarynyň biri ýaňky adamyň ýanyna gelip:

–Men kyn bir ýagdaýa düşdüm. Maňa kömek et — diýipdir.

Onda weli ondan:

–Ol nähili ýagdaý? — diýip sorapdyr.

Dosty ondan:

–Sen Günbatar deňziniň üstünde ýörediň, hatda aýagyň hem öl bolmady. Bu gün bolsa adam boýy suwda tas gark bolupdyň? Bu ýerde näme hikmet bar? — diýip sorapdyr.

Onda weli başyny aşak salyp, oýa batypdyr, soňra bolsa kellesini galdyryp:

–Sen älemleriň serweri Muhammet Mustapa sallallahy alaýhy wesellemiň: «Meniň Alla bilen aramyzda ýörite bir wagtym bar. Ol wagtda ne mukarrap perişdeler , ne-de pygamberler hiç kim aramyzda bolmaz» diýipdir. Ýöne ol men hemme wagt şol ýagdaýda bolýaryn diýmändir. Şol aýratyn wagtynda Jebraýyl we Mikaýyl perişdeler hem onuň ýanyna gelmez eken. Emma başga mahal, aýallary Hafsa we Zeýnep bilen gürleşer, we duşuşar eken. Welileriň halatlary nur hem perde arasyndadyr, ýagny görkezýär we ýapýar — diýip, jogap beripdir.

Didaryň görkezip, ýene gizleýäň,

Ataş-u odumyz barha tizleýäň.

Seň yşkyňda ýanyp, külümiz çykýar,

Seniň has-da gadyr-gymmatyň artýar.

* * *

Men magşugym hiç hili araçysyz görýärin,

Käte bolsa azaşyp, ýolumy ýitirýärin,

Ol odumy ölçerýär, soň öçürýär suw bilen,

Şeýdip otda ýanýaryn, hem yzyndan gark bolýan .

Hekaýat

Perzendi ýitende Ýakuba biri,

Diýdi: „”Eý, nurly kalp, danalaň piri.

Müsürden köýnegniň ysyny aldyň,

Kenganda çaýdaka neçün bilmediň”?

Diýdi: „”Ahwalymyz ýyldyrym deýin,

Bir pursat görüner, soň gider keýin.

Oturýan arşy aglada käteler,

Kä aýak astyny görmez dideler.”

Eger derwüş saklasady şol halyn,

Tiz çekerdi iki älemden elin.

Hekaýat

Men Balbek metjidinde wagyz edip durdum. Öňümde kalplary öli, doňup galan, dünýä işleri bilen meşgul, ruhy älemden gapyl jemagat bardy. Men özümiň edýän wagzymyň olara täsir etmeýändigini, gyzgyn odumyň olaryň gury odunlaryny ýakmaýandygyny gördüm. Gynandym. Öz-özüme: «Men göýä haýwanlara wagyz edýän we körleriň mähellesinde aýna satýan ýaly» diýdim.

Many gapysy heniz açykdy we sözüň zynjyry uzyndy. Men Gurhandaky: «Biz ynsana onuň ýeňse damaryndan hem has ýakyndyrys» diýen aýaty düşündirýärdim. Gürledigimçe ummanlara çümýärdim, şeýle diýýärdim:

Dost meniň özümden maňa has ýakyn,

Emma men ondan daş, düşünmeklik kyn.

Men näme diýeýin, näme edeýin,

Ol ýanymda, men hijranda, nädeýin.

Men joşup, göýä sözüň şeraby bilen mest bolupdym. Bulguryň goýy ýeri, ýagny sözlerimiň şirini entek dilimdedi. Şol mahal biri gelip ýetdi. Bulguryň goýy ýeri oňa täsir etdi. Ol şeýle bir gygyrdy welin, beýlekiler hem muňa joşdular. Wagyzym oňa güýçli täsir edipdir. Ondan hem beýlekilere geçipdi. Hemmesi hem dady-perýat etdiler. Beýlekiler hem joşdular. Men öz-özüme: «Eý, Allam! Geň galaýmaly. Uzakdaky aryplar bu ýerde jemlenipdirler. Bu ýerdäki körler hem has uzaklara gidipdir» diýdim.

Düşünmese diňleýji aýdylýan gürrüňlere,

Sözleýjide tapylmaz güýç-kuwwatyň joşguny.

Isleg meýdançasyny başardygyňça giňelt,

Batly ursun sözleýji suhangöýlük topuny.

Hekaýat

Bir gezek Mekgä tarap barýarka, ýolda ukysyzlykdan ýaňa, ýöräre mejalym galmady. Men ýanymdaky düeli barýana:

–Sen gidiber. Menden el çek — diýdim.

Bu misgin aýaklar näçe wagt ýörer,

Ejizlän ýolunda daýaw ineriň.

Kuwwatly göwreler horlanyp gider,

Takga jany çykar munda ejiziň.

Onda düeli maňa:

–Dogan, Mekgeýi Harem öňde, garakçy-haram yzda. Eger ýöreseň, halas bolarsyň, ýatyp galsaň, ölersiň — diýdi.

Göç ýolunda kölgede uklamak ýagşy weli,

Ýöne kerwen gidäýse dirilikden ýuw eli.

Hekaýat

Men bir deňziň gyrasynda özüni Allanyň ýoluna beren bir adamy gördüm. Ony gaplaň ýaralapdyr. Edilen emler hem peýda bermändir. Ep-esli wagt bäri bu dertden ejir çekýän eken. Emma ondada ol yzyny üzmän Allatagala şükür edýärdi. Ondan: „"Nämä şükür edýärsiň" diýip, soranlarynda: „"Bela duçar bolsam-da günä duçar bolmadym, şoňa „Alla şükür edýärin" diýipdir .

Dostum eger öldürmäge berse jellat eline,

Diýme maňa: „"Gy ýylar ol öz janyna bir salym."

Diýerin men: „"Men bendeden näme günä çykdyka,

Nädip kalbyn ynjytdymkam" şu bolar meniň gamym.

Hekaýat

Bir garyp kyn ýagdaýa düşüpdir we dostunyň öýünden bir kilim ogurlapdyr. Kazyýetde kazy onuň eliniň kesilmegi barada höküm çykarypdyr. Kilimiň eýesi oňa rehim-şepagat edip:

—Men onuň ogurlan kilimini oňa halal etdim — diýipdir.

Onda kazy:

—Sen halal etseň-de, men şerigata görä berlen hökümi ýerine ýetirmeli — diýipdir.

Kilimiň eýesi:

—Siziň aýdanyňyz dogry. Ýöne ol kimdir biriniň däl-de, wakfyň zadyny ogurlady. Wakfa bagyş edilen zady ogurlanyň hem eli kesilmez — diýipdir.

Kazy ondan:

—Sen wakf meselesini nireden tapdyň. Bu kilim seniňki dälmi? — diýip soransoň, kilimiň eýesi oňa:

–Men bir derwüş. Derwüş adamyň hiç hili zadam bolmaz, özi hem hiç kimiňki däl. Derwüşleriň elinde näme bar bolsa wakfdyr, mätäçleriň zadydyr — diýip, jogap beripdir .

Mundan soň kazy kilimi ogurlana ýüzlenip:

—Näme, dünýä saňa dar geldimi, öz dostuň öýünden zat ogurladyň? Ogurlar ýaly başga ýer tapmadyňmy? — diýip sorapdyr.

Onda kilimi ogurlan garyp kaza:

—Sen näme: «Dostlaryň öýlerini süpür-syr, ýöne duşmanlaryň gapysyny kakma» diýendiklerini eşitmediňmi? — diýip, jogap beripdir.

Kynçylyga düşeňde müzzerme, aglama, goý ,

Duşmanyň derisini, dostuň hem possunyn soý.

Hekaýat

Bir patyşa bir abytdan:

–Biz ýekeje gezek hem bolsa ýadyňyza düşdümmi? — diýip sorapdyr.

Onda abyt oňa:

–Hawa, Allatagalany unudan mahalym, siz ýadyma düşýärdiňiz — diýip, jogap beripdir.

Öz gaşyndan kowanyn ylgadar çar tarapa,

Dergähine çagyrlan, ylgamaz özge gapa.

Hekaýat

Ýagşyzadalaryň biri bir dindar bilen bir patyşany düýşünde görüpdir. Patyşa jennetde, dindar bolsa dowzahda eken. Ol muňa geň galyp bir weliden:

–Bu nämäniň hikmetikä? Patyşa jennetde gezip ýör, dindar bolsa jähennemde. Biz beýle pikir etmeýärdik — diýip sorapdyr.

Onda weli oňa:

–Patyşa derwüşlere goýan hormaty sebäpli jennete, dindar bolsa patyşalara ýakynlaşandygy üçin dowzaha duçar boldy — diýip, jogap beripdir.

Tesbi hem hyrka bilen bolmaz işiň bitirip,

Özüň bet amallardan çekgin, gyra iterip,

Guzynyň dersinden başgap geýmek hajat däl,

Çyn derwüş hem bolup bor tatar telpegin geýip.

Hekaýat

Başy-aýagy ýalaňaç bir pyýada Hyjaz kerweni bilen Kufeden çykyp, bize goşuldy. Oňa nazar saldym, asla aňmady. Ol yrgyldap ýöräp barşyna şeýle diýýärdi:

Men ne ulag üstünde men, ne ulag ýük astynda men,

Ne patyşaň gulamy men, ne şa – halkyň üstünde men.

Ne baýlygyň gamyn çekýän, ne ýoklugyň gussasyny,

Ömrüň asuda dem bilen geçirýärin hossasyny.

Kerwendäki düeli ýolagçylaryň biri oňa:

—Eý, derwüş! Pyýada nirä barýarsyň, yzyňa dön. Ýogsam, kynçylyga döz gelmän ölersiň — diýdi.

Derwüş onuň sözlerine gulak hem asman beýewanlyga tarap gadam urdy. Ýolda Nahlaýy Mahmyt diýlen bir ýere gelenimizde, hälki düýä münüp gelýän baýyň ajaly ýetip ýogaldy.

Derwüş hem onuň başujuna gelip:

–Biz kynçylyk içinde bolsak hem ölmedik, emma sen ineriň üstünde bolsaňam öldüň — diýipdir.

Hassaň gaşynda biri uzyn gije aglady,

Daň atanda ol öldi, syrkaw bolsa, sagaldy.

Hekaýat

Bir gezek bir patyşa bir sopyny myhmançylyga çagyrypdyr. Ýaňky sopy öz-özüne: «Men horlanar ýaly derman içeýin. Patyşa hem men barada has oňat pikir etsin» diýipdir. Emma onuň içeni öldüriji däri eken. Ony içen badyna hem jan beripdir.

Içi doly maňyzly pisse diýen kişilem,

Hem sogan ýaly ajy, gat-gat eken daşy hem.

Halk gözüne sopulyk edýän kişi bilseňiz,

Namazyn okap biler kybla öwrüp ýeňsesin.

* * *

Hudaýyny çagyrsa bende, edip mynajat,

Özgeleri unudar, oňa özge ne hajat .

Hekaýat

Gadym zamanlarda ýunan topragynda garakçylar bir kerweniň ýoluny kesip, täjirleriň harytlaryny we altyn-kümüşlerini talapdyrlar. Täjirler hem aglaşyp, eňreşip olara: «Allanyň we pygamberiň hatyrasyna rehim ediň» diýip ýalbarypdyrlar. Emma olaryň bu ýalbaryp-ýakaryşlary hiç hili peýda we netije bermändir.

Gara ýürek garakçy üstün bolaýsa, belki ,

Onuň näme gamy bar, aglasa kerwen halky.

Ol kerweniň içinde Lukman hekim hem bar eken. Täjirleriň içinden biri Lukman Hekime:

—Sen bulara bir zatlar aýdyp, öwüt-ündew, pent bersene. Hiç bolmasa zatlarymyzyň ýarysyny goýsunlar. Zatlarymyzyň hemmesini alsalar, haýp halymyz harap bolar – diýipdir.

Onda Lukman Hekim oňa:

–Bulara hikmetli söz aýtmagyň özi haýpdyr — diýipdir.

Bir poslan demiri sürtüp, sypalap,

Gözgi deý nur çaýyp bakyp bolmaz hiç.

Köňli garalara öwüt kär etmez,

Daşa demir myhy kakyp bolmaz hiç.

* * *

Şat günleriň gamgynlaryň köňlün al,

Kalp ynjydan belalara duş bolar.

Bir saýyl zar edip, bir zat dilese,

Bermeseň, bir zalym eliňden alar.

Hekaýat

Beýik alym Abylfereç Abdyrahman ibn Jöwzi maňa aýdym-saz diňlemekden daş durmagymy we bir burçda ýalňyz oturmagymy maslahat bererdi. Emma ýaşlygyň we juwanlygyň joşguny menden üstün çykyp onuň aýdanlaryny ýerine ýetirip bilmeýärdim. Men arzuw-hyýalyma tabyn bolup, ol ussadyň nesihatynyň we garaýşynyň garşysyna çykýardym. Aýdym-saz diňläp, ondan lezzet alýardym. Ussadymyň nesihaty ýadyma düşende bolsa şeýle diýerdim:

Kazy otursa biz bilen, elimizi gysardy ,

Muhtesep ger meý içse, mesiň günäsin geçerdi.

Günlerde bir gezek bir oturlyşyga gitdim. Ol ýerde bir sazanda bardy. Onuň sesi şeýle bir erbetdi welin, göýä: «Sesleriň iň erbedi eşek sesidir» aýaty şunuň üçin inen ýalydy. Saz guralyna kakanda ýeňse damaryňy üzüp gidýärdi. Aýdym aýdanda hem «kakaň öldi» diýýän ýaly erbet we ýakymsyz ses çykarýardy.

Jan damaryn üzýän deýin çalýardy näsaz sazy,

”„Öldi ataň” owazyndan beterdi oň owazy.

Oturanlar onuň sesini eşitmejek bolup, käte elleri bilen gulaklaryny ýapýardylar, käte hem oňa «Goý how» diýip gygyrýardylar.

* * *

Hoş owaz aýdyjynyň aýdymlary lezzetli,

Sen neneňsi bagşy sen, her bir sözüň ezýetli.

* * *

Seniň aýdymyňda görünmez hoşluk,

Sen gitseň dolardy bu uly boşluk.

* * *

Ol aýdyp başlady, hem çaldy sazyn,

Diýdim: „”Huda üçin eýa hojaýyn:

Gulagma gurşun guý eşitmäýin men,

Ýa-da gideýin men, gapyny açgyn.”

Elgaraz, dostlarymyň hatyrasy üçin ol ýerde oturdym. Tä, ertire çenli ezýet baryny çekdim.

Gijeden näçe wagt geçenin bilmän,

Azançy bimahal gygyrdy azan.

Gijäň uzaklygyn kirpiklemden sor,

Hiç uky gelmedi göze bir zaman.

Daň atansoň, peşgeş hökmünde kellämdäki sellämi we altynlarymy çykaryp, sazandanyň öňünde goýdum. Özüni hem gujakladym we minnetdarlyk bildirdim .

Dostlarym meniň beýle ederime garaşmansoňlar, meniň bu hereketlerimi geň gördüler. Meni samsykdyr öýtdüler we içleriňden meniň üstümden güldüler. Hatda olaryň biri has hem aşa gidip, meni ýazgaryp: «Seniň bu eden işiň akylly adamyň etjek işi däl. Pirlere mahsus bolan selläňi we hyrkaňy oňa berdiň. Ol sazandaň owujyna ýa-da depine ömründe ýekeje gezegem altyn-a däl, ýekeje ýasama teňňe hem giren däldir» diýdi.

–Munuň dek sazandalar bu öýden gitse ýagşy,

Ikilenç görünmesin gadamlarynyň „”nagşy.”

Uly agzyny açyp, gygyryp başlady soý,

Tiken deý dim-dik boldy bedendäki her bir tüý.

Gorkunjyndan pytrady howluda towuk-horaz,

Beýnimizi çaýkady kekirdek ýyrtan owaz.

Men özüme garşy çykana:

—Uzyn diliňi sakla, sesiň çykmasyn. Men onda keramat gördüm — diýdim .

Onda ol :

—O nämäniň keramaty? Onuň ýaly bolsa bize hem gürrüň ber. Seni ýazgarandygymyz üçin senden ötünç soraly — diýdi.

Men hem oňa:

–Hezreti şyh Abylfereç Abdyrahman ibn Jöwzi maňa ençeme gezek «Biderek aýdym-saz diňlemegi taşla, onuň ýaly ýerlere gitme» diýip öwüt berdi. Emma men ony diňlemedim. Bu gije bolsa ykbalym meni bu ýere getirdi. Bu adamy görüp, ýaramaz kişiniň bolar-bolmaz aýdym-sazyny diňländigim üçin toba etdim. Indiden beýläk beýle ýerlere gitmerin. Indi hiç haçan aýdym-saz diňlemerin — diýdim.

Gözel agyz, şirin bogaz, bal lebden çykan owaz,

Heň aýtsa hem, aýtmasa hem köňül awlar, bolar saz.

Emma erbet aýdymçynyň bokurdagyn bezemez,

Köp ajaýyp mukamlar: „”Uşşak”, „”Horasan”, Hyjaz.”

Hekaýat

Lukman Hekimden:

—Edep-terbiýäni kimden öwrendiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Edepsizlerden we terbiýesizlerden. Men olaryň maňa ýaramaýan zatlaryndan daşda durdum — diýip, jogap beripdir.

Akyllylar aýdylan ýönekeý henek, sözden,

Çykarar bir netije sapak alar özüne.

Nadanlaryň öňünde oka ýüz müň hikmeti,

Oýun diýp, geçirerler gulaklarnyň yzyna .

Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, bir dindar adam bolupdyr. Ol bir gijede on man nahar iýer eken we ertire çenli ýatman Gurhany hatym eder eken. Akyldarlaryň biri hem muny eşidip: «Ýarty çörek iýip uklap ýatmagy, onuň bu hereketinden has bähbitlidir» diýipdir.

Ger görmekçi bolsaň magrypet nurun,

Içiňi boş sakla lukma-tagamdan.

Kalbyň boş hikmetden, paýhas, akyldan,

Sebäp burnuňa çen doly nahardan.

Hekaýat

Hakyň ýolundan uzaklaşan we ters ýola düşen günäkär bir adam bar eken. Allatagala lutfy-keremi bilen oňa özüniň dogry ýoluny görkezipdir. Ýaňky adam toba edip, hak derwüşleriniň toparyna goşulypdyr. Olar bilen dostlaşandygy sebäpli hem-de olaryň sadyk nepesleriniň täsiri arkaly onuň öňki erbet gylyk-häsiýetleri ýagşy gylyk-häsiýetlere öwrülipdir. Nebsiniň arzuw-hyýallaryny taşlapdyr, erbet ahlagy ýagşy ahlaga öwrülipdir.

Gybatkeşler özleriniň pis gylyklaryna eýerip, ähli işleri diňe gybatkeşlik bolansoň, ýaňky biçäräniň üstünden düşüp, onuň gybatyny edip başlapdyrlar. Hatda ol barada: «Ol öňküsi ýaly erbet adam. Siz onuň bu bolup ýörşüne seredip aldanmaň, oňa ynanmaň» diýipdirler.

Toba edip sypsa bor Taňrynyň gazabyndan,

Emma sypyp bilmersiň ynsanlaň zybanyndan.

Ýaňky biçäre özi barada aýdylan sözlere çydam edip bilmän, özüniň piriniň ýanyna baryp, oňa derdini gürrüň beripdir. Piri aglap, oňa: «Sen bu nygmatyň şükürini neneňsi ödärsiň? Sen olaryň pikir edýänlerinden has oňat adamsyň» diýipdir.

Gaýgy etme: «Bahyllar menden gözleýär aýyp,

Men barada erbet zat pikir edýärler» diýip.

”„Käte meniň ganymy dökmäge galkýar” diýme,

”„Käte duşmanym bilen ümleşýär” diýp, gam iýme.

Ýagşy bolsaňam özüň diýseler erbet sözi,

Ýaman bolup, öwlenden ýagşydyr munuň özi.

Mysal üçin, maňa seret, meni görýäň dälmi? Hemmeler men barada ýagşy pikirler edýärler. Emma men durkum bilen nogsan.

Eger aýdýan zadymy özüm etsedim berjaý ,

Ýagşy ahlakly bolan zahyda bolardym taý.

* * *

Goňşulamdan özümi gizläp bilerin mydam, Emma gizläp bilmerin özümi Ýaradandan .

* * *

”„Aýplarymyz örtülsin bilinmesin hiç” diýip ,

Gapyny halk ýüzüne mäkäm ýapýas, gulp urup .

Ýapylan gapylardan näme haýyr, peýda bar,

Çünki gizlin, äşgäri bilip duran Alla bar.

Hekaýat

Men bir pire özümiň derdimi aýdyp, şeýle diýdim :

—Pylan adam maňa: «Ol erbet adamdyr» diýip güwälik beripdir — diýdim.

Onda pir maňa:

—Sen ýagşylygyň bilen ony utandyr — diýdi.

Özüň ýagşy bolgun ýöriş-duruşda,

Şonda aýyp tapmaz nadan, gep urup,

Barbutyň düz heňi ýerinde bolsa,

Sazanda durmazdy gulagyn burup.

Hekaýat

Bir şamly pirden :

—Tasawwufyň esasy näme? — diýip soranlarynda, ol pir :

—Birmahallar dünýäniň ýüzünde birnäçe adam bolupdyr. Olaryň daşky görnüşleri meňzeş bolmasa-da, içki dünýäleri birmeňzeş we ruhubelent kämil kişiler bolupdyrlar. Indi bolsa adamlaryň daşky görnüşleri meňzeş we kämil, emma içki dünýäleri pytraňňy. Ine, tasawwuf diýilýän zat, bu günki adamlaryň ýagdaýlary däl-de, şol gadymy adamlaryň ýagdaýlarydyr.— diýip, jogap beripdir.

Her demde üýtgäp dursa göwün guşuň, hyýalyň, Ýekelikden tapmarsyň köňlüň içre sapany.

Maly-mülküň mertebäň, bar bolsa-da bar zadyň,

Köňlüň Haka baglasaň borsuň hylwatyň hany.

Hekaýat

Ýadyma gowy düşýär. Bir gezek kerwen bilen barýardyk. Gije ýatman ertire çenli ýöredik. Daňdan, bir jeňňeliň çetinde düşledik. Biraz dynç aldyk. Aramyzda gije-gündiz Allatagala ybadat edýän, bir terkidünýä sopy bardy. Ýaňky sopy säher bilen çöle tarap gitdi we nagra çekdi. Ýekeje salym hem dynç almady. Howa gowy ýagtylansoň, men ondan:

—Seniň bu ahwalyň nämedir? Beýan et — diýip soradym .

Onda ol:

—Men daş-töweregime gulak saldym, görsem bilbiller agaçda, käkilikler dagda saýraşýarlar, gurbagalar suwda gurruldaýarlar, janly-jandarlar tokaýda ses edýärler. Oturyp pikirlendim. Olar şeýdip Allany ýatlap durkalar, meniň gaflatda ýatmagym we dymmagym ynsapsyzlyk bolýar. Şonuň üçinem men ýatmadym, gidip Allany zikir etdim — diýip jogap berdi.

Geçen gije birje guş sähere deň nalady,

Akyl-huşum ýitirdim, sabyr-takatym aldy.

Ýürekdeş dostlarymyň biri ýanyma geldi,

Meger meniň owazym onuň gulagna ildi.

Gelip aýtdy: „”Ynanman seniň bolşuňa eý, boş,

Birje guşuň owazy edermi şeýle bihuş.”

Diýdim oňa: „”Eý, dostum, bu adamlyk şerti däl,

Guşlar aýtsa tesbihi bizem dymyp dursak lal.”

Hekaýat

Bir gezek Hyjaza barýarkak, birtopar ýaş sopy ýigitler bize ýoldaş boldular. Olar kämahal öz aralarynda manyly şygyrlary okaýardylar. Biziň aramyzda heniz sözüň doly manysynda kämillige ýetmedik, derwüşleriň içki dünýäsinden bihabar, olaryň köňül ýaralaryny aňmaýan bir sopy bardy. Ol kämillige ýeten ýaş sopy ýigitleriň ruhy ýagdaýlaryny has gowy bilmänsoň we göz ýetirmänsoň, olara känbir üns bermeýärdi.

Biz araplaryň hilal ogullary taýpasynyň ýaşaýan obasyna geldik. Birdenkä, arap çadyrlarynyň birinden garaýagyz bir arap ýigit çykyp, belent ses we hoş owaz bilen nagra çekmäge başlady. Onuň bu sesine guşlar uçmaz, akar suwlar akmaz boldy, asmandaky guşlar ýere gaçdy. Hälki sopynyň düesi hem aýlanyp, towsup başlady. Üstündäki sopyny ýere zyňyp, çöle tarap gitdi. Men ol adama :

—Dogan! Ýakymly ses düýä täsir etdi, emma saňa täsir etmedi — diýdim.

Bilýäňmi daň çagynda ne diýdi maňa bilbil,

”„Sen niçiksi adam sen, yşkdan bihabar, zelil.

Arabyň şygryn eşden düe joşdy bada-bat,

Sende yşkdan eser ýok, misli haýwan tebigat.

Eşit hatda düede joşgundan nyşan bardyr,

Yşkdan joşa gelmedik kişi eşege ýardyr.

Daň ýeli össe bagda leýlisaçlar ülpüldäp,

Çakyr daş gymyldamaz, baky galandyr gatap.

Dykgat bilen bakyp gör barça närse zikr eder,

Muny diň salyp biler manydan tapan habar.

Eşit bilbil diňe bir güle tesbihçi däldir,

Gülüň her bir tikeni tesbihine bir dildir .

Hekaýat

Bir patyşa ölüminiň ýakynlaşýandygy aňypdyr. Ýerine geçer ýaly mirasdüşeri hem ýok eken. Ýaňky patyşa ölüminiň öň ýanynda wezir-wekillerine :

—Ertir irden şäheriň gapysyndan ilkinji bolup giren adamyň başyna patyşalyk täjini geýdiriň. Ýurdy oňa ynanyň, goý, ýurdy ol dolandyrsyn — diýip, wesýet edipdir we jan beripdir. Ertesi gün irden şäheriň gapysyndan ilkinji bolup bir dilegçi gedaý giripdir. Ol gün-güzeranyny dilegçilik bilen geçirer eken, eşikleri hem ýama-ýama bolup giden eken.

Wezir-wekiller, emir-begler patyşanyň wesýetini ýerine ýetirip, galalaryň we hazynalaryň açarlaryny oňa berip, ony patyşa saýlapdyrlar. Ol birnäçe wagtlap ýurtda patyşalyk edipdir. Aradan ep-esli wagt geçensoň, ýurduň emirleri oňa garşy gozgalaň turzupdyrlar. Goňşy ülkeleriň hökümdarlary hem goşun sürüp

ýurdy talamaga başlapdyr. Goşun bilen raýatlaryň arasynda hem näsazlyk döräpdir. Täze patyşa hem bu ýagdaýa gaty gynanyp, näme ederini bilmändir .

Günlerde bir gün patyşanyň derwüş döwründäki köne tanyşlaryndan bir derwüş sapardan gelipdir. Ol syýahat edip ýören eken. Derwüş ony beýle belent derejede görüp :

—Sen Alla şükür et. Ykbalyň saňa ýar bolupdyr. Seniň tikenleriňden gül çykypdyr, tikeniň aýagyndan çykypdyr, uly derejä ýetipsiň. «Her kynçylykdan soň hökman bir ýeňillik, şatlyk bardyr» diýip ýöne aýtmandyrlar — diýip, ony gutlapdyr.

Güller käte açylar, kä hazana duş bolar ,

Daragt hem kä ýalaňaç, kä ýaşyla çolanar .

Patyşa hem bu köne dostuna :

—Dogan! Sen meni gutlama, maňa gynanç bildir. Bu mahal gutlag wagty däl. Alladan güýç-kuwwat dileg etmegiň wagty. Seniň gören wagtyň men diňe çörek derdindedim, indi bolsa dünýäň derdinde — diýip jogap gaýtarypdyr.

Bolmasa dünýäligmiz gaýgysy ýürek daglar,

Eger bolaýsa weli, mähri aýagmyz baglar.

Bu jahanyň teşwüşi duş eder agyr bela,

Bolsa-da, bolmasa-da eder derde mübtela.

* * *

Eger sen isleseň baýlykdyr döwlet,

Iň uly baýlykdyr bilseň kanagat.

Etegiň doldursa bir baý berip zer,

Sogabyna onuň etmegin nazar.

Çünki ululardan eşitdim muny,

”„Derwüşleriň sabry baýlykdan gowy.”

* * *

Eger Bähram getirse gulan etinden kebap,

]Guwanmagyn sen oňa däldir onuň öz maly.[

Bolmaz asla hiç haçan zähmetkeş garynjanyň,

Çekirtgäniň aýagyn getirip berşi ýaly.

Hekaýat

Bir adamyň patyşanyň diwanynda işleýän bir dosty bar eken. Ol ony köp wagtdan bäri görmändir. Bir gezek başga bir dosty ondan:

—Sen ep-esli wagt bäri ol dostuň ýanyna barmaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Onda ol adam:

—Men ony görmek islemeýärin — diýipdir.

Diwanda işleýän adamyň bir dosty hem bularyň ýanynda eken. Ol :

—Onuň näme kemçiligi bar, saňa näme ýamanlyk etdi, näme üçin onuň ýanyna barmak islemeýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda ýaňky adam:

—Hiç hili kemçiligi we ýamanlygy ýok, ýöne ynsan patyşanyň hyzmatynda ýören dostuny iş bilen meşgul mahaly däl-de, diňe wezipeden boşan mahaly görmelidir. Onuň wagtyny almak islemeýärin. Onuň wagtyny alyp, biynjalyk

etmek meni hem biynjalyk edýär. Men öz rahatym üçin dostumyň peläkete duçar bolmagyny islemeýärin — diýip, jogap beripdir.

Mertebä galansoň köpelip işi,

Dostuny tanamaz gözün basyp ýag.

Dostlarnyň ýanyna hasratly barar,

Işinden kowulyp, ejiz galan çag.

Hekaýat

Abu Hureýra her gün Pygamberimiziň ýanyna baryp, onuň bilen görşüp durar eken. Pygamberimiz bir gün oňa :

—Meni hasam gowy göreriň ýaly, meniň ýanyma her gün däl-de, günaşa gel — diýip, maslahat beripdir.

* * *

Bir arypdan:

—Güneş şeýle gerekli bolsa-da, ony söýýäni görmedigem, eşitmedigim. Sebäbi nämäkä? — diýip sorapdyrlar.

Onda aryp:

–Sebäbi Güneş her gün görünýär. Emma gyş aýlary buludyň aňyrsynda gizlenip, kämahal görünen mahaly, ony nähili arzuw edýärler — diýip, jogap beripdir.

Ynsanlary görmäge gitmeklik däldir aýyp, Emma aşa köp gidip, ýürege düşmek haýyp .

Eger öňden özüňe etseň sen melamaty ,

Özgeden eşitmersiň ýaman sözi, haýbaty.

Hekaýat

Emirleriň biriniň içi ýellenipdir. Ol özüni saklap bilmän, biygtyýar içiniň ýelini goýberipdir. Ol ötünç sorap: „”Eý, dostlar, men muny biygtyýar etdim. Muny aýyp hasaplamaň we meni ýazgarmaň. Günä etmedim, gaýtam rahatlandym. Şonuň üçin özüňiziň lutpy keremiňiz bilen meniň ötünjimi kabul ediň» diýipdir.

Diňle eý, akyl adam garyn zyndandyr ýele,

Akyly ýerindäki ýeli hiç „”salmaz ele.”

Ýel içiňde aýlansa çykargyn ony derrew,

Çünki içiňdäki ýel ýük bolýandyr ýürege.

* * *

Ýüzi çytyk bir oňşuksyz pis adam,

Gitjek bolsa saklama, ursun gadam.

Hekaýat

Şamdaky ýaranlarymyň söhbetinden köňülde bir melal döräpdi. Onsoň Kudus sährasyna tarap gitdim we haýwanlar bilen ysnyşdym. Bu ýagdaý, tä, men haçparazlara ýesir düşýänçäm dowam etdi. Haçparazlar meni Trablusda ýehudylar bilen hendek gazmak we diwar gurmak işlerinde ulandylar. Halabyň emirleriniň biri meniň dostumdy. Bir gün ýaňky emir ol ýerden geçip barýarka, meni görüp :

—Sen bu ýagdaýa nädip düşdüň? — diýip, haýran galyp sorady.

Men hem oňa şeýle jogap berdim:

Adamlardan gaçyp dag-düze gitdim,

Hudadan özgäni belli unutdym.

Özüň gör, deňeşdir bu sagat halym,

Adam dälleň ýatagynda bolýaryn.

* * *

Ýatlar-bigäneler bilen bagyň içinde gezenden,

Gowudyr dostlaryň gaşy, aýak gandally bolsa hem.

Emir meniň bu halyma gaty gynandy, ýüregi awady. Meniň üçin on altyn töläp, halas etdi we Halaba alyp gaýtdy. Öz gyzyny ýüz altyn mehri muýejjel tölemek şerti bilen maňa durmuşa çykardy. Ol gyz bethüý, jenjelçi, boýun egmezek gyz eken. Aradan ep-esli wagt geçensoň, bu gyz maňa dil ýetirmäge we meniň bilen dawa-jenjel etmäge başlady, aýşy-eşretimi zähere öwürdi. Men bu ýagdaýdan gaty biynjalyk boldum.

Ýagşy kişiň öýünde bolsa eger ýaman zen,

Bolar oňa bu älem hem dowzah hem jähennem.

Zynhar ýüz gezek zynhar, zynhar ýaman hatyndan,

Taňrym özüň gorawer jähennemiň odundan.

Ýaňky aýalym bir gün meni kemsidip:

—Sen kakamyň haçparazlaryň elinden on altyna satyn alan kişisi dälmi näme — diýdi.

Men hem içimiň ýangyjyna:

—Dogry, ol meni haçparazlardan on altyna halas etdi, emma ýüz altyna saňa ýesir etdi — diýdim.

Eşidipdim: bir goýuny bir çopan,

Möjegiň elinden edipdir halas.

Agşam bogazyna pyçak goýanda,

Goýun dil açypdyr, zarynja nalap:

”„Möjegiň elinden sypdyrsaň-da sen,

Çyn gurt sen ekeniň” diýipdir mäläp.

Hekaýat

Bir patyşa bir abytdan:

–Wagtyňy nähili geçirýärsiň? — diýip sorapdyr.

Onda abyt:

–Gijeleri ybadat, säherleri doga-dileg, gündizleri gün-güzeran bilen geçirýärin — diýip, jogap beripdir.

Patyşa onuň bu jogabynyň düýp manysyna düşünipdir we onuň gün-güzeranynyň agyr ýüküni ýeňletmek üçin gerek-ýarak zatlary bilen üpjün edilmegine emr edipdir .

Daňsa duzagna eger çaga, maşgala-aýal,

Onsoň edip bilmersiň erkinligi sen hyýal.

Perzentleriň gaýgysy: iýmit, lybasy, nany, Ýene-de ýere düşir aýlansaň-da asmany.

Tutuş günläp göwnüňde besleýäniň şu niýet:

”„Agşam Hak dergähine ederin men mynajat.”

Emma ýassy namazyn okap bolansoň, has-da,

”„Näme iýer perzentlem ertir?” diýp edýän hossa.

Hekaýat

Bir şamly dindar birnäçe ýyllap, bir jeňňelde tagat-ybadat bilen ýeke özi ýalňyz ýaşapdyr. Iýmiti hem tokaý agaçlarynyň ýapraklary eken. Günlerde bir gün ýurduň patyşasy onuň ýanyna zyýarata gelip:

—Eger razy bolsaň, seniň üçin şäherde bir öý gurup bereýin, gün-güzeranyňy hem üpjün edeýin. Ol ýerde has köp we arkaýyn ybadat edersiň. Beýlekiler hem sizi görmäge gelerler, siziň mübärek demleriňiziň bereketinden peýdalanyp, siziň hereketleriňize uýarlar — diýipdir.

Ýöne dindar muny kabul etmändir. Wezir-wekiller hem oňa:

—Patyşanyň göwni üçin birnäçe günlük şähere geliň. Ýagdaýa görä boluň. Eger halamasaňyz, ygtyýar siziňki. Näme diýseňiz, şol bolar — diýip, haýyş edipdirler.

Ýaňky dindar hem muňa razy bolup, şähere gelipdir. Patyşanyň ýörite bir bag-bakjasyny oňa beripdirler. Ol ýer göwün açyjy, ruhuňa hoş ýakýan mesgen eken.

Gyzyl gülli gözelleriň ýüzüdir,

Sünbülleri hut zülpüniň özüdir.

Seretseň bagdaky gül açan narlar,

Asylgy nurlary ýadyňa salýar.

* * *

Hökümdar ýaňky dindaryň hyzmatyna owadan bir gyrnak iberipdir.

Aý jemaly owsun atýardy sopa,

Perişde ýüz, görki meňzär tawusa.

Göräýseler gül ýüzüniň jemalyn,

Takwa sopular hem aldyr kararyn.

Ol owadan gyrnagyň yzyndan görmegeý bir gul hem iberdi. Ol şeýle bir görkli guldy welin, heniz görlüp-eşidilmedik owadandy. Onuň gözelligine sopularam takwalyk penjesini gowşatjakdy.

Pyrlanýardy hemme onuň daşynda,

Göýä teşnelikden ölýän mysaly.

Göz ony görmekden hiç doýmaýardy,

Istiskaň Fyratdan ganmaýşy ýaly.

Dindar ol ýerde lezzetli naharlar iýmäge, owadan eşikler geýmäge, datly ir-iýmişlerden, miwelerden iýip, guly bilen gyrnagynyň gözelligine guwanyp, aýşy-eşretden lezzet almaga başlapdyr. Şonda ol: „”Danalar: «Gözelleriň saçy

akylyň aýagyny duşaýan zynjyr we akylly guşy duzaga düşürýän duzakdyr” diýipdir.

Köňlüm, dinim, bar bilimim seniň ýoluňda ýok etdim,

Hakykat akylly guş men, sen duzak sen meni tutduň.

Elgaraz, dindar dindarlygyny we ruhy dünýäsini ýitiripdir. Bu adaty bolaýmaly ýagdaýdyr. Sebäbi bu barada şeýle diýipdirler:

Pirmi ýa müritmi ýa-da alymmy,

Ýa-da demi düşgür keramatlymy,

Bu pes dünýä inip gelensoň, seret,

Siňek deý, aýagy bolar bala bent.

Bir gün patyşa ony görmek isläpdir. Gelip görse, dindar öňküsi ýaly däl, düýbünden üýtgäpdir. Hatda tanar ýaly dälmiş. Ýüzi-gözi durlanypdyr, semräpdir. Özi hem ýüpek ýassyga ýassanyp ýatyrmyş, başujunda hem peri ýüzli gyrnak tawus ýeleklerinden ýasalan ýelpewaç bilen onuň ýüzüni ýelpäp otyrmyş.

Patyşa dindaryň keýpiniň kökdügini, işiniň oňyndygyny görüp şatlanypdyr. Onuň bilen salam-helik alyşyp, ondan-mundan sözleşenlerinden soň, oňa :

—Men şu dünýäde iki zady söýýärin. Biri alymlar, biri hem zahytlar — diýipdir.

Patyşanyň akylly we köpi gören bir weziri bar eken. Ol söze goşulyp :

—Kyblaýy älem! Söýmegiň hem şertleri bardyr. Siziň ýaňky aýdan iki toparyňyza hem ýagşylyk we hemaýat etmeli. Alymlara olaryň ylymlary has hem artsyn, has köp okap öwrensinler diýip altyn-kümüş peşgeş berip, kömek etmeli. Zahytlara bolsa, ybadatlaryny has köpräk eder ýaly hiç zat bermeli däl — diýipdir.

Gözel ýüzli sahypjemal perizat görklülere,

Asla göwher gaşly ýüzük, bezeg, zynat gerekmez.

Ýagşy gylyk-häsiýetli, mübärek pälli derwüş,

Hanakanyň lukmasyna, diläp nana seretmez .

* * *

Zadym barka islesem ikinjini,

Zahyt diýip, atlandyrmazlar meni.

Hekaýat

Bir patyşanyň möhüm bir işi ýüze çykypdyr. Ol öz-özüne: «Eger meniň bu işim amala aşsa, zahytlara köp altyn-kümüş paýlajak. Men özüme söz berýärin» diýipdir .

Patyşanyň bu işi amala aşypdyr. Ol hem beren sözünde durmak üçin, hyzmatkärleriniň birine bir halta altyn berip:

—Bulary al-da, şäherdäki zahytlara paýla — diýip tabşyrypdyr.

Ol gul örän akylly ekeni. Uzynly gün şähere aýlanyp, gün ýaşanda köşge gelipdir. Elinde hem altynly halta bar eken. Ol haltany patyşanyň öňünde goýup:

—Siziň aýdýan adamlaryňyzy tapmadym — diýipdir.

Onda patyşa:

—Ol nähili bolýar? Meniň özüm bu şäherde dört ýüz sany zahydy tanaýaryn — diýipdir.

Akylly gul bolsa, onuň bu sözlerine:

–Kyblaýy älem! Hakyky zahyt altyn-kümüş almaz, alan hem zahyt däldir — diýipdir.

Onuň bu sözlerine patyşa ýylgyryp:

–Men terkidünýä, Alla ybadat edýän, zahytlary näderejede söýýän bolsam, meniň bu işýakmaz we şadyýan gulum hem olara şol dereje duşmandyr. Ýöne onuň aýdýan zatlary dogrudyr we hakykydyr — diýipdir.

Zahyda gerekmez dünýäniň maly,

Eger zer alýarmy? Gözle başgany.

Hekaýat

Ylmyň aňrybaşyna çykan alymlaryň birinden:

–Siz wakfyň çöregi barada näme aýdyp biljek? Ol halalmy ýa-da ýok? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

–Eger köňülleri rahatlandyryp, ybadat etmek üçin alýan bolsalar halaldyr. Eger „”getirip bersinler, biz hem iýeliň” diýip, üýşýän bolsalar haramdyr — diýip, jogap beripdir.

Ybadat etmek üçin künçde, alarlar nany,

Ybadat etmez sopy tapmak üçin lukmany .

Hekaýat

Bir derwüş biriniň öýüne myhman bolupdyr. Öý eýesi örän jomart adam eken. Oturlyşykda başga-da birnäçe suhangöý we çeper dilli adamlar hem bar eken. Ol ýerde her hili manyly we gyzykly gürrüňler edilipdir.

Derwüş bolsa, örän uzak ýoly, çöli-dagy söküp, ýadaw halda gelipdir. Ol heniz agzyna ýekeje dogramça hem atyp-atmanka, oturanlaryň biri ondan:

—Sen hem bize bir zatlar barada gürrüň bersene — diýip, haýyş edýär.

Derwüş hem:

–Men siz ýaly suhangöý we alym adam däl. Hiç zat okamadym. Gyzykly gürrüňler edip bilmeýärin, ýöne men bir beýt okap bereýin, şonuň bilen kanagat ediň — diýip, bir beýt okapdyr:

Çörek doly saçagyň başynda duryn men aç,

Zenanlaryň hammamyna garap duran deý sallah.

Bu beýt hemmeleriň göwnüne ýarap, bary birden güldüler hem-de derwüşiň öňüne saçak ýazdylar. Öý eýesi derwüşe :

—Dostum! Sabyr et, häzir hyzmatkärler üwelen et gowurýarlar, kebap häzirleýärler — diýipdir.

Onda derwüş kellesini galdyryp, şeýle diýipdir:

Saçagymyň başynda bolmasa bolmasyn et,

Ýoldan ýadap gelene gury nan hem kebap dek.

Hekaýat

Sopularyň biri pirinden:

—Meniň öýüme köp myhman zyýarata gelýär. Men biynjalyk bolýaryn, wagtym biderek geçýär. Näme edeýin, maňa ýol görkez? — diýip, haýyş edipdir.

Onda piri oňa:

—Gelýänler garyp bolsa, olara pul karz bergin, eger baý bolsalar, olardan karz pul sora. Şeýtseň, karz berenleriňem, karz alanlaryňam seniň gapyňa asla gelmez. Sen hem arkaýyn bolarsyň — diýip, maslahat beripdir.

Eger bolaýsa bir gedaý yslam leşgeriniň başy,

Dileg eder öýdüp gorkup, kapyr gider Çine garşy.

Hekaýat

Bir talyp kakasyna :

—Bu wagyzçylaryň aýdýan zatlary maňa hiç täsir etmeýär. Sebäbi olaryň amallary aýdýan zatlaryna laýyk gelmeýär – diýipdir .

Halka terkidünýäligi öwreder,

Özi ýygar altyn, kümüş, galla zer.

Eger alym aýdanyn özi etmez,

Her näçe söz diýse bir kişi tutmaz.

Alym oldur – özi erbet iş etmez,

Özüniň etmedigin halka aýtmaz.

* * *

Allatagala Gurhany Kerimde: «Halky ýagşylyga ýollap, özüňizi unutjakmy?» diýýär.

Lezzet-sapada ýaşap, alym öz keýpini söýse,

Niçik özgä baş bolar, özi ýitipdir eýse.

Onda kakasy ogluna:

—Oglum, sen ýalňyş pikir edýärsiň. Öwüt-ündew edýänlerden ýüz öwürmek, ýalta bolmak, alymlary ýoldan azaşanlar bilen deň tutmak, kemçiliksiz alym tapjak diýip ylmyň peýdalaryndan mahrum bolmak, bilýärmiň, nämä meňzeýär? Diňle men saňa kiçijik bir Hekaýat gürrüň bereýin we mysal getireýin: «Bir kör bir gije palçyga ýykylyp: «Eý, musulmanlar, meniň ýoluma çyra tutuň» diýip, gygyrmaga başlapdyr hem-de halky kömege çagyrypdyr. Muny eşiden bir henekçi aýal hem oňa: «Sen çyrany görüp bilmeýärsiň ahyry, çyra bilen nämäni görjek?» diýipdir.

–Oglum! Wagyz mejlisi mata dükanyna meňzär. Pul bermeseň, ol ýerden hiç zat alyp bilmersiň. Wagyz islegli we yhlasly, teşne bolup gelmeseň, ol ýerden hiç zat alyp bilmersiň we köňlüňde hatyrjemlik tapmarsyň — diýipdir.

Alymlaň aýdanyna jan gulagyn tut mäkäm,

Eden işi sözüne mynasyp bolmasa hem.

Biderekdir, batyldyr dawaçylaň aýdany,

”„Uklan kişi turuzyp bilmez, uklap ýatany.”

Akyl kişi almaly gulagynyň töründen,

Öwüt ýazylan bolsa diwaryň hem ýüzünden .

Hekaýat

Hanakada sopy bolup ýören bir sopy, ol ýerdäki dostlaryny taşlap medresä geldi. Men ondan:

—Ylym bilen meşgullanmaýan bilen dindar sopynyň arasynda nähili tapawut bar? Näme üçin tagat-ybadat bilen meşgul bolmagy goýbolsun edip, ylym talyplarynyň hataryna goşuldyň? — diýip soradym.

Onda ol:

—Sopular we diňe ybadata meşgul kişiler „”gämisini halas eden serkerde” diýlişi ýaly, tolkunlaryň arasyndan diňe özlerini halas etmäge tagalla edip, diňe özleri barada pikirlenýärler. Beýlekiler, ýagny ylym eýeleri bolsa, deňze gaçyp gark boljaklary halas etmäge çalyşýarlar —diýip jogap berdi.

Hanakadan medresä geldi bir sopy kişi,

Taşlady sopulary, zahyda bagly işi.

Soradym: „”Alym bilen abydyň ne parhy bar?

Neçün sen ony däl-de muny etdiň ygtyýar”?

Diýdi: „”Abyt tupandan „”kilimini” çykarýar,

Alymlar gark bolany çykarmaga çalyşýar.”

Hekaýat

Bir ýaş ýigit ýoluň gyrasynda serhoş bolup ýykylyp, uklap galypdyr. Bir abyt hem oňa hykaratly göz bilen seredip, onuň ýanyndan geçip gidipdir.

Ýaňky serhoş ýigit başyny galdyryp, dindara seredip, Gurhany Kerimden: «Olar (ýagny Taňrynyň sadyk bendeleri) ýalan güwälik bermezler we ýaramaz (zadyň) ýanyndan öten wagtlarynda alyjenaplyk bilen (ondan ýüz öwrüp) öterler» diýen aýaty aýdypdyr.

Etsem bir ýazykly iş görmedik bol, ýumşak bol,

Men bet iş edýän bolsam, sen nä ýagşy bolmaýaň!?

* * *

Ýazyklydan ýüz öwürme eý, takwa,

Sen oňa şepagat nazaryňy seç.

Men etmişim bilen „”Ynsan bolmasam,”

Sen meniň ýanymdan ynsan bolup geç.

Hekaýat

Birnäçe serhoş ýigit üýşüp, bir derwüşi ýazgaryp, oňa erbet sözler aýdypdyrlar. Ol hem bu sözlerden ynjap, piriniň ýanyna baryp, şikaýat edipdir. Onda piri oňa :

—Eý, perzent! Derwüşlik hyrkasy razyçylyk lybasydyr. Her kim bu hyrkanyň içinde isleg-myradyna ýetmedigi üçin sabyr-takat edip bilmese, ol ýalan derwüşdir we bu hyrkany geýmek oňa haramdyr — diýipdir.

Bir daş atsaň ummana tolkun atmaz, bulanmaz,

Ynjaýan bolsa abyt – ýalpak suwdur, durlanmaz.

* * *

Saňa zyýan berseler sabyr et, eýle takat,

Bagyşlap bilseň eger borsuň günäden azat.

Eý, byradar, akybet, gara toprakdyr bilseň,

Şoň üçin gum bolmankaň gowudyr toprak bolsaň.

Hekaýat

Diňle bir hekaýat, bir çak Bagdatda,

Baýdak perde bilen edipdir dawa.

Baýdak ýol çaňyndan, sapar ejrinden,

Perdä bakyp aýtdy käýinç ýüzünden:

",,Ikimiz bir eýäň dergähinde biz,

Bende biz, soltanyň bargähinde biz.

Men hyzmatda birje dem dynç almadym,

Wagt-u biwagt saparlardan ýadadym .

Sen ne ezýet gördüň, ne-de galany,

Ne sähra, ne ýeli, ne çaň-tozany.

Tagalladan gadamym öňde meniň,

Ýöne neçün hormatyň uly seniň ?

Sen gaşynda bolýaň aý ýüzlüleriň,

Atyr ysly owadan kenizleriň.

Men bolsam göreniň elinde haýran,

Sapara baglanan, başym sergerdan."

Perde aýtdy: ,,"Men baş goýýan bosaga,

Sen deý başym galdyrmaýan asmana.

Her kişi bihuda baş galdyrsa, bak,

Öz başyny özi taşlandyr aşak.

Hekaýat

Bir pir bir daýaw pälwany görüpdir. Pälwanyň agzy köpürjikläp, reňki gyzaryp, gahar-gazaby dolup duran eken. Pir bir kişiden:

—Muňa näme boldy? — diýip sorapdyr .

Onda ol adam:

—Pylan kişi oňa paýyş sözler aýdypdyr — diýip, jogap beripdir.

Onda pir:

—Bu samsyk müň manlyk daşy göterýär-de, bir sözi göterip bilenokmy? — diýipdir.

Güýjüm zor diýp lap urma, etme mertlik dawasyn,

Özüne erk etmedik ne mertdir ne aýaldyr.

Eger eliňden gelse, şirin et özge agzy,

Agza ýumruk urmaklyk, bilseň erkeklik däldir.

* * *

Eger güýç bilen piliň maňlaýyny owsa-da,

Adam däldir, bil, onda adamçylyk ýok bolsa.

Döredilendir bilseň adam ogly toprakdan,

Ol adam ynsan däldir eger toprak bolmasa.

Hekaýat

Pirleriň birinden sopy doganlarynyň (sopularyň) ahlak-sypatlary barada soradym. Onda ol :

—Olaryň iň pesi dostlarynyň arzuw-isleglerini öz arzuw-isleglerinden has ýokary tutýandyr — diýip, jogap berdi.

Bu meselede akyldarlar: «Diňe öz aladasy bilen daňlyp galan dogan – doganam däldir, garyndaşam» diýipdirler.

Hemraň eger gyssap dursa, ýoldaşym diýp, oýlama,

Sende köňli ýok kişige sen-de köňül baglama.

Garyndaşyň eger bolsa, diýanatsyz, biýedep,

Sen hem ondan garyndaşlyk ýüpün kesseň ýagşy gep.

Ýadyma düşýär, biri meniň bu sözüme garşy çykyp :

—Allatagala Gurhany Kerimde dogan-garyndaş bilen dostlugy we aragatnaşygy kesmegi gadagan edipdir hem-de ýakynlaryň bilen dostlaşmagy emr edipdir. Seniň bu sözüň Allanyň kelamyna ters gelýär — diýdi.

Men hem oňa :

—Ýok, tersine, sen ýalňyşýarsyň. Sebäbi Allatagala: «Eger olar öz bilmeýän zatlaryny (ýagny ýasama ýalan hudaýlary) Maňa şärik etjek bolup, hem seniň boýnuňa dakjak bolup, saňa zor salsalar, sen olara tabyn bolmagyn» diýipdir — diýdim.

Taňryny tanamaýan müň sany dogan-gardaş ,

Ony bilýän bir ýada pida bolsun, eý, syrdaş!

Hekaýat

Bagdatda sypaýy bir goja bardy,
Gyzyny bir köwüş tikýäne berdi.

Ärsumak, daşýürek şeýle bir çakdy,
Gyzyň dodagyndan gyrmyz gan akdy.

Daňdanlar, kakasy gören dessine,
Eňip geldi giýewiniň üstüne.

Diýdi: „”Näkes seret eden işiňe,
Dodak gaty gaýyş däldir dişiňe.”

Gülki diýp, aýtmadym muny, gulak sal,
Henegin taşla-da manysyny al.

Siňse häsiýete bir ýaman gylyk,
Zandyndan aýrylmaz dynmasa ölüp.

Hekaýat

Bir alymyň örän betnyşan bir gyzy bar eken. Gyz ýetişipdir. Onuň mal-mülki köp bolsa-da, hiç kim oňa gudaçylyga gelmeýärmiş.

Aşa betnyşandyr ýüpek daraýy,

Betnyşan geliniň egninde daýy.

Ahyry kakasy ony bir köre durmuşa çykarypdyr. Günlerde bir gün Serendip adasyndan körleri sagaldýan, gözlerini açýan bir tebip gelipdir. Gyzyň kakasyndan:

—Sen näme üçin giýewiňi bu tebibe görkezmeýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Gözleri açylsa, gyzymyň talagyny berer öýdüp gorkýaryn — diýip, jogap beripdir.

* * *

Görmeksiz, bedroý aýalyň äriniň kör bolmagy has oňatdyr.

Hekaýat

Bir patyşa derwüşleri hiç halamaz eken we olara kemsidiji göz bilen sereder eken. Günlerde bir gün derwüşleriň biri hökümdaryň ýanyna gelip :

—Eý, hökümdar! Biz pany dünýäde leşger taýdan seniňkiden örän az, emma ýaşaýşymyz kanagat taýdan seniňkiden has oňat. Ölüm meselesinde hemmämiz deň. Kyýamatda bolsa, senden has ýokardadyrys — diýipdir.

Eger bolsaň, ülkeleri alan şa,

Ýa-da nana mätäç derwüş, ýa geda.

Bu dünýäden giden wagtyň ýumup göz,

Kependen başga zat almarsyň bilseň.

Eger bu ülkeden göçmekçi bolsaň,

Gowudyr şalykdan gedaýlyk bilseň.

* * *

Derwüşleriň daş görnüşleri ýamaly lybas bilen syrylan saçdyr,

Hakykatlary bolsa – öli nebis bilen diri köňüldir.

* * *

Derwüş däldir dawa işigne çykan,

Garşylaşsaň dawa etmez hiç haçan.

Eger dagdan togalansa uly daş,

Aryp bolmaz onuň öňünden gaçan.

Derwüşlik ýoly on sanydyr. Olar şulardyr: zikr, şükür, hyzmat, tagat-ybadat, pespällik, kanagat, towhyt (Allany hemmetaraplaýyn bir bilmek), töwekgellik (Alla bil baglamak), razyçylyk we sabyr. Bu ahlak-sypatlar kimde jemlense, ol derwüş hasaplanar. Bular ýüpekden don geýseler hem derwüşdirler. Emma käbir ýaňralar, bihepbeler, binamyslar bardyr, olar ne ybadat ederler, ne doga-dileg ederler, özleriniň haý-u höwesine tabyn bolup, gündizleri keýpi-sapa çekýän, gijelerini gaflat ukusy bilen geçirýän, agzy-burny dek durmaýan, agzyna näme gelse samrap ýörenler derwüş abasyny geýselerem derwüş däldirler.

Eýa içi takwalykdan boş adam,

Daşdan geýýäň mynapyklyk lybasyn.

Asmagyn gapyňdan ýedi dür perde,

Sebäp öýde borýada oturýarsyň .

Hekaýat

Gupba ýaly beýigräk bir ýerde daşy ot bilen daňylan bir çemeni gördüm. Içimden öz-özüme: «Ol nähili bolýar, ýönekeý ot gülleriň arasynda näme işleýär?» diýdim. Onda ot aglady we dil açyp, maňa:

—Ýuwaş! Heý, keremli ynsanlar dostlaryny ýatdan çykararlarmy? Men owadan däl, reňkim we ýakymly ysym ýok. Ýöne men gülleriň ýetişen bakjasynda ýetişdim — diýdi.

Menem Kerim bolan Allatagalanyň bir guly. Onuň nygmaty bilen önüp-ösüp kemala geldim, ulaldym. Meniň haýsydyr bir hünärim bolsa-da, bolmasa-da, Alladan umydym onuň lutpy keremidir. Başga zat islemeýärin. Umyt üçin hiç hili baýlygym, tagat-ybadatym, hiç hili sebäbim bolmasa hem Allatagala guly üçin hökman bir çäre tapar we ony halas eder. Belli bolşy ýaly, gul azat edýänler, öňürti garry gullary azat edýändirler .

Ot üstünde gördüm bir desse ter gül,

Ot sapagy bilen baglanypdyr ol.

Diýdim: „”Ýönekeýje bu ot-ösümlik,

Gülüň hatarynda urup dur deňlik.”

Ot aglady, diýdi: „”Sözleme, dym, goý,

Keremli dostuny unudarmy heý!?

Bolmasa-da gözel görküm, hoş ysym,

Şol bir bagda ösdüm, eşitgil sesim.”

Sahawatly Taňryň bendesi menem,
Gadymy nygmatyn işdämen iýen.

Eger bihünär men, eger hünärli,
Ýalkaw umydym bar, Taňry keremli.

Ýogsa, ýokdur hiç bir zadym – harydym,
Tagat-ybadatym – sermaýam-gorum.

Ol edýär çäresin bende işiniň,
Bolmasa-da serişdesi kişiniň.

Gul azat edýäne gadymdan adat,
Ilki edip başlar gojany azat.

Eý, älem düzleýji Taňrytagala,
Öz garry bendäňi ýalka, bagyşla.

Sagdy, sen yrzalyk Käbesine bar,
Eý, Huda bendesi Hak ýoluna gir.

Hekaýat

Bir akyldardan:

—Jomartlyk gowumy ýa batyrlyk? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol :

—Jomart bolanyň asla batyrlyga mätäçligi ýokdur — diýip, jogap beripdir.

Gulan tutan Bähram Guruň kuwwaty ýokdur onça,

Çekirtgäniň aýagyny süýreklän garynjaça.

* * *

Galmady Hatam Taý, emma ebedi,

Meşhur sahy ady galdy dünýäde.

Zekat ber, üzümiň artyk pudagyn,

Çapsa daýhan, miwe bolar zyýada.

* * *

Gabrynda bitilmiş Bähramy Guruň,

Kerem eli ýegdir golundan zoruň .

ÜÇÜNJI BAP

KANAGATYŇ PAZYLATY HAKDA

Hekaýat

Halabyň mata-marlyk we lybas bazarynda magryply bir dilegçi: «Eý, nygmat eýeleri! Sizde ynsap, bizde kanagat diýlen zat bolsady, dünýäde dilegçilik diýlen zat ýok bolup giderdi» diýýärdi.

Eý, kanagat gel-de meni baý eýle,

Özüňden aňyrda ýokdur hiç nygmat .

Sabyr künji saýlanydyr Lukmanyň,

Sabyrsyz kişide tapylmaz hikmet.

Hekaýat

Müsürde iki sany begzada bolupdyr. Biri ylym öwrenýär eken, beýlekisi hem mal-mülk ýygnaýar eken.

Ylym öwrenýän talyp döwrüniň tanymal alymy, mal-mülk ýygnaýan hem Müsüriň iň baý adamy we maliýe weziri bolup ýetişipdir. Bu ýokary wezipä ýeten dogany alym doganyny äsgermezlik edip:

—Men uly döwlete eýe boldum, sen bolsa garyplygyňa galdyň — diýipdir.

Onda alym doganyna ýüzlenip:

—Dogan! Men Allatagala şükür etmeli. Men pygamberleriň mirasyna eýe boldum, ýagny ylma gowuşdym. Sen bolsa Pyrgaun bilen Hamanyň mirasyna, ýagny Müsür häkimligine gowuşdyň — diýip jogap gaýtarypdyr.

Garynja men aýak teýde ýenjilen,

Ary neşteri däl ile sanjylan.

Ýokdur agyrtmaga kuwwatym, ili,

Edeýin bu döwlet şükrün nähili?

Hekaýat

Eşidişime görä, bir derwüş ýoksullygyň derdinden ýanyp-bişip, gaty garyp ýaşaýar eken. Hyrkasyny hem ýamap-ýamap, abat ýer goýmandyr. Ol şeýle diýer eken:

„Kanagat edeli köňlüm, ýyrtyk dona, gury nana,

Öz mähnet ýükünden iliň minnet ýüki agyr jana.

Bir kişi oňa:

—Bu şäherde keremli we jomart bir adam bar. Ol bütin ömrüne garyp-gasarlara ýardam edip gelýär. Ol bu ýagdaýyňy eşitse, saňa ýardam etmegi minnet bilmez we ýagşylyk etmegi özüne ganymat biler — diýipdir.

Onda derwüş oňa:

—Sem bol! Ýoksullykda ölmek, başga birine ýetmezçiligiňi arz etmekden has gowudyr — diýipdir.

Bu barada şeýle diýipdirler:

„

”Täze geýim ber” diýip, bege nama bitmekden,

Sabyr burçunda busup, don ýamamak ýagşydyr.

Jennete bir goňşynyň zory bilen gitmekden,

Hakykatdan tamugyň muşakgaty ýagşydyr.

Hekaýat

Pars hökümdarlarynyň biri näsag musulmanlara seretmek üçin bir lukmany pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna iberipdir. Lukman ep-esli

wagt Medinede ýaşapdyr. Emma onuň ýanyna özüne seretdirmäge hiç kim gelmändir. Ýaňky lukman bir gün Pygamberiň ýanyna baryp:

—Meni sahabalara seretmek üçin iberdiler. Men ep-esli wagt bäri bu ýerde gezip ýörün. Emma hiç kim ýanyma gelmedi, ünsem bermedi — diýipdir.

Pygambermiz hem onuň bu sözlerine:

—Sahabalaryň iki sany edýän zady bar: gowy ajykmasalar, hiç zat iýmeýärler we saçak başyndan garynlaryny doly doýurman turýarlar — diýipdir.

Onda ýaňky lukman:

—Ine, bular saglygyň girewi. Onda meniň bu ýerde geregim ýok — diýipdir we ýol şaýlaryny jemläp yzyna gidipdir.

Dana şeýle wagtda aýdar kelamy,

Gürlemese zyýan geljek mahaly .

Şeýle-de elini uzadar nana ,

Zyýan ýetjek bolsa, iýmese, jana.

Bularyň sözleri aýny hikmetdir,

Iýmiti saglykdyr, sagat etmekdir.

Hekaýat

Bir adam elmydama toba edip, soň ýene tobasyny bozar eken. Bir alym oňa wesýet edip: «Sen köp iýmäge öwrenişipsiň we damagyň guly bolupsyň. Tobanyň, ýagny nebsiň bagy gyldan inçedir. Sen eger nebsiňe beýle bakjak bolsaň, nebsiň bir gün gelip, zynjyry gyrar we seni para-para eder» diýipdir.

Bir adam saklady möjek çagasyn,

Ulalansoň, paralady eýesin.

Hekaýat

Hökümdar Erdeşir Bäbekanyň gylyk-häsiýetleri hakynda ýazylan eserleriň birinde şeýle bir rowaýat getiripdirler: Erdeşir bir gezek bir arap hekiminden:

—Günde näçeräk nahar iýmeli? — diýip sorapdyr.

Onda ol hekim:

—Ýüz dirhemlik nahar iýseň ýeterlikdir — diýip, jogap beripdir.

Erdeşir ýene-de:

—Bu mukdar nädereje güýç-kuwwat berer? — diýip sorapdyr.

Onda hekim:

—Bu mukdar seni aýak üstünde saklar we ýaşadar. Mundan artyk bolsa, onda sen onuň hammalysyň — diýip, jogap beripdir.

Iýmek hem ýaşamak hem zikir üçin,

Sen ýaşaýaň iýmek pikiri üçin.

Hekaýat

Iki sany horasanly derwüş syýahata çykypdyr. Olaryň biri hor, beýlekisi bolsa semiz eken. Olaryň hory üç günden bir gezek nahar iýer eken. Beýleki semiz bolsa, günde üç gezek nahar iýer eken. Bir şäheriň derwezesiniň öňünde bulara günä ýöňkelip, töhmet bilen tutupdyrlar. Ikisini hem bir otaga salyp, daşyny palçyk bilen suwapdyrlar. Aradan iki hepde geçensoň, bularyň bigünädigi belli

bolupdyr. Olaryň gapysyny açyp görseler semiz derwüş ölen, hor derwüş bolsa diri eken .

Muny görenler haýran galypdyrlar. Bir akyldar hem bu haly görüp: «Bu ýerde geň galara zat ýok. Bu adaty ýagdaý. Eger başgaça bolsady, men geň galardym. Ol ölen adam semizdi, açlyga çydamady. Ol köp iýmäge öwrenişipdi, şonuň üçinem öldi. Bu bolsa açlyga çydamly bolandygy üçin çydady, ol muňa öwrenişipdi. Netije-de, ol sag-salamat galdy» diýipdir.

Az iýmegi endik etse bir kişi,

Kynçylyk duş gelse, ýeňil gün görer.

Giňişlikde garnyn beslän iýermen,

Agyr günde muşakgatdan jan berer.

Hekaýat

Akyldarlaryň biri ogluna köp iýmezligi nesihat berip :

—Dokluk ynsany hassa eder we ahyrynda heläkler — diýipdir .

Onda ogly oňa:

—Kaka, beýle däl, açlyk adamy heläk eder. Sen näme: «Dok ölmek açlyk çekmekden has oňatdyr» diýlen sözi eşitmänmidiň? — diýip sorapdyr.

Onda kakasy ogluna:

—Allatagala Gurhany Kerimde: «Iýiň, içiň, ýöne isrip etmäň» diýendigini eşitmänmidiň? Ýagny iýmekde çenden geçmeli däl ýa-da iýmän-içmän gysyklyk etmeli däl — diýip, jogap beripdir.

Iýmegin agzyňdan dökülere çen,

Ýa iýmän horlukdan sökülere çen.

* * *

Iýmitde bolsa-da, janyň lezzeti,

Hetdinden köp iýseň, hassa bolar jan,

Balam zyýan eder zora ýanasaň,

Ajygyp giç iýseň, baldyr gury nan.

* * *

Eger adam bolsaň köp iýme, ýykar,

It gara nebsinden köp horluk çeker.

Hekaýat

Bir syrkawdan:

—Köňlüň näme isleýär? — diýip sorapdyrlar.

Onda syrkaw:

—Köňlüm göwnümiň hiç zat islemezligini isleýär — diýip, jogap beripdir.

Aşgazanyň dolansoň, garynda agyry başlar ,

Oňa hiç zat, kär etmez, nep etmez derman-däri.

Hekaýat

Wasyt şäherinde bir gassabyň birnäçe sopudan algysy bar eken. Ol her gün gelip, algysyny talap edip, käýinip gider eken. Sopular hem gassabyň bu sözlerinden biynjalyk bolar ekenler. Ýöne olaryň sabyr etmekden başga çäreleri galmandyr. Ahyry olaryň içinde akylly biri: «Nahar meselesinde janymyza wada bermek gassaba karz üçin wada bermekden aňsatdyr. Iň gowusy iýip-içmän berhiz tutalyň we gassabyň puluny bereliň» diýipdir.

Baýaryň haýryndan ýagşydyr geçmek,

Ýüzüňi almasyn gapyda guly.

Etiň arzuwynda ölmek gowudyr,

Gassaplar üstüňe gelenden weli.

Hekaýat

Mongollar bilen söweşde bir ruhubelent adam agyr ýaralanypdyr. Biri oňa:

—Pylan täjirde sagaldyjy derman bar, ondan haýyş etsek, belki, berer — diýipdir. Ol täjir örän gysganç adam eken.

Saçagynda bolsady nan ýerine Gün eger,

Magşara çen gündizi görmezdi älem meger.

Ýaraly ýatan juwan adam :

—Ondan islemek ýa-da islemezlik, onuň bermegi ýa-da bermezligi, eger berse, onuň peýda etjegi ýa-da peýda etmejegi, meniň sagaljagym, bularyň bary bir tarapa bolup, aýry-aýry meselelerdir. Esasy zat, onuň ýaly gysganç adamdan zat islemezlik. Gysganjyň berjek zady zähere garşy derman hem bolsa, ynsan üçin zäheriň özi ýalydyr — diýipdir.

Minnet bilen alan zadyň bisandan,

Teniňe urnadyr, kemmedir jandan.

Akylly we tejribeli ynsanlar: «Eger ar-namysyň deregine dirilik suwy berseler, dana adam ony almaz. Namysly bolup ölmek, pes bolup ýaşamakdan gowudyr» diýipdirler.

Hoşgylykly ýagşynyň elinden iýseň türşek,

Ýagşydyr bal iýenden näkes elinden bişek.

Hekaýat

Bir alymyň çagalarynyň köpdügi üçin gün-güzerany kyn geçýän eken. Ol özüne hormat-sylag, sarpa goýýan we gowy gatnaşýan döwlet emirleriniň biriniň ýanyna baryp, derdi-halyny aýdyp, kömek etmegini haýyş edipdir. Ol emir hem bu alymyň beýdip, dilegçilik etmäge baş urandygyny halamandyr. Muňa gaty gynanypdyr we onuň bu bolşuny dogry hasaplamandyr.

Täleýiňden ýüzüňi çytyp barma dostuňa,

Onuň hem eşretini barsaň eder sen zaýa.

Eger dilege barsaň, güler ýüz bilen bargyn,

Bitirilmez iş bolmaz güler ýüz, giň maňlaýa .

Ýaňky emir ol alymyň aýlygyny galdyrypdyr. Ýöne oňa hormat-sylagyny we sarpasyny peseldipdir, öňküsi ýaly bolmandyr .

Aradan, ep-esli wagt geçensoň, alym ol emiriň özüne öňküsi ýaly garaýşynyň ýoklugyny aňyp, şeýle diýipdir:

Abraýymdan kesip, nanyma goşdy,

Dileg harlygyndan garyplyk hoşdy.

Hekaýat

Bir derwüş kyn ýagdaýa düşüp, pula mätäç bolupdyr. Bir adam oňa :

—Pylan adam diýseň baý. Seniň beýle garyp düşendigiňi bilse, derrew saňa kömek eder — diýip, maslahat beripdir.

Derwüş oňa:

—Men ony tanamaýaryn — diýipdir.

Ol adam:

—Men seni onuň ýanyna alyp gideýin — diýipdir hem-de ony ýany bilen alyp gidip, baýyň gapysyny görkezipdir.

Derwüş gapyny kakypdyr. Gapyny açan adamyň ýüzüniň çytykdygyny görüp, hiç zat diýmän yzyna çykyp gaýdypdyr. Daşary çykansoň, dosty ondan:

—Näme üçin hiç zat soramadyň? — diýipdir.

Onda derwüş oňa:

—Puly onuň ýüzüne bagyş etdim. Puly-da gursyn, ýüzi-de — diýip, jogap beripdir.

Barma dileg bilen bir ajy ýüze,

Bolarsyň pis gylygyndan solan dek.

Diý diýseň gamyňy şeýle adama,

Ýüzüni görende nagt pul alan dek.

Hekaýat

Bir gezek Isgenderiýe şäherinde görlüp-eşidilmedik gahatlyk-guraklyk bolupdyr. Halk agyr hala düşüpdir. Asmanyň ýere açylan gapysy ýapylypdyr. Ýerdäki halkyň perýady hem asmanlara çykypdyr.

Haýwanlar, balyklar, guş, garynjalar,

Pelege ýetirdi üýni-efgany.

Halkyň kalbyndaky duman jem bolup,

Bulut bolup, ýagdyrmady barany

Şol gahatlyk mahalynda ahlaksyz we näkes bir adam bolupdyr. Ol şeýle bir ahlaksyz eken welin, onuň ahlaksyzlygyny beýan etjek sözleri dostlaryň, aýratyn hem, beýikleriň ýanynda aýtmaga utanýaryn. Aýtmasam hem, birnäçeleriniň ony wasp etmäge ejiz hasaplajakdyklary üçin: «Azlyk hem köplügiň delilidir. Bir gysym däne bir harwaryň nyşanydyr» diýen pähime görä, şu iki setiri aýtmagy ýeterlik hasaplaýaryn:

Ol näkesi öldüräýse bir tatar,

Kasas gerek däldir, abraýy artar.

Bagdat köprüsi deý uzap ýatardy,

Üstden adam, astyndan suw geçerdi.

Ol ahlaksyz adam örän baý we gurply eken. Ahlaksyz bolsa-da garyp-gasarlara, mätäçlere altyn-kümüş berip, ýolagçylara saçak ýazar eken. Gaty kyn ýagdaýa düşüp, halys bolan käbir derwüşler hem onuň ýanyna gitmek islediler we maňa sala saldylar. Men olara muny maslahat bermedim we şeýle diýdim:

Tilki sarkydyn şir iýmez,

Ölse-de ýanyna barmaz.

Açlyk, horluga bergin ten,

Ýöne näkese serme el.

Mülkde bolsa-da Peridun,

Bihünäri kes saýmagyn.

Sarpasyzyň ýüpek dony,

Diwara syrça ýaly.

Hekaýat

Hatam Taýdan :

—Sen älemde özüňden hem has eli we göwni açyk adamy gördüňmi ýa-da eşitdiňmi? — diýip sorapdyrlar.

Onda Hatam Taý:

—Men bir gezek kyrk düe soýup, Arap emirlerine zyýapat beripdim. Özüm bolsa, bir hajat bilen sähra çykypdym. Sährada gezmeläp ýördüm. Şol mahal odun ýygnap ýören bir adamy gördüm we ondan: «Bu gün Hatam Taý uly zyýapat berýär. Hemmeler onuňkyda myhmançylykda, hemme onuň saçagynyň başyna üýşüpdir. Sen näme üçin gitmeýärsiň?» diýip soradym. Onda ol maňa şeýle diýdi :

Kişi öz amaly bilen iýse nan,

Asla minnet çekmez hiç Hatam Taýdan.

Hakykatdan hem, onuň hümmetlilikde we jomartlykda menden has beýikdigine göz ýetirdim — diýip, jogap beripdir.

Hekaýat

Musa alaýhyssalam bir garyba duş gelipdir. Garyp egni ýalaňaç bolansoň, gumuň içine gömülip oturan eken. Ol Musa pygamberi görüp, ondan:

—Eý, Musa! Allanyň maňa dünýä malyny bermegi üçin doga et. Men garyplykdan we ýoksullykdan ýaňa halys jandan doýdum — diýip, haýyş edipdir .

Musa alaýhyssalam hem onuň üçin Alladan doga-dileg edipdir. Allatagala ol garyba islän dünýe malyny beripdir.

Aradan ep-esli wagt geçensoň, Musa pygamber mynajatdan gaýdyp gelýärkä, ýolda adamlaryň üýşüp durandyklaryny görüpdir. Baryp görse, hälki garyp adamy tutupdyrlar. Halk hem onuň daşyna üýşüpdir. Musa pygamber oňa näme bolandygyny sorapdyr. Onda oňa: «Ol şerap içip serhoş bolupdyr. Soň urşup bir adamy öldüripdir. Indi ony dar agajyna alyp barýarlar» diýipdirler.

Misgin pişikde eger bolsady goşa ganat, Jahandan ýok ederdi serçe tohmun bada-bat.

* * *

Ejiz kişi eger-de tapsa güýç-kuwwat elin,

Derrew galkyp turar-da towlar ejizleň golun.

Musa pygamber Allanyň hikmetine ýene bir gezek göz ýetirip, ylahy huzurdan ol adam üçin dileg edendigi üçin özüni bagyşlamagyny diläp, şu aýaty okapdyr: «Eger Allatagala gullaryna bendeleriniň rysklaryny giň etse, elbetde, olar Ýer ýüzünde zulum-ýowuzlyk ederdiler .«

Ne azdyrdy eý, magrur, heläk bolduň soňundan,

Garynja-da ýok boldy ahyry uçmagyndan .

* * *

Näkes adam tapaýsa mertebe, altyn-kümüş,

Ýumruk islär başyna, başarmaz ol hiç bir iş.

Eşitdiňmi hekimiň parasatly sözüni,

Garynjalar ganatsyz gowy duýar özüni.

Hikmet

Atasynda bal köp, emma oglunyň gyzgyny bar.

Ýaradan seni gurply etmeýän bolsa eger,

Saňa ýaramlysyny Özi has gowy biler.

Hekaýat

Basrada bir çarwa arap altyn-kümüş satýan serraplary daş-töweregine ýygnap, olara şu hekaýaty gürrüň beripdir: «Men bir gezek çölde azaşdym. Ýanymda hiç hili azygym ýokdy. Açlygymdan ýaňa ölüp barýardym. Daş-töweregime seretsem ýerde bir haltajyk ýatyr. Içinde gowrulan bugdaý bardyr öýtdüm.

Begenjimden uçaýjak boldum. Ýöne haltajygyň agzyny açyp görsem, içi doly altyn-kümüş eken. Şeýle bir umytsyz we lapykeç hala düşdüm welin, hiç ýadymdan çykanok.«

Gum öwüsýän gurak, suwsuz çöllerde,

Dür, sadabyň parhy nedir suwsana.

Birdir guşagynda zer bilen jäjek,

Azyksyz ysgyndan düşen ynsana.

Hekaýat

Bir arap çölde suwsuz galypdyr we şeýle diýipdir :

Ölmezimden öňürti myradyma ýetsedim,

Dyza ýetýän derýadan gabymy pür etsedim.

Hekaýat

Bir adam uçsuz-guraksyz çölüň içinde azaşypdyr. Onuň ähli azygy gutarypdyr, ýöne ýanynda az-owlak puly bar eken. Ol çölüň içinde eýläk-beýläk köp urnupdyr, ýöne ýol tapyp bilmän, ejir çekip ölüpdir.

Aradan ep-esli wagt geçensoň, bir kerweniň ýoly onuň üstünden düşüpdir. Görseler, bir adam ölüp ýatyrmyş. Ol ellerindäki pullaryny ýere zyňypdyr we gumuň ýüzüne şu setirleri ýazypdyr :

Ýanynda gatymsyz zer bolsa tamam,

Ýolagçy azyksyz ýetmez myrada.

Uç-gyraksyz çölde bir mysapyra,

Gaýnadylan şalgam zerden zyýada.

Hekaýat

Bütin ömrüm işlerimiň göwnümdäki ýaly bolmandygy, pelegiň wepasyzlygy we zamananyň zalymdygy üçin hiç haçan şikaýat etmedim, nalamadym. Diňe bir gezek aýagymda aýakgabymyň ýokdugy hem-de ony satyn almaga mümkinçiligimiň ýokdugy üçin näumyt bolup, Kufäniň metjidine girdim. Lapym keçdi. Ýöne ol ýerde bir aýaksyz adamy görenimden soň, Rebbime şükür we sabyr etdim.

Bir dokuň gözüne gowrulan towuk,

Selme ýapragyndan, saçakda, pesdir.

Gaýnadylan şalgam bilseň ýoksula,

Gowrulan towukdan gowudyr, esasdyr .

Hekaýat

Bir patyşa gyş günleriniň birinde emirleri bilen awa-şikara çykypdyr. Şäherden we köşkden ep-esli uzaklaşypdyrlar. Agşam düşensoň, uzagrakda bir daýhanyň öýüni görüpdirler. Patyşa ýanyndakylara:

—Gije sowuk, gijäni bu öýde geçireliň — diýipdir.

Onda wezirleriň biri:

—Bir daýhanyň öýüne sygynmak, soltana ýaraşmaz. Iň gowusy bu ýerde çadyr guralyň we ot ýakyp ýylynalyň — diýipdir.

Daýhan patyşanyň aw üçin bu ýerlere gelendigini eşidip, öýündäki zatlardan nahar bişirdip, hökümdara getirip, ondan ötünç sorap :

—Meniň ýaly daýhanyň öýüne myhman bolsadyňyz, siziň şan-şöhratyňyza hiç hili zyýan gelmezdi. Emma daýhanyň gadyryny, mertebesini beýgelderdiňiz. Ýöne siz muny etmediňiz — diýipdir.

Patyşa daýhanyň bu sözlerini eşidip, gije hem bolsa onuň öýüne myhman bolupdyr. Säher bilen hem patyşa oňa altyn-kümüş berip, halat-serpaý ýapypdyr. Daýhan patyşanyň ýany bilen birnäçe ädim ýöränsoň, şu sözleri aýdypdyr:

Kemelmedi soltanyň gadyr-gymmat, haýbaty,

Hormat goýup daýhana bolanda-da myhmany.

Daýhanyň baş-telpegi günüň gaşyna ýetdi,

Çünki saýa salypdy oňa belent soltany.

Hekaýat

Örän baý bir dilegçi bolupdyr. Patyşa bir iş üçin altyn-kümüşe mätäç bolupdyr we ol dilegçiden haýyş edip:

—Seniň puluň köp, meniň bir iş üçin pula mätäçligim bar. Maňa biraz pul karz ber. Işim bitensoň, saňa ony artygy bilen bererin — diýipdir.

Onda baý dilegçi patyşa:

—Eý, ýer ýüzüniň soltany! Meniň ýaly ownuk-döwnük dilenip alnan pullar bilen eliňizi hapalamak we eliňizi sadaka bilen ýygnalan pula bulaşdyrmak, siziň at-abraýyňyza gelişmeýär — diýip jogap gaýtarypdyr.

Onda patyşa:

—Zyýany ýok, men hem bu pullary bir kapyra berjek. Sebäbi Allatagala: «Hapa zatlar hapalar üçindir» diýýär — diýipdir .

Diýdiler: „”Bitämizdir hek daşynyň palçygy,”

Bizem suwajak bolýas hajathanaň deşigin.

* * *

Päk bolmasa nasranylaň guýy suwy, akymy,

Bir jöhidiň jesedini ýuwjak bolsaň gorkymy!?¬

Ýaňky baý dilegçi patyşanyň haýyşyny ýerine ýetirmändir. Onuň emrine garşy çykyp, bigadyrlyk edipdir. Patyşa hem ondan gerek möçberde altyn-kümşi zor bilen alynmagyna emr edipdir.

Hoşamaýlyk bilen çözülmese iş,

Hormat ýitiriler, ulanylar güýç.

Bagyşlap bilmese her kim özüni,

Bagyşlamaz, kişi eştmez sözüni.

Hekaýat

Men bir täjir bilen tanyşdym. Onuň ýüz elli düe harydy we kyrk hyzmakäri bardy. Bir gezek ol meni Kiş adasyndaky öýüne alyp gitdi. Ol uzak gije, durmazdan, gürläp öwündi durdy. Ol :

—Meniň pylan wekilim Türküstanda, pylan harydym Hindistanda, bu kagyzlar pylan mülkümiň resminamalary, pylan zadyma pylan kepil, basym Isgenderiýä gitjek, ol ýeriň howasy gowy, ýok, ol ýere gitjek däl. Ortaýer deňzi howply – diýip, bir topar zady sanap çykdy. Hatda ol gürrüňiniň arasynda:

—Uly bir syýahata çykmak meýlim bar. Şol syýahatdan sag-aman gaýdyp gelenimden soň, söwdany taşlajak we bir burça çekilip oturjak we ömrümiň ahyryna çenli dynç aljak — diýdi.

Men ondan:

—Ol syýahatyň nirä bolar? — diýip soradym.

Onda ol:

—Men Hytaýa pars kükürdini alyp gitjek. Kükürt Hytaýda gyt haryt hasaplanylýar diýýärler. Ol ýerden hem hytaý käselerini getirip. Rum diýaryna alyp gitjek. Rum diýarynyň ýüpek matalaryny Hindistana alyp gidip, ol ýeriň poladyny Halaba, Halabyň çüýşe önümlerini Ýemene, Ýemen matalaryny hem Eýrana getirjek. Soňam söwda-satygy taşlap, bir gyra çekilip, dynç alyp ýaşajak — diýip jogap berdi.

Ol täjir şeýle bir boş hyýallara mündi welin, halys gürrüň bermäge mejaly galmady. Ahyry maňa :

—Eý, Sagdy! Sen hem bir zatlary aýtsana — diýensoň, men hem oňa şeýle diýdim:

–Muny eşitdiňmi, Guruň çölünde,

Bir täjir ýykyldy büdräninde at.

Diýdi: «Aç gözlerin harsydünýäniň,

Ýa toprak doldurar ýa-da kanagat«!

Hekaýat

Hatam Taý jomartlygy bilen nädip meşhur bolan bolsa, husytlygy bilen şeýle derejede meşhur bolan bir baý adam bolupdyr. Elinde dünýä nygmatlarynyň ähli görnüşi bolsa-da, ol şeýle bir husyt eken welin, soňky deminde ýatan adama gerek bolan bir döwüm çöregi hem bermez eken. Hatda Abu Hureýranyň pişigi gelse hem, bir dogramça bilen begendirmez, «Eshaby Kähfiň» iti gelse hem, bir süňk zyňmaz eken. Onuň gapysynyň we saçagynyň açyk durandygyny gören ýokmuş.

Aşynyň ysyndan özge derwüşe zat ýokmazdy,

Çörek iýen saçagyndan towuk däne çokmazdy.

Ýaňky husyt adam bir gezek Müsüre syýahata çykypdyr. Ýolda gämi bilen barýarka, hyýalynda Pyrgaunyň baýlygyna hyýal edýär eken. Ýöne birdenkä, deňizde apy-tupan turupdyr. Gämi ikiýana çaýkanyp, sarsmaga başlapdyr.

Neýlesin misgin köňül, dözmez gama, melala,

Mydam duşup durmaýar gämi oňaý şemala.

Ýaňky husyt täjir ellerini ýokary galdyryp dileg-doga edip, biderek ýere dady-perýatlar çekipdir. Çünki Allatagala Gurhanda: «Gämä münen wagtlary yhlas bilen Alla ýalbararlar we dileg ederler» diýýär .

Mätäç bende mynajatda Hudaýa golun açar,

Berim wagty gollaryny goltugna urup gaçar.

* * *

Altyn-kümüşden et hemmä kerem,

Özüň hem jahany hoş geçir, ter tut.

Bu öý galar senden, her bir kerpijin,

Isle, kümüşden tut, isle, zerden tut.

Netijide, ýaňky husyt gark bolupdyr. Onuň Müsürde garyp bir garyndaşy bar eken. Ol garyp ondan galan mal-mülke, mirasa eýe bolup, baý bolupdyr. Ol öňki ýyrtyk-ýirik, ýamaly, köne-küşül eşiklerini ýyrtyşdyryp zyňypdyr. Ýerine hem ýüpek lybaslar we deriden eşikleri satyn alyp geýipdir.

Men ol baý öleninden bir hepde soň, onuň garyndaşynyň birini gördüm. Ol arassa tohum at münüp ýördi. Ýanynda hem görmegeý bir gul bardy. Men ony görüp, içimden şeýle diýdim:

Wah, ölen direlip gelse ýaňadan,

Arasyna kowum-gardaşyň eger.

Gardaş ölüminden mirasdarlara,

Mirasy gaýtarmak has ýokuş deger.

Aramyzdaky dostluk sebäpli men onuň mirasdüşerine maslahat berip, şeýle diýdim:

Eý, ýagşy gylykly gaýgyrma, geý, doý,

Ýygnady, iýmedi ol gara maňlaý .

Hekaýat

Bir gezek bir hor balykçy uly hem semiz bir balyk tutupdyr. Onuň balyga güýji ýetmänsoň, tory çekip başarmandyr. Ahyry balyk sypmagy başarypdyr, tory hem özi bilen alyp gidipdir.

Hyzmatkär suw üçin aryga gitdi,

Emma tolkun onuň özüni çekdi.

Tor her gezek suwdan balyk tutardy, Emma bu gez balyk tory göterdi.

Beýleki balykçylar, ony ýazgaryp :

—Şeýle uly balyk tutduň, ýöne ony çykaryp başarmadyň — diýipdirler .

Onda ol balykçy olara:

—Men näme edeýin. Diýmek, balyk meniň rysgalym däl eken. Onuň dünýädäki rysgaly hem heniz gutarmandyr — diýipdir.

* * *

Rysgalsyz balykçy Dijle derýasyndan hem balyk tutup bilmez. Ajaly ýetmedik balyk gury ýerde hem ölmez.

Hekaýat

Eli we aýagy ýok bir adam bir kyrkaýagy öldüripdir. Dilewar adamlaryň biri, muny görüp: «Subhanalla! Bu jandaryň kyrk aýagy bolsa-da, ajaly gelendigi üçin elsiz-aýaksyz adamdan hem gaçyp gutulyp bilmedi» diýipdir.

Eger yzdan gelýän bolsa, bir jan alyjy duşman,

Ajal elin-aýagyny daňar gaçýanyň aýan.

Duşmanyň onuň yzyndan gelip ýeten pursaty,

Dolan üçin peýmanasy, gerekmez çekmek keman .

Hekaýat

Bir gezek garynlak, akmak adamy gördüm. Ol çendenaşa garynlakdy, semizdi hem-de gymmatbaha lybaslary geýnipdi. Başynda müsür sellesi bardy. Özi hem tohum arap atyna münüpdi .

Bir adam ony görkezip menden:

—Eý, Sagdy! Şu haýwanyň geýip ýören gymmatbaha lybasy nämä meňzeýär? — diýip sorady.

Men oňa :

—Altyn çaýylyp ýazylan erbet bir hata meňzeýär — diýdim.

Häsiýet-keşbi misli bir eşek,

Emma göwresi tulumdyr meşik.

* * *

Ýagşy keşp, durk hakykatdan hem müň ýüpek halatdan ýegdir.

Sellesinden, donundan daşky geýminden başga,

Adamzada meňzeýär diýip bolmaz, bir maldyr.

Seredip gör malyny, mülküni, bar zadyny,

Hemme zady haramdyr, diňe gany halaldyr.

Ýagşy ahlak ýüpek dondan has oňatdyr.

Mertebeli kişiler ýitirse-de bar zadyn,

Belent mertebeleri hiç peseler öýtmegin.

Kümüş bosagasyny altyn çüý bilen kaksa,

Bir hormatsyz jöhide sen beýgeler öýtmegin .

Hekaýat

Bir ogry bir dilegçiden soraýarmyş :

—Utanmaýarmyň, birki teňňe üçin her göreniň öňünde eliňi serip ýörsüň?

Dilegçi hem oňa şeýle diýen:

–Ýegdir bir şaý diläp, uzan gol, ilden–

Bir teňňe ogurlap, kesilen elden.

Hekaýat

Eli güýçli, ýumrugy kuwwatly, daýaw bir garyp ýigit bolupdyr. Eli gysga, bokurdagy giň bolandygy üçin we işleri-de oňuna bolmansoň, gün-güzerany kyn geçýän eken.

Bir gün ýaňky ýigit kakasynyň ýanyna baryp, ýagdaýy beýan edipdir we pelekden arz-şikaýat edip :

—Kaka, maňa rusgat ber. Syýahata çykaýyn. Belki-de, golumyň güýji bilen maksat-myradyma ýeterin we baýlyk toplaryn. Bu barada şeýle diýipdirler — diýip, şu beýti aýdypdyr:

–Bilim, hünär zaýadyr, eger çykmasa daşa,

Müşk sürtüler ys üçin ud atylar ataşa.

Onda kakasy oňa şeýle jogap beripdir :

—Oglum! Ham-hyýalyň yzynda ýöreme we gury hyýallara batma, kanagat aýagyňy salamatlyk etegine çek. Men hem saňa danalaryň aýdan bir sözüni mysal getireýin:

»Döwlet gazanmakda haýry ýok zoruň,

Sürmeden ne peýda, gözüne körüň.

* * *

Pälwan nätsin şor maňlaý gaty bolsa ozaldan,

Bagtyň goly ýagşydyr, bir gaty güýçli goldan.«

Onda ogly kakasyna şeýle diýipdir :

—Kaka, syýahatyň hem uly peýdalary bar. Ynsan ýurt görýär, geň-enaýy zatlara şaýat bolýar. Dürli ynsanlar bilen tanşyp, köp zat öwrenýär. Tejribe gazanýar, köňül rahatlanýar, mal-mülk, altyn-kümüş gazanýar. Seret, akyldar näme diýipdir:

Sen busup otursaň, dükanda-öýde,

Ömürboýy adam bolmarsyň, eý ham.

Git, ýagty jahana syýahat eýle,

Gitmeziňden owal, dünýäden tamam.

Kakasy hem oglunyň bu sözlerine şeýle diýip jogap beripdir:

—Dogry, seniň aýdyşyň ýaly syýahatyň peýdasy uly. Ýöne syýahat şu bäş topardan bolan adama peýdaly bolar:

Birinjisi, täjirlere peýdalydyr .

Sebäbi olar gurply we mally-mülki ynsanlar. Olar gullary, hyzmarkärleri we owadan gyrnaklary bilen her gün bir şähere baryp, dynç alýarlar. Her gije bir ýerde wagtlaryny geçirip, dünýä nygmatlaryndan lezzet alarlar.

Gurply mysapyr däldir dagda, düzde, sährada,

Haýsy bir ýere gitse gurar çadyr, kepbesin.

Jahanyň lezzetlerne eli ýetmedik kişi,

Öz ýurdunda keseki, tanalmaz bihepbedir .

Ikinjisi, alymlara peýdalydyr .

Sebäbi olar çeper dilleri, suhangöýlügi we dilewarlygy bilen nirä barsalar hormat-sylaga eýe bolarlar. Hemmeler olara hyzmat etmek islär.

Parasatly alymlar göýä zerdir gatymsyz,

Her ýurda, her diýara barsa, gymmaty bardyr.

Nadan bolsa baý ogly meňzär gara şaýlyga,

Öz ýurdunda ýörgünli ýat ülkede bigadyr .

Üçünjisi, güleryüzli adamlara peýdalydyr .

Çünki köňül gözgüleri aýdyň we sap ärleriň kalby olar bilen söhbetdeşlikde bolmaga meýil ederler. Olar bilen dostlaşmakdan lezzet alarlar, olara hyzmat etmegi özlerine abraý hasaplarlar. Sähelçe gözellik, ýagny ýüzi nurlulyk köp maldan haýyrlydyr. Güler ýüz hassa köňülleriň melhemi we gulply gapylaryň açarydyr.

Güler ýüz nirä barsa, hezzet hem hormat tapar,

Kowan bolsa-da ony ene-ata edip gahar.

Gurhanyň arasynda gördüm tawus perini,

Diýdim: „”Bu ýer belentdir, bu ýer seniň ýeriňmi”!?

Diýdi: „”Dymgyn, sözleme, bolsa jemal her kimde,

Her ýere gadam ursa el tutmazlar öňüne.

* * *

Güler ýüzli, häsiýetli hoş ogul,

Gorkusydyr daş düşse-de atadan.

Ol göwherdir, jahanda ýok sadapdyr,

Taýsyz düre müşderidir öňýeten.

Dördünjisi, bagşa peýdalydyr .

Sebäbi onuň Dawudy sesi suwy akmakdan, guşy uçmakdan saklar. Ol bu häsiýeti sebäpli halkyň söýgüsini gazanar. Hemmeler hem oňa hyzmat ederler.

Men aşyk däl diňe sazyň sesine,

Aşyk men ondan hem ýakymly heňe.

* * *

Daň wagty meý içen mesiň gulagna ,

Ýakymly, ýakyjy owaz ne hoşdur.

Gowy ses ýagşydyr, owadan ýüzden,

Ol nebsiň höziri, bu ruhy aşdyr.

Bäşinjisi, senetkärlere peýdalydyr .

Sebäbi olar gara zähmetiniň miwesini iýýärler we hünärleri bilen gün-güzeranyny geçirýärler. Bir döwüm çörek üçin el serip ýörmezler. Köneler şeýle diýipdirler:

»Ýurdundan aýrylyp, düşse mysapyr,

Köwüşçi horlanyp, örtemez jany.

Işi gaýdyp agdarylsa tagtyndan,

Aç ýatyp, aç turar Nimruzyň hany .«

–Sanap beren bu häsiýetlerim arkaýyn syýahat etjege we syýahata şert bolan zatlardyr. Bulara eýe bolmazdan boş arzuw-hyýallara münenler başyny alyp çykyp gider, ýöne gaýdyp, ady-sory çykmaz.

Öç almaga her kimden galksa pelek gerdişi,

Gönükdirer oňaýsyz bir ters ýere zamana.

Ketegini gaýtadan görmejek kepderini,

Dartar kysmaty ony, gurulan duzak – dänä .

Onda ogly kakasyna şeýle diýipdir :

—Bolýar kaka, goý, seniň diýeniň bolsun. Ýöne danalaryň: «Hemmeleriň rysgaly aýrydyr. Ýöne oňa ýetmek üçin gerekli şertleri ýerine ýetirmelidirler.

Ynsanyň başyna bela gelmek ýazgyt bolsa hem, ol bela giriş gapylaryndan daş durmalydyr» diýip, aýdyp giden sözlerine nädip garşy çykaýyn ?

Her ne bolsa rysgal ýeter gümansyz,

Akyldandyr weli, çalyşmak hemmä.

Dogry, adam ogly ölmez ajalsyz,

Aždaryň agzyna gitme sen emma.

–Men şu haýbatly we güýçli bedenim bilen gaharjaň pil bilen hem söweşip, kükräp duran arslan bilen hem penjeleşip bilerin. Şonuň üçinem maňa laýyk zat syýahatdyr. Indi mundan soň garyplyga çydap biljek däl.

Älem giňişligi jaýydyr onuň,

Aýrylsa ýurdundan bir kişi eger.

Baý her gije bir öýdedir, derwüşiň,

Nirede gün batsa öýüdir şol ýer .

Ýaňky ýigit bu sözleri aýdansoň, kakasy bilen hoşlaşyp, şu sözleri aýdyp, ýola çykypdyr:

Bolsa hünärmendiň maňlaýy gara,

Gider ady-sory bilinmez ýere.

Ýigit şol gidip barşyna uly bir derýanyň kenaryna ýetipdir. Derýa şeýle bir güýçli we şaggyldyly akýardy welin, onuň tolkunynyň badyndan uly daşlar hem togalanyp gidýär eken. Derýanyň şaggyldysy bir parsah ýere çenli baryp ýetýär eken.

Şeýle bir ýowuz suwdy, ördek galypdy derde,

Haraz daşyn goparyp, iň kiçi gomy gyrda.

Ýigit seretse, bir gämi ugrajak bolup duran eken. Gämä münýänler gämiçä ýol puluny töleýärler. Ýigidiň ýanynda bolsa ýekeje teňňesi hem ýok. Şonuň üçinem, ol gämiçä özüniň güýç-kuwwatynyň bardygyny aýdyp, özüniň hem gämä mündürmegini haýyş edip, ýalbarypdyr. Ýöne gämiçi oňa gulak asmandyr .

Zor salyp bilmersiň, adama zersiz,

Bolsa zeriň zorlara mätäç dälsiň.

Merhemetsiz gämiçi hem onuň üstünden gülüp şeýle diýipdir:

–Zor bilen geçmek bolmaz deňizden bolmasa zer ,

Nedir güýji on äriň? Bir adamyň zerin ber .

Ýigit bu söze namys edip, gahary gelipdir. Gämi hem ýaňy ugrap başlapdyr. Ol gämiçä :

—Şu donumy çykaryp bersem, razy bolarmyň? — diýipdir .

Gämiçiniň nebsi otugyp, gämini yzyna öwüripdir.

Nebis akyllynyň gözüni tiker,

Tama guş, balygy duzaga çeker.

Gämiçi ol ýigidiň donuny almak we ony mündürmek üçin gämisini kenara ýakynlaşdyrypdyr. Ýigit şol bada gämiçiniň ýakasyndan ýapyşyp, sakgalyndan tutup, özüne tarap çekipdir we ony mazalyja ýenjipdir. Gämiçiniň ýanyndakylar oňa kömek etmek üçin gelipdirler. Ýöne ýigit gaty güýçli bolansoň, olara başartmandyr. Olar gorkup gaçypdyrlar. Soň bolsa gämiçi ýigit bilen ylalaşyp, ony gämä mugt mündürmäge razy bolupdyr.

Beterine duş bolsaň çyda, sabr et bir zaman,

Ýapar söweş işigin ýumşak gylyk bigüman.

* * *

Zorluga uçrasaň, bol mylakatly,

Gylyç ötmez güpbä, pagtadan gatly .

Hoşamaýlyk bilen, süýji dil bilen,

Esrik pili çekmek bolar gyl bilen.

Gämidäkiler ýaňky ýigitden ötünç sorap, aýagyna ýykylypdyrlar. Ýaranjaňlyk edip, onuň ýüz-gözlerinden öpüp, gämä mündüripdirler. Gämi ýola rowana bolupdyr. Ýolda öňlerinden ýunanlaryň döwründen galan bir daş sütün çykypdyr. Birmahallar dikilen bu daş sütün suwuň ortasynda duranmyş. Gämiçi birden :

—Gämide bir ýetmezçilik bar. Gämini saklap, ony bejermeli boljak. Ýogsam, ýol ýöräp bilmeris. Içiňizde kim güýçli bolsa, şu daş sütüniň üstüne çyksyn we gäminiň ýüpüni saklasyn. Biz hem gämini abatlaly — diýip seslenipdir.

Hälki özüniň güýjüne, batyrlygyna guwanýan ýigit, özüniň güýç-kuwwatyna we mertligine buýsanyp, sütüniň üstüne çykjakdygyny aýdypdyr. Ol «Men çykjak» diýen mahaly özüne öýke-kineli duşmanyň iýen taýagynyň ajysyny ýadyndan

çykarmandygyny oýuna hem getirmeýärdi. Ol akyldarlaryň: «Kimdir biriniň göwnüne degen bolsaň, soň ony ýüz gezek razy edip, ýüz gezek rahatlyga ýetirsiň hem, ondan arkaýyn bolmagyn. Onuň ar almagyndan habardar bol. Ýiti tygyň salan ýarasy biter, ýöne agyrysy ýürekde galar» diýip aýdan paýhasly sözüne uly ähmiýet bermändir.

Bekdaş Haýyldaşa diýdi ne gözel ,

Rahat gezme ýowy gozgasaň ozal.

* * *

Ynjamak oýundan daş bolma hergiz,

Senden ynjan bolsa, bir köňül ilki.

Urma bir galanyň diwaryna daş,

Galadan daş düşer, saňa-da belki.

Başyna geljek işlerden bihabar gapyl ýaş ýigit edermenligine buýsanyp, gäminiň ýüpüni eline dolap alyp, sütüniň üstüne çykypdyr. Muňa garaşyp duran gämiçi hem ýüpi kesipdir-de, ony taşlap gidipdir.

Ýaş ýigit hem bolan işe aňkarylyp galypdyr. Ýöne elinden näme gelsin? Ol şeýdip iki günläp durupdyr. Üçünji gün ukusy has hem agyr gelip, uklapdyr we suwa gaçypdyr. Suwda çyrpyna-çyrpyna, zordan kenara çykypdyr. Açlygyndan ýaňa ot, ýaprak iýip-içip özüne gelipdir we ýoluny dowam edipdir.

Ol şol gidip barşyna suwsuzlykdan we açlykdan, ukusyzlykdan we ýadawlykdan takat-gurbaty galman, zordan bir guýynyň başyna barypdyr. Guýynyň eýesi hem suwy mugt däl-de, puluna berýär eken. Ýigide hem puly ýokdugy üçin suw bermändirler, şonuň üçin ol guýynyň eýesini ýenjip, urup başlapdyr. Ýöne bu sapar adamlar has hem köp bolup, onuň özüni urup-ýenjip taşlapdyrlar.

Pil näçe bolsa-da, esrik peläket,

Çybyn üýşse çakar azara goýar.

Agzybirlik bolsa garynjalarda,

Ýyrtyjy ýolbarsyň derisin soýar .

Ýigit ýaraly we ýadaw halda gidip barýarka, ýolda bir kerwene goşulypdyr. Kerwen gije garakçylaryň howply ýerinde düşläpdir. Ýigit kerwendäki täjirleriň gorkýandyklaryny we howsala düşýändiklerini görüp :

—Gorkmaň, siziň içiňizde men bar. Men bir özüm elli kişä taý gelýän pälwan, araňyzdaky ýigitler hem maňa kömek ederler — diýipdir .

Muny eşiden kerwendäkileriň ýürekleri ýerine gelip, arkaýynlaşypdyrlar. Oňa çaý-suw berip, garnyny doýrupdyrlar. Ýaňky ýigit ýadaw bolansoň, uka gidipdir. Kerwende köpi gören bir ýaşuly bar eken. Ol :

—Dostlar, men garakçylardan hem beter, bizi gorajak bolýan şu ýaş ýigitden gorkýaryn. Men size bir hekaýat gürrüň bereýin: «Gadym zamanlarda bir garyp arap bar eken. Ol az-owlak altyn-kümüş ýygnapdyr. Ýalňyz ýaşaýandygy üçin gije ogry geläýmesin diýip gözüne uky gelmez eken. Bir gün ol bir dostuny ýanyna çagyrypdyr. Ol şeýdip, gorkusyny ýeňmek we arkaýynlaşmak isleýän eken. Dosty gatnap, gijelerine onuň ýanynda bolar eken.

Günlerde bir gün dosty ol arabyň pullaryny ogurlapdyr. Ýaňky arabyň zar-zar aglaýan sesine goňşy-golamlary gelip, ondan :

—Puluňy ogrular ogurladymy? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Ýok, ogry däl, meni goraýan sakçy ogurlady — diýip, jogap beripdir.

Gapyl oturmadym hergiz ýylandan,

Bildim ki zäherden tebigatydyr.

Gözleriňe dost görünýän duşmanyň,

Dişiniň ýarasy bitmez, gatydyr .

–Bu ýaş ýigit hem ogry bolaýmasyn. Belki, hilegärlik bilen biziň aramyza girip, bize goşulandyr. Bu bir duzak bolaýmasyn. Belki-de, maksady amatly pursat gözläp, bizi garakçylara habar bermekdir. Iň gowusy, şu wagt ol uklap ýatyrka, ony ýalňyz taşlap gideliň — diýipdir.

Ýaşulynyň bu sözleri ol ýigitden gorkan beýleki ýigitleriň göwnüne ýarapdyr we kerwen ony taşlap gidipdir.

Ýaňky ýigit säher bilen turup görse, güneş omzuna düşüpdir, kellesini galdyryp görse, ýanynda kerwenem ýok, zadam. Daş-töweregine seretse, hiç kim ýok. Ol aç-suwsuz ýüzüni ýere, köňlüni heläkçilige urup, şeýle diýipdir:

Şu wagt gidip barýandyr iýdip, ak düeleri ,

Meni näme etsinler, ýada dostdur keseki.

Ygana-tozana bolar doň ýürek,

Ýat ülkede ykmadyklar bir gezek.

Ol bu sözleri aýdyp ýatyrka, awa-şikara çykyp, esgerlerinden daşlaşan bir şazada onuň başujynda bu sözlerini diňläp duran eken. Şazada ondan başdan geçiren wakalaryny sorapdyr. Ol ýigit hem başyndan geçiren zatlaryny jikme-jik gürrüň beripdir. Şazadanyň oňa ýüregi awap, eline altyn-kümüş, halat-serpaý beripdir. Ýanyna hem bir adam goşup öz ýurduna iberipdir.

Kakasy ogluny görüp begenipdir. Oglunyň sag-salamat gelendigini görüp, Alla şükür edipdir. Soň ogly kakasyna syýahatda başyndan geçen wakalary, gämili hekaýaty, gämiçiniň özüne eden ýamanlygyny, guýy başyndaky hadysany, kerwendäkileriň özüne eden işlerini gürrüň beripdir. Kakasy hem oňa :

—Gitmänkäň men saňa: «Elleri boş bolanlaryň batyrlyk elleri baglydyr we arslanlyk penjeleri gyrlandyr» diýmänmidim — diýipdir.

Bir garyp ne hoş diýipdir: «Eý beg ,

Elli put zoruňdan bir damja zer ýeg.«

Onda ogly kakasyna :

—Kaka, şu ýagdaý hakykatdyr, zähmet çekmeseň, baýlyk gazanyp bolmaz, janyňy howpuň öňüne atmasaň, duşmanyňy ýeňip bilmersiň. Tohum sepmeseň, ekin ekmeseň hasyl ormarsyň. Seret, men hem kyn we agyr günlerden soň, uly baýlyk gazandym. Iňňe sançdylar, ýöne bal tutdum — diýip, jogap beripdir.

Iýip bolmasa-da artyk rysgal ,,

Agtarmakda ýaltalyk etmeli däl.

Ger guwwas näheňiň agzyndan gorksa ,

Gymmatbaha düri tapmazdy asla.

* * *

Näme iýsin ýolbars gowak içinde,

Algyr bürgüt garrap, güýçden gaçanda.

Öý içinde tutmak isleseň awy,

El-aýagyň bolar möýüňki ýaly.

Onda ogly kakasyna :

—Oglum bu gezek pelek saňa kömek etdi. Ykbal we bagt saňa ýar boldy. Gülüň tikeninden halas bolduň, aýagyňa batan tiken çykdy. Döwletli şazada seniň ýardamyňa ýetişdi. Saňa rehmi indi. Seniň ýykylan köňlüňi aldy. Saňa haýyr-sahawat etdi, başyňa düşen belalary dep etdi. Ýöne unutma, onuň ýaly ýagdaýlar örän seýrek bolýandyr. Seýrek zatlar bilen hem netije çykarylmaz — diýipdir.

Awçyň awy ganly bolmaz her gezek,

Bir gün ony gaplaň paralar gerek .

Hekaýat

Pars hökümdarlarynyň biriniň barmagyndaky ýüzüginde örän gymmatbahaly gaş bar eken. Hökümdar bir gün seýil etmek üçin özüniň goragçy esgerlerini we ýörite gullukçylarynyň birnäçesini ýanyna alyp Şiraza gidipdir. Ol ýerdäki Musalla diýen ýere gelip, esgerlerine :

—Meniň bu ýüzügimi Yzzeddöwle metjidiniň gupbasynyň iň ýokarsyndan berkidip goýuň — diýip, buýruk beripdir.

Onuň bu buýrugyny derrew ýerine ýetiripdirler .

Hökümdar soň jar çekdirip :

—Indi bolsa oňa ok atyň. Kim okuny ýüzügiň halkasyndan geçirip başarsa, ýüzügi oňa berjek — diýipdir.

Hökümdaryň ýanyndakylaryň hemmesi hem ökde mergenler eken. Dört ýüz ussat mergeniň birem okuny ýüzügiň halkasyndan geçirmegi başarmandyr .

Şol mahal bir çaga hem şol ýerlerde öýleriniň üçegine çykyp, eýläk-beýläk ok atyp, oýnap ýören eken. Birdenkä, saba ýeli, ykbalmy, ýa-da şowlulyk şemalymy belli däl, atan oklarynyň birini ýüzügiň halkasynyň içinden geçiripdir.

Netijede, hökümdar ýüzügi ol çaga beripdir, üstesine oňa pul-baýlyk hem eçilipdir. Ýaňky çaga ýüzügi we pul-peşgeşi alansoň, ok-ýaýyny ýakypdyr. Ondan :

—Sen näme üçin beýle etdiň? — diýip soranlarynda, ol :

—Gazanan şöhratymyň sebäpkäri bolan şu ok-ýaýymyň mertebesiniň baky galmagy üçin ýakdym — diýip, jogap beripdir.

Kämahallar akyldardan, danadan,

Çykmaz akylly-başly pikir ondan .

Käte welin zatdan bihabar çaga ,

Atanlykda okun urar nyşana.

Hekaýat

Men bir şyhyň bir gowakda ýaşaýandygyny eşitdim. Ol dünýä bilen aragatnaşygyny kesip, ähli zady taşlapdyr. Onuň üçin hökümdarlaryň, emeldarlaryň we baýlaryň hiç hili tapawudy bolmandyr.

Dileg gapysyn açan ömrüne ýeke gezek ,

Ömürboýy mätäç bor oňa-muňa serer el.

Tamakin bolmadyk göz mydama belent bolar,

Tamakinligi taşla, öz-özüňe soltan bol,

Bir gün ol ýurduň patyşasy ýaňky şyha :

—Haýyş edýärin, bir gün gelip, biziň bir döwüm çöregimizi iýip gitseňiz. Siziň belent ahlagyňyz biziň bu çakylygymyzy ret etmäge rugsat bermez diýip umyt edýäris — diýip, habar ýollapdyr.

Şyh hem çakylygy kabul etmek bilen pygamber sünnetidir diýip, razy bolupdyr we patyşanyňka myhmançylyga gidip gelipdir. Ertesi güni patyşanyň özi onuň ýanyna gelip, ony biynjalyk edendigi üçin ötünç sorapdyr. Şyh hem ýerinden turup, patyşany gujaklapdyr we ýurt bähbitli işleri üçin ony wasp edipdir.

Patyşa gidensoň, bir dosty şyhdan:

—Siz özüňiziň däbiňize ters gelýän bu hereketleriňiziň we patyşa bolan hormatyňyzyň hikmeti we manysy näme? — diýip sorapdyr.

Onda şyh oňa şeýle diýipdir:

—Bilýärmiň, halk arasynda şunuň ýaly meşhur atalar sözi bardyr:

Myhman bolsaň bir bendäniň duzuna,

Oňa yzzat-hormat wajypdyr saňa.

* * *

Ynsanyň gulagy bütin ömrüne ,

Dep, surnaý owazyn eşitmän biler .

Göreç bag-bossany oňar görmäni,

Burun gül-atyrsyz oňuşyp biler.

Bolmasa-da başa ýumşak per ýassyk,

Gaty daş ýassanyp irkilip bolar .

Gujagyňda höwürdeşiň ýok bolsa,

Öz-özüň gujaklap gyşaryp bolar .

Emma bu hünärsiz garyn iýmitsiz,

Sabyr edip bilmez, oňuşman öler.

## DÖRDÜNJI BAP

## DYMMAGYŇ PEÝDALARY HAKDA

### Hekaýat

Bir gezek dostlarymyň birine:

—Köpden bäri dymýanlygymyň sebäbini aýdaýyn. Köp sözleriň arasynda kämahal ýagşy söz hem bolýar, erbet söz hem. Duşmanlarym bolsa, ýagşy sözlerime üns bermeýärler, diňe erbet sözlerime üns berýärler — diýdim.

Onda ol dostum maňa:

—Eý, dogan! Duşmanyň ýagşyny we ýagşylygy görmezligi oňatdyr — diýdi.

Duşman gözi bilen baksaň, bir uly aýypdyr hünär,

Sagdy güldür, ýöne bilseň, duşmanlarna tiken görner.

* * *

Duşmanlyga dogan bolan, ýagşylaň ýanyna barmaz ,

»Ýalançydyr, şerraýdyr» diýp, gybatyn eder, goýmaz.

* * *

Dünýäni ýagtyldýan, bol güneşli nur,

Ýarganatyň gözün gapyp, edýär kör.

Hekaýat

Täjirleriň biri söwdada müň dinar zyýan çekipdir. Ol ogluna:

—Oglum, meniň zyýan çekendigimi hiç kime aýtmagyn — diýip tabşyrypdyr.

Onda ogly:

—Bolýar, kaka, eger siz buýursaňyz hiç kime aýtmaryn. Ýöne muny gizlin saklamagyň peýdasy näme, men şoňa düşünemok? — diýip sorapdyr.

Kakasy oňa:

—Eger aýtsak, zyýanymyz iki esse bolar. Biri baýlygymyzyň azalmagy, beýlekisi bolsa goňşularyň, ýagny duşmanlaryň şatlanmagydyr — diýip, jogap beripdir.

Söýleme gamyňy hergiz duşmana,

Aýaklary ýeňläp buşlar her ýana.

Hekaýat

Akylly, bilimli, atly-abraýly, zehinli we ahlakly bir ýaş ýigit bar eken. Örän seýrek tapdyrýan ýigitleriň biri eken. Ol alymlaryň ylym mejlislerine gatnaşyp peýda alar eken, emma hiç söze goşulmaz we geplemez eken.

Bir gün kakasy oňa:

—Oglum, sen näme dymýarsyň! Sen hem gepläp otursana — diýipdir.

Onda ogly kakasyna garap:

—Geplemeýändigimiň we dymmagymyň sebäbini aýtsam, meniň gorkýan zadym bar. Eger menden bilmeýän zadymy sorasalar, utanmaly bolaryn — diýip, jogap beripdir.

Eşitdiňmi derwüş aýakgabyna,

Birki sany çüý kakypdyr bir gezek.

Bir ýasawul görüp, şeýle diýipdir :

»Gel, meniň atymyň nalyny-da kak.«

* * *

Eger zat gürlemeseň, dymsaň hem-de otursaň ,

Hiç kimiň seniň bilen işi bolmazdy bilseň.

Eger gepleseň, delil görkezmeli bolarsyň,

Sebäbin hem delilin hem jogabyn berersiň.

Hekaýat

Bir gezek alymlaryň biri bir dinsiz bilen jedelleşipdir. Alym oňa delilleri görkezip, subutnamalary getiripdir. Ýöne ýeňip bilmändir we dawa-jenjeli goýbolsun edipdir. Daş çykandan soň, biri ondan:

—Sen şeýle uly alym bolsaň-da, nädip ol dinsizi ýeňip bilmediň? — diýip sorapdyr.

Onda alym oňa:

—Meniň ylmym Gurhandan, hadyslardan we alymlaryň sözlerinden ybarat. Ol bolsa bularyň hiç haýsyna ynanmaýar, hiç haýsyny kabul edenok. Men näme

oturyp, onuň dine garşy bolan sözlerini diňläýinmi? Maňa küpür sözüni diňlemegiň ne hajaty bar?— diýip, jogap beripdir.

Gurhan-u, hadys bilen dymmasa ol bisogap,

Hiç jogap bermezlikdir beriljek gowy jogap.

Hekaýat

Jalynus bir gezek bir samsyk nadanyň bir alymyň ýakasyndan tutup, onuň mertebesini peseldýändigini görüp :

—Ol dogrudan hem alym bolsady, işi bir nadan bilen bu derejä eltmezdi — diýipdir.

Iki akyllyda bolmaz hiç dawa,

Akmak bilen ýaka tutuşmaz dana.

Nadan gazaplanyp sögse-de eger,

Dana göwnün tapyp razy eder.

Iki sany parasatly akylly,

Saklap biler arasynda bir gyly.

Akmak, nadan bolsa eger iki ýan,

Polat zynjyr bolsa gyrarlar aýan .

Birine paýyş söz aýtdy bir nadan,

Çydady, sabr etdi, diýdi: „”Eý ynsan,

Diýjek bolanyňdan erbet ahyr men,

Meň aýbym men deýin bilmeýäň-ä sen.”

Hekaýat

Sahban Waýyl örän suhangöý we deňi-taýy bolmadyk ussat bolupdyr. Ol eger bir ýyllap yzyny üzmän gepläp dursa hem, bir aýdan zadyny ikinji gezek gaýtalamaz eken. Eger birdenkä şol manyda bir zat aýtmak islese, ony başga sözlem bilen beýan eder eken.

Ine, soltanyň emirleriniň we egindeşleriniň üns bermeli zatlarynyň biri hem şeýle çeper gürlemekdir.

Söz hernäçe bolsa, ýürek açyjy,

Hem täsin hem süýji hem hoş ýakyjy ,

Bir gezek aýtdyňmy, tekrarlama, kes,

Halwa dek bir gezek iýdiňmi, soň bes.

Hekaýat

Bir akyldaryň: «Hiç kim hergiz özüniň nadanlygyny ykrar edýän däldir. Diňe biri sözüni aýdyp gutarmanka, derrew söze başlaýan we sözüň arasyny bölýän adam özüniň nadanlygyny ykrar edýändiginiň alamatydyr» diýendigini eşitdim.

Sözüň bardyr başy, soňy eý akyl,

Sözüň arasyna söz goşma asyl.

Bilimiň, akylyň, huşuň eýesi,

Bolmasa ümsümlik ýokdur diýesi.

Hekaýat

Soltan Mahmyt Gaznalynyň köşk emeldarlary bir gün onuň baş weziri Hasan Meýmendiden:

—Bu gün pylan iş barada Soltan Mahmyt size näme diýdi? — diýip sorapdyrlar.

Onda wezir olara:

—Ol sizden ýaşryn saklamaz, size hem aýdar — diýipdir.

Onda olar:

—Siz wezir ahyry. Size aýdan zadyny bize aýtmaz — diýipdirler.

Onda wezir olara garap:

—Soltan Mahmyt meniň hiç kime aýtmajakdygyma ynanýandygy üçin maňa aýdýar. Şonuň üçinem siz näme üçin menden muny soraýarsyňyz? — diýip, jogap beripdir.

Her bir bilen sözüňi her kime diýmek olmaz,

Şanyň syryny aýdyp başyňy goýmak bolmaz .

Hekaýat

Men bir öý satyn almakçy boldum. Ýöne ikirjiňlenýärdim. Bir ýehudy maňa bu meselede :

—Men bu etrapda ep-esli wagt bäri ýaşaýaryn. Özümem ýerli halk we seniň aljak bolýan öýüň goňşusy, ikirjiňlenmezden al. Hiç hili kemçiligi ýok — diýdi.

Men :

—Senden uly kemçilik barmy? Ynsandan seniň ýaly goňşusy bolan öýi onuň iň uly kemçiligidir — diýdim.

Bu öýüň sen deýin goňşusy bolsa,

Bahasy on dirhem kümüş pul bolar .

Ýöne pikir edýän şeýle bolar diýp:

Sen öleniňden soň müň esse galar.

Hekaýat

Bir şahyr garakçylar toparynyň baştutanynyň ýanyna baryp, ony wasp edip, bir kasyda ýazypdyr. Garakçylaryň baştutany bolsa: «Muny talaň, egin-eşiklerini çykaryň we ýalaňaç ýagdaýda kowuň. Obadan güm ediň» diýip, buýruk beripdir.

Onuň aýdyşy ýaly hem edipdirler. Gyş pasly eken. Şahyr ýalaňaç ýagdaýda üşäp, titräp ýolda barýarka, itler onuň üstüne topulypdyr. Ol ýerden daş almak üçin egilipdir. Ýöne ýer doň bolansoň, daş alyp bilmändir. Bu ýagdaýa duçar bolan şahyr:

—Bular nähili haramzada adamlar eken. Ýerdäki daşlary daňyp, itleri goýberipdirler — diýipdir .

Muňa seredip duran garakçylaryň baştutany muny eşidipdir we ýylgyryp:

—Näme gerek bolsa dilegin — diýipdir.

Onda şahyr:

—Diňe eşiklerimi berseňiz bolýar, siziň zadyňyz gerek däl — diýip, jogap beripdir.

Kesekiniň haýryna umytly bolar ynsan,

Men seň haýryňdan geçen, ýöne ýetirme zyýan.

Garakçylaryň baştutanynyň oňa rehimi inipdir. Onuň eşiklerini yzyna gaýdyp beripdir. Gapdaly bilen az-owlak pul we bir don hem sowgat beripdir.

Hekaýat

Bir müneçjim bar eken. Ol bir gün öýüne gelip görse, aýaly ýat bir erkek bilen oturan eken. Ýaňky müneçjim hem muňa gaharlanyp, gygyryp goh-galmagal turzup, öýi bulam-bujar edipdir. Muny gören akyldaryň biri şeýle diýipdir :

Asmandaky zady nireden biljek !?

Bileňok öýüňe bu gün kim geljek.

Hekaýat

Erbet sesli bir hutbaçy bar eken. Ol özüniň sesini ýakymlydyr öýder eken. Biderek ýere we erbet gygyryp, hutba okar eken. Göýä «Iň erbet ses eşegiň sesidir» aýaty onuň üçin inen ýaly eken. Onuň sesi şeýle bir erbet eken welin, ony eşiden ynsan şum garga gagyldaýarmyka öýder eken.

Sesin eşden Abylpewarys öýder, Gygyrsa, Istehr ýykylar gider.

Ol hutbaçy ýokary wezipede işleýändigi üçin halk sesini çykarman, dymar eken. Adamlar islese-islemese hem muňa sabyr edip, çydar ekenler. Çekinip, oňa hiç zat diýmez ekenler.

Ýaňky hutbaçydan öýke-kineli başga bir hutbaçy dosty bar eken. Bir gün ol hutbaçy ýaňky hutbaçynyň hal-ahwalyny soramak üçin onuň ýanyna gelip, oňa:

—Men seni düýşümde gördüm — diýipdir .

Onda hutbaçy:

—Nähili ýagdaýda gördüň? — diýip soranda, ýaňky adam:

—Seniň owadan sesiň bar eken, ynsanlara hezil berýärmişiň — diýip, jogap beripdir.

Hutbaçy bu jogap barada biraz pikirlenenden soň:

—Sen nähili gowy düýş görüpsiň. Maňa meniň kemçiligimi habar berdiň. Diýmek, meniň sesim erbet bolup, halk hem bizar bolan bolmaly. Men toba etdim. Indiden beýläk, eger okasam, ýuwaş okajak — diýipdir.

Dostuň söhbetinden ynjar men eger,

Gowşak tarapymy ol bek görkezse.

Aýbymy ussatlyk, kämillik diýip,

Tikenimi güldür-çeçek görkezse.

Nirede ýiti göz, batyrgaý duşman,

Aýbymy ýüzüme gerçek görkezse.

Hekaýat

Bir adam Sanjaryýa metjidinde Allanyň razyçylygy üçin azan çekýär eken. Ýöne onuň sesi örän zorruk eken. Muny eşiden halk onuň sesini ýigrenýär ekenler. Metjidi guran adam örän gowy adam eken we hakyň tarapdary eken. Ol bir gün azançynyň göwnüne degmän we ynjytman oňa:

—Bu metjidiň öňki azançysy geldi, azançylar bäş dinar aýlyk alýarlar. Men saňa on dinar bereýin. Ýöne sen git-de, başga ýerde azan çek — diýip, haýyş edipdir.

Ol adam hem razy bolupdyr. Ýöne aradan ep-esli wagt geçensoň, ol azançy yzyna gelip:

—Sen maňa uly ýagşylyk etdiň. Sen meni on dinar bilen bu ýerden başga ýere iberdiň. Ol ýerden meniň başga ýere gitmegim üçin ýigrimi dinar berýärler — diýipdir.

Metjidiň eýesi hem oňa:

—Men saňa gowy bir maslahat bereýin. Sen hiç hili ýagdaýda hem razy bolma we kabul etmegin. Olar saňa elli dinar bermäge razy bolarlar — diýipdir.

Keser bilen kim syrar gara daşdan kesegi,

Seniň bu gödek sesiň syryşy dek ýüregi.

Hekaýat

Erbet sesli bir kary Gurhan okap oturan eken. Golaý ýanyndan geçip barýan alym ondan:

—Sen näçe aýlyk alýarsyň? — diýip sorapdyr.

Kary:

—Hiç hili aýlyk almaýaryn — diýipdir.

Alym:

—Onda näme üçin okaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Kary:

—Allanyň ýoluna okaýaryn — diýip, jogap beripdir.

Onda alym oňa, şeýle diýip nesihat beripdir:

—Sen Allanyň razyçylygy üçin okama.

Erbet sesiň bilen okasaň Gurhan,

Abraýny ýitir barça musulman.

BÄŞINJI BAP

YŞK WE ÝaŞLYK HAKDA

Hekaýat

Wezir Hasan Meýmendiden :

—Soltan Mahmydyň ýanynda munça dünýä dilberleri barka, olara üns bermän, kem görk Aýazy söýmeginiň we ony ýanynda saklamagynyň sebäbi nämedir? — diýip sorapdyrlar.

Onda wezir olara gysgaça:

—Köňül kimi söýse, ol gözeldir — diýip, jogap beripdir.

Soltan söýse, halasa bir kişini,

Ýagşy görner, pis etse-de işini .

Patyşaň kowany maksada ýetmez,

Öýünde-de hiç kim merhemet etmez.

Şanyň saýasynda bolan her ynsan,

Günäsi tagatdyr, dost bolar duşman .

* * *

Kim birine ters göz bilen garasa,

Ýusup deý bolsa-da, görüner bedroý.

Emma söýgi gözi bilen garasa,

Perişde deý görner bolsa-da ol döw.

Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, biriniň bir owadan guly bar eken. Ol şeýle bir owadan bolupdyr welin, deňsiz-taýsyz eken. Hojaýyny hem ol guluny dine ters düşmez derejede söýýän eken. Bir gün ol sopularyň birine:

—Haýp, käşgä meniň bu owadan gulum beýle gözelligi bilen terbiýesiz we uzyn dilli bolmasady — diýipdir .

Onda ol sopy oňa:

—Eý, dogan eger dostlugy ykrar etdiňmi, artyk hyzmata garaşmagyn. Dostluk-doganlyk ara girenden soň, ne hojaýynlyk galar, ne-de gul-gyrnaklyk — diýip, jogap beripdir.

Peri ýüzli guly bilen bir hoja,

Girişip başlady oýun-güýmenjä.

Ne ajap, ol hoja deý edýär höküm,

Bu bolsa bende deý çekýär näz-ýükün.

* * *

Hyzmatkär etmelidir diňe tabşyrlan işi ,

Näzli gulamy bolsa, hoja ýetir teşwüşi.

Hekaýat

Bir abyt bir gözele aşyk bolup, yşka düşüpdir. Onda ne sabyr etmäge takat galypdyr, ne-de geplemäge kuwwat. Onuň bu söýgüsi hemmä äşgär bolupdyr. Ol bu ýagdaý geň görülse hem, özüne melamat daşy atylsa hem, söýgüsinden dänmändir we ýüregi ýanyp, şeýle diýer eken:

Elimi çekmerin seniň synyňdan,

Gylyç bilen ursaňda çykmaz ahym.

Eger gaçsam seň ýanyňa gelerin,

Ýokdur sender özge puşty-penahym.

Men ony ýazgardym we ondan :

—Nädip kalbyň we nebsiň senden üstün çykdy? — diýip soradym .

Ol az-owlak oýa batdy we şeýle diýdi:

–Yşk soltany eger bir ýere gonsa ,

Takwa-ýu gol güýji mejalsyz bolar.

Ýakasyna çenli palçyga batsa,

Nädip oň etegi arassa galar.

Hekaýat

Biri aşyk bolup, bir dilbere köňlüni aldyrypdyr we janyndan geçipdir. Ýöne ol dilbere ýetmek özüňi gorkunç girdaba atmak diýmekdi, dilber örän howply we hatarlydy. Gepiň keltesi, ol çeýneljek dogramça, duzaga düşjek guş däldi.

Söýgüliň gözüne almasa zeriň,

Meňzeş görner oňa zer-u topragyň.

Dostlary oňa nesihat berip :

—Bu bir salgymdyr, bu bolmajak hyýaldan el göter. Seniň ýaly köp adamlar bu höwese düşüp, ýesir boldular, aýaklaryna zynjyr uruldy — diýdiler. Onda ol şeýle diýip jogap beripdir:

Dostlarym! Maňa nesihat bermäň ,

Onuň elinde ygtyýarym meň .

Pälwan güýç bilen duşman öldürýär .

Gözeller bolsa dostun köýdürýär.

Öz janyňdan gorkup, köňlüňi jananyň söýgüsinden mahrum etmek, uzak tutmak söýgä gelişmez we mertlige sygmaz. Bu ýagdaý aşyga we yşga gelişmeýär.

Pikir edýän bolsa, bir özi hakda,

Onda ol ýalan aşykdyr, tentekdir.

Söýgüliňe gowşup bilmeýän bolsaň ,

Yşgyň şerti oň ýolunda ölmekdir.

* * *

Indi meniň mundan başga edip biljek zadym ýok,

Gideýin men söýgülime ursa gylyç, atsa ok .

Eger elini berse, aýagna ýykylaýyn ,

Bolmasa işiginde süýneýin-de öleýin.

Onuň bu halyna ýüregi awan dogan-garyndaşlary oňa nesihat berdiler. Emma peýdasy ýokdy. Onuň aýagyna zynjyr urdular, onda-da peýda bermedi.

Bu neneňsi agyr dert, lukman diýýär „”sabyr et”. Emma bu açgöz nebse söýgüli şeker gerek.

* * *

Eşitdiňmi bir gyz ýuwaşlyk bilen

Yşgyna düşene şeýle söz diýen :

»Seniň öz gaşyňda öz gadryň bolsa ,

Öňüňde meň gadrym ne bolar eýse.«

Onuň aşyk bolan şa gyzyna :

—Bir ýaş ýigit hemişe bu ýerlere gelip gidýär. Onuň dili süýji, keşbi hoşsypat. Örän ýerlikli we çeper gürleýär. Ondan henize çenli eşidilmedik gürrüňleri eşitdik. Aýdýan zatlaryna seretseň, başynda söýgi, ýüreginde yşk bar. Aşyga meňzeýär, däli ýaly görünýär — diýip habar beripdirler.

Şa gyzy onuň özüne aşyk bolandygyny aňyp, atyna münüp, onuň ýanyna gitdi. Aşyk onuň gelýändigini görüp, aglap şeýle diýipdir:

–Meni öldüren ýene geldi meniň ýanyma,

Meger kalby ýanýandyr gyýanyna janyma.

Şa gyzy oňa ýüzlenip:

—Sen nireli, kim bolarsyň, adyň näme, näme bilen meşgullanýarsyň? — diýip sorapdyr.

Aşyk söýgi deňzine şeýle bir batypdyr welin, dem almaga mejaly ýok eken.

Eger ýatdan bilseň tutuş Gurhany ,

Yşga düşseň undarsyň elip biýni.

Şa gyzy oňa:

—Näme üçin meniň bilen gürleşmeýärsiň? Men hem derwüşler toparyndan, belki-de, olaryň gulagy halkaly guly men — diýipdir .

Şa gyzy beýle diýensoň, aşyk magşugyndan güýç alyp, söýgi tolkunlarynyň arasyndan başyny galdyryp, şu beýti aýdypdyr:

Geň zatdyr seň barlygyňda meniň diri galmagym,

Sen gürrüňe başlanyňda, meniň söze gelmegim.

Ol şeýle diýip, nagra urup janyny Haka tabşyrypdyr.

Magşugyň işiginde ölmeklik däldir geň zat,

Bilseň geň zat gutarmak janyny sag-salamat.

Hekaýat

Bir mollanyň görkli-görmekli bir talyby bar eken. Beýleki talyplaryna temmi berse-de, oňa temmi bermäge ýüregi gyýmaz eken. Ol köplenç şeýle diýer eken:

–Eýa, behişt ýüzli, seniň pikriňde ,

Öz gaýgym-aladam ýada düşenok .

Senden ýüzüm sowup bilemok welin,

Göni nazar salsam atylýar tir-ok.

Talyby bir gün oňa:

—Mollam, meniň okuwym üçin edýän tagallaňyz ýaly, ahlak-häsiýetim üçin hem tagalla etseňiz. Eger meniň ahlagymda haýsydyr bir kemçilik bar bolsa, ony maňa habar berseňiz. Men hem olary düzetsem — diýipdir.

Onda mollasy oňa:

—Muny başgadan sora. Men saňa diňe sungatyňy görýän göz bilen seredýärin — diýip, jogap beripdir.

Bahyllaryň gözi çyksyn, hünärem–

Aýyp bolup görner olaň gözüne. Bar bolsa bir hünär hem ýetmiş aýbyň,

Dostuň görmez, ilmez onuň gözüne.

Hekaýat

Gowy ýadyma düşýär. Bir agşam söýgüli ýarym gapydan içeri girdi. Özüm bilmezden şeýle bir çalt ýerimden turdum welin, donumyň ýeňi galtaşyp şemi söndürdi.

Garaňkylygyň garasyn kowýar gözelligniň nury,

Mende beýle bagt nirede, döwlet geldi tünüň ýary.

Bu şemal nirden öwüsdi, bilmedim ýitirdim huşy,

Haýranda men, nirden gelip, başa gondy döwlet guşy.

Ol oturyp-oturmanka, käýinjiräp başlady hem-de maňa:

—Näme üçin meni göreniňden şemi söndürdiň? — diýip sorady.

Men oňa:

—Güneş dogandyr öýtdüm hem-de şu şygyr ýadyma düşdi — diýdim.

Şemiň öňün eger tutsa bir bedroý,

Tur-da halk öňünde öldür, gözün oý.

Eger şirin lebli näzenin gelse,

Elinden tut, şemi öçür, bärde goý.

Hekaýat

Bir aşyk ep-esli wagt bäri magşugyny görmändir. Bir gün ony görüp:

—Sen nirede gezip ýörsüň? Seni göresim geldi? — diýipdir.

Onda magşugy oňa:

—Göresiň gelmegi bizar bolmagyňdan oňatdyr — diýip, jogap beripdir.

Eýa serhoş gözel neçün geldiň giç,

Elimi sypdyrman synyňdan aňsat.

Ýöne, käte-käte görýän magşugyň,

Senden bizar bolanyndan has oňat.

* * *

Eger söýgüli gözel joralary we ýaranlary bilen gelse, ol hökman jebri-jepa bermek üçin gelendir. Sebäbi ol-a söýgülisini özgelerden gabanyp, özgeleri ýokdurmaz, ýaranlary bolsa, onuň halyndan habarly bolup gitmezler.

* * *

Joralaň, dostlaň bilen gelseň ýanyma meniň,

Ýaraşyk üçin däl-de söweşmäge geldigiň.

* * *

Söýgülim keseki bilen ýeke dem söhbet etse ,

Bimahal ajal ýetip, gabanmakdan ölerin .

Diýdi maňa ýylgyryp: „”Men mejlisiň şemi men,”

Sagdy söze üns berme perwana ýakar özün .

Hekaýat

Hiç ýadymdan çykanok. Geçmişde söýgülim bilen bir gabygyň içindäki iki badam maňzy ýaly bile ýaşadyk. Bir gün aramyza aýralyk düşdi. Ep-esli mahaldan soň hem, yzyna gaýdyp geldi we maňa :

—Näme üçin maňa munça wagtlap hiç hili habar ibermediň? — diýip gaharlandy.

Men hem oňa :

—Habarçynyň gözüniň seniň jemalyňdan nurlanyp, özümiň ondan mahrum galjagyma dözüp bilmedim — diýdim.

Eýa, gadymy dostum dilime toba berme,

Maňa berk gylyç bilen tobany berip bolmaz.

Gabanýaryn bir kişi ýüzüňe doýup baksa, Ýene aýdýan özüme ýüzünden doýup bolmaz.

Hekaýat

Atly-abraýly bir adam yşga tutaşdy. Syry halk arasynda paş boldy. Bu sebäpli köp jepa çekdi. Ýöne sabyr etdi. Bir gezek men nesihat berip, oňa:

—Seniň ony päk söýgi bilen söýýändigiňi bilýärin. Yşkyň erbetlige esaslanmaýar. Ýöne onda-da özüňi biderek ýere günäkär ýagdaýa salmaklyk we hetdini bilmeýänleriň diline düşmek atly-abraýly ynsanlaryň gadyr-gymmatyna zeper ýetirer, at-abraýlaryna gelişmez — diýdim.

Onda ol:

—Eý, dost, käýinç elini pelegiň synyndan çek. Seniň bu aýdýanyň nädogry. Seniň aýdýan zatlaryň barada köp pikirlendim. Bu işiň jebir-jepasyna sabyr

etmek maňa onuň jemalyny görmekden has ýeňil. Bu barada: «Köňli gaýga batyrmak gözi gözeli we gözelligi görmekden daş düşürmekden has aňsatdyr» diýipdirler – diýdi.

Her kimiň ýüregi bolsa dilberde,

Onda oň sakgaly özgäň elinde.

Aýagynda bagdyr, bukaw boýnunda,

Öz erkine ýöräp bilmez öýünde.

Onsuz gün geçirip bilmeseň eger,

Her jepa etse-de çydarsyň meger.

Bir güni elinden diýdim men: „"Zynhar,"

Ondan soň köp gezek diýdim „"Istigfar, "

Dost öz dostundan hiç dilemez aman,

Köňül berdim göwnündäkä, ynjaman.

Islese lutp edip ýanyna elter,

Ýa gazaply kowar, oň özi biler.

Hekaýat

Hemmeleriň başyna gelşi ýaly, men hem ýaşlygymda bir gözele aşyk bolupdym. Onuň sesi hem örän mylaýymdy.

Ýaňagy aby-haýatdan suw içen çemen ýalydy,

Lebine sereden kişi nabatdan doýan ýalydy.

Nädip bolanyny bilemok, onuň bir hereketi göwnüme ýaramady. Muhabbet monjugyny ýygnap, ondan aýryldym we oňa :

—Eger men bilen gyzyklanmaýan bolsaň, onda git. Näme etseň ediber. Islän işiňi et — diýdim .

Gidiber hem islän işiň ediber,

Öz başyňy alda biziň başy ber.

Gidip barýarka, onuň şu sözleri aýdýandygyny eşitdim :

Ýarganat halamasa-da gün nurun,

Peseldip bilmeýär günüň bazaryn.

Ol şeýle diýdi-de, gitdi. Ýöne onuň bu sözi we ýagdaýy maňa täsir etdi. Ol gidensoň, men gynandym we puşman etdim .

Men kalplaryň duşuşyk zamanyny ýitirdim,

Ynsan bela duşmasa, bilmez ömür gadyryn.

* * *

Eý, söýgülim, dolan gel meni öldür,

Seniň öňüňde ölmek hijriňden eýdir.

Hudaýa şükür, biraz wagtdan soň ol yzyna geldi. Ýöne onuň öňki mylaýym sesi ýokdy we Ýusup kimin gözel görki gidipdi. Alma ýaly ýaňagy beýi ýaly çöküpdi. Gözelligi öňki şuglasyny ýitiripdi. Özüni gujagyma basaryn öýdýärdi. Ýöne men bir gyra çekildim we oňa şeýle diýdim:

Gözel görküň lowurdaýan günleri,

Nazarymy nazarymdan sowduň sen.

Bu gün ýaraşyga gelen wagtyňda,

Kowanyňy belent edip goýduň sen.

* * *

Bahar möwsümiň geçip, zer ýapragyň saraldy,

Indi gazanyň goýma, biziň odumyz söndi .

Haçana çen näz edip, tekepbir ýörärsiň sen!?

Ýa-da öňki döwletiň durandyr öýdýäňmi sen !?

Indi bar seni küýsän kişiniň ýanyna git,

Hyrydar bolan kesiň gaşyna baryp näz et.

* * *

Aýdýarlar: «Ajapdyr ýaşyl geýnen bag,«
Munuň gymmatyny bilýändir aýdýan .

Dilberiň ýaňagy bolan wagty ter;
Aşyklaň köňlüni özüne çeker .

Seň bossanyň indi haşal ot kibi,
Näçe köwleseň-de gitmez haşaly.

* * *

Sen giden mahalyň keýik ýalydyň,
Häzir geleniňde, pişik ýalysyň .

Sagdy lowurdaýan ýapragy söýýär ,
Tiken deý gatyny, guryny goýýar.

* * *

Kyýamata çenli galmaýşym ýaly ,
Senden hem gözellik saklanmaz, gider.
Isleseň özüňe seretgin weli ,

Gözellik bir güni eglenmez gider.

* * *

Isleseň sabyr et, isleseň etme,
Gözellik eýýamy ahyra ýeter.
Sakgal tutuşyň deý, janym elimde–
Bolsady, sypmazdy kyýamata çen.

* * *

Diýdim: «Gözel görküňe, gül ýüzüňe ne boldy,
Aý jemalyň gaşyna garynjalar eňipdir.«
Jogap berdi: «Bilmedim, gül ýüzüme näm boldy,
Meger matamym tutup, gara lybas geýipdir.

Hekaýat

Bagdatly bir çarwa arapdan:

—Gözellik barada näme aýdyp bilersiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Gözeller görkli mahallary ulumsy, görkleri gidensoň, naýynjar bolýarlar, olardan haýyr ýokdur — diýip, jogap beripdir.

Barka gözel görkleri gyňyr, ýowuz bolarlar,

Sowulansoň bazary boýun burup gelerler.

Gözel görkli döwründe ajy dil, gyňyr boýun,

Gözel görki gidesoň dost bolar, eger boýun.

Hekaýat

Bir alymdan:

—Biri aý ýüzli näzenin bilen ýalňyz galsa, gapylar ýapyk, rakyplar ukuda, ynsanyň hem göwni isläp, şöhweti özünden üstün çyksa, ýagny araplaryň aýdyşy ýaly, hurma ýetişip, bagban ukuda bolsa, ine, şeýle mahaly ol adam takwalyk güýji bilen günädir diýip ol näzenine hiç zat degmän, sag-salamat gutulyp durup bilermi? — diýip sorapdyr.

Onda alym:

—Ynsan bu ýagdaýda özüni ol näzeninden gorasa hem, halkyň dilinden gorap bilmez we halas edip bilmez — diýip, jogap beripdir.

Ynsan biler hiç kime erbetlik etmän gezip, Emma bilmez il agzyn hiç haçan bogup-büzüp.

Hekaýat

Totyguş bilen gargany bir kapasa salyp goýupdyrlar. Elbetde, totyguş owadan, garga bolsa betnyşan guş. Totyguş garganyň betnyşanlygyndan biynjalyk bolup :

—Bu nähili ýigrenji we betgelşik, bu ne myrdar görnüş we erbet sypat. Eý, şum garga, käşge, aramyzda magryply we maşryklylaryň arasyndaky uzaklyk ýaly aralyk bolsady — diýipdir.

Kim ertir irden turup, eger saňa garasa,

Onuň ýagty gündizi garaňky gije bolar.

Söhbetinde bolmaga özün dek nejis gerek,

Sen dek nejis jahanda nirede, nije bolar.

Emma geň galaýmaly, garga hem bu totyguşyň ýanynda durmakdan bizar bolupdyr. Ol muňa gaty gynanyp, başyna gelen bu bela içi ýanyp duranmyş. Ol :

—Bu nähili betbagtlyk. Bu nähili suwulgan ýaly reňki öwsüp duran zamana! Bu nähili öwrülip duran pelek! Meniň üçin iň gowusy bir garga bilen bir bakjanyň diwarynda bile gezmelemek, eýläk-beýläk näz-kereşme edip, ýöräp gezmek ahyry — diýýär eken .

Işana zyndandyr, bolsa eger-de,

Azgyn meýparazlar bilen bir ýerde.

Garga derdini döküp şeýle diýýärmiş:

—Munuň ýaly samsyk we gopbam, bigadyr we kejir mahluk bilen bile bolmak belasyna duçar bolar ýaly men näme günä iş etdimkäm, näme üçin maňa beýle jeza berýärlerkä?

Adam gelmez düýbüne ol diwaryň,

Suratyň çekilen bolsa ýüzüne.

Eger seniň jaýyň bolsa jennetde,

Başgalar tamugy saýlar özüne.

Bu tymsaly näme üçin getirdim, bilýärmiň? Bilip goý, alym adam nadan adamy nähili halamaýan bolsa, nadan hem alymdan onuň on essesi ýaly bizardyr.

Serhoşlaryň arasynda bir sopy,

Otyr maňlaýynyň ýazylman gaty.

Biri diýdi, munça turşap oturma,

Sen hem aramyzda ajy sen gaty.

* * *

Gül läle dek çyrmaşyp birnäçesi uz ýaly,

Sen ortada dikilen kesewi ýalňyz ýaly.

Gyşyň ýeli dek awy, sowuk ýaly ýakymsyz,

Otyrsyň gar dek çöküp, hem-de doňup buz ýaly.

Hekaýat

Meniň aramyzdan gyl geçmeýän bir dostum bardy. Onuň bilen köp ýoldaş bolupdym, hatda içen suwumyz hem aýry gitmeýärdi. Bir gezek ol biderek bir zat üçin meniň göwnüme degdi. Dostlugymyz bozuldy. Emma şonda-da aramyzda biri-birmize bolan köňül baglanyşygy bardy.

Aýtmaklaryna görä, bir oturyşykda meniň aşakdaky şu beýtimi okapdyrlar:

Gül ýaly gülümsiräp girse gapydan dilber, Ýene artyk duz goýar köne ýaraň üstüne.

Wah, düşsedi saçynyň ujy elime eger,

Sahylaryň syny dek derwüşleriň destinde.

Dostlarym bu şygrymy gowy görüpdirler we halapdyrlar. Ýöne olaryň bu şygrymy gowy görmekleri, olaryň men baradaky päk duýgulary sebäplidi. Olar men barada öwgüli sözleri aýdan mahaly meniň bilen arasy açylan dostum hem ol ýerde oturan eken. Ol hem men barada öwgüli sözleri aýdyp, öňki söhbetlerimiziň, öňki dostlugymyzyň indi ýokdugyny we muňa gynanýandygyny, özüniň hata edendigini boýun alypdyr. Öňki dostlugymyzy dikeltmek üçin onda isleg bardygyna göz ýetirenimden soň, men şu kytgany ýazyp oňa iberdim. Şeýdibem, onuň bilen ýaraşdym we öýke-kine ýok boldy.

Arada şertimiz ýokmudy eýsem ?

Jepa etdiň, wepa bermän hergiz sen.

Janymy bir saňa ynandym munda,

Bilmedim, dönersiň diýmedim tizden.

Gel ýaraşmak küýüň bolsa gaýtadan,

Öňküden bolarsyň maňa eziz sen.

Hekaýat

Bir adamyň owadan ýaş aýaly bar eken. Ol dünýäden gaýdypdyr. Tölenmedik galyňy sebäpli ol adam olaryň öýünde ýaşamaga mejbur bolupdyr. Gaýyn enesi hem garry aýal eken. Ol gaýyn enesiniň gep-gürrüňinden ýaňa bizar bolupdyr. Ýöne ol galyň sebäpli, öýden gidip bilmän, ol ýerde ýaşamaga mejbur bolýan eken. Bir gün dostlarynyň biri ondan :

—Aýalyň öleninden soň ýagdaýlaryň nähili? — diýip sorapdyr .

Onda ol:

—Aýalymy görmeýänime çydaýaryn welin, gaýyn enemi görýänime çydap bilemok — diýip, jogap beripdir.

Gül çapylyp, tiken aman galdy-la,

Genji apardylar, ýylan galdy-la.

Sanjylsyn naýzanyň ujuna gözüň,
Şol gowy, düşmesin duşmana ýüzüň.

Gerek bolsa görmezlige bir ýowy,
Arany müň dostdan keseniň gowy.

Hekaýat

Ýadyma gowy düşýär. Ýaşlygymda bir mähelläniň içinden geçip barýardym. Temmuz aýydy. Howanyň yssylygy agzyň suwuny, diliňi-damagyny guradyp, ýiligiňi gaýnadýardy. Men Günüň bu jokrama yssysyna çydamadym. Bir diwaryň kölegesinde oturdym. Kimdir biriniň çykyp, sowuk suw bermegine we temmuz aýynyň bu ýakyp-ýandyryp barýan oduny söndürmegine garaşdym.

Birdenkä, bir öýüň dälizinden bir nur gördüm, ýagny şeýle bir gözel gyz çykdy welin, ony beýan etmekden iň çeper dil hem ejiz gelerdi. Şeýle bir gözellik çykypdy we ol garaňky dälizden şeýle bir yşyk peýda bolupdy welin, göýä garaňkylyk gijesinden aýdyňlyk säheri çykypdy, zulmatdan aby-haýat döräpdi. Hawa, ol gözellik gije garaňkylygynda säheriň şöhlesi ýaly peýda bolupdy. Elindäki käsedäki buzly suwy içine gant atylany we ýakymly yslydy. Içine gülüň suwuny goşupdyrmy ýa-da gül ýaly ýüzünden bir damja damypmydyr, bilmedim.

Elgaraz, ol gözeliň elinden suwy alyp içdim, täzeden dünýä gelen ýaly boldum, özüme geldim.

Teşnelik bar mende, welin, suwy owurtlap içmek däl ,

Deňizleri içsemem, men teşnelikden ganyp bilmen.

* * *

Säher bilen munuň ýaly gözeli,

Gören ynsan gör bagtly nähili.

Şerap içen serhoş gije oýanar, Yşkdan serhoş kyýamatda oýanar.

Hekaýat

Soltan Muhammet Horezmşa bir ýyl hytaýlylar bilen ylalaşdy. Ylalaşykdan soň, men bir iş bilen Kaşgara gitdim. Ol ýerde men bir çagany gördüm. Hem görkli, hem görmegeýdi. Şahyrlar onuň ýaly gözeller hakda şeýle diýipdirler:

Seň mollaň gözelligi, şohlugy öwredipdir,

Jepa-ýu, näz-kereşme, hoşlugy öwredipdir.

Ne eder syýahaty, ne-de arzuwyn watan,

Seň iliň gapdalynda bir gezek mesgen tutan.

Men hiç kimde görmedim beýle görki görmegi,

Öwrendiňmi periden beýle görkli ýörmegi.

Elinde Zamahşarynyň «Mukaddimetun-nahuw» („”Dil ylmyna giriş”) atly kitaby bardy. Ol «Zeýt Amry urdy» diýip, okap gaýtalap otyrdy. Men çaga:

—Horezm bilen Hytaý ýaraşdy, emma henizem Zeýt bilen Amryň arasyndaky duşmançylyk dowam edýär — diýdim.

Ol muňa ýylgyrdy we menden nirelidigimi sorady. Men hem şirazlydygymy aýtdym. Ol menden:

—Sagdydan nämeler bilýärsiň? — diýip sorady.

Men hem arap dilinde oňa şeýle diýdim:

–Nahuw alymyna men duşdum, topuldy maňa,

Edil Zeýdiň gazapdan topulşy ýaly Amra.

Çaga biraz oýa batandan soňra:

—Biziň bu ýurtlarymyzda Sagdynyň parsça şygyrlary has meşhur. Sebäbi bu ýeriň halky pars dilinde gürleşýär. Pars dilinde aýtsaň has gowy düşnerler. «Ynsanlar bilen olaryň akyllaryna görä sözleşmeli» – diýdi .

Men hem oňa şeýle diýdim:

Nahuwy öwrenjek diýp edýäň tagalla baryn,

Kalbymyzdan ýok etdiň aklym, huşum, hyýalym .

Aşyklaň köňülleri düşüpdir damyňa seň,

Sen bolsa Amry urýan Zeýt bilen meşgullanýaň.

Ertesi gün säher bilen gitmelidik. Kerwendäkileriň biri ol çaga meniň Sagdydygymy aýdypdyr. Seretsem, ol çaga meniň ýanyma yglap gelýär. Ol maňa seredip:

—Siz özüňiziň Sagdydygyňyzy näme üçin aýtmadyňyz? Size hyzmat ederdim we siziň bu ýere gelendiňiz üçin öz minnetdarlyk borjumy haklardym — diýdi.

Men hem oňa:

—Seniň bar ýeriňde men özüme men diýip bilmezdim — diýdim.

Ol maňa:

—Eger mümkin bolsa, bu ýerde birnäçe günläp galsaňyz, biz hem sizden sapak alardyk — diýdi.

Men oňa şeýle diýdim:

—Bu mümkin däl. Çünki:

Bir daglykda gördüm bir uly kişi,

Gowakda ýaşaýar, kanagat işi.

Diýdim: „”Neçün gelmeýärsiň şähre sen,

Açylardy göwnüň şähere gelseň.”

Diýdi: „”Ol ýerde köp gül ýüzli peri,

Palçyk has köp bolsa, sorýandyr pili.”

Men şeýle diýenimden soň, onuň bilen gujaklaşyp hoşlaşdyk.

Gujaklaşsaň, ogşaşsaň bardyr näme peýdasy,

Şol pursatda hoşlaşyp, aýrylyşsaň dost bilen.

Ähtimal almalar hem dostlar bilen hoşlaşyp,

Bir ýüzi gyzarandyr bir ýüzi hem saralan .

* * *

Hoşlaşyk gün gaýgy-gamdan ölmesem,

",„Sap ýürekli aşyk eken" diýme sen.

Hekaýat

Bir garyp derwüş Hijaz kerweninde bize goşulypdy. Arap emirleriniň biri sowalga üçin oňa ýüz dinar bagyş edipdi. Ýöne ýolda hafaja taýpasynyň garakçylary biziň kerwenimizi taladylar. Ähli zatlarymyzy alyp gitdiler. Kerwendäki täjirler aglap-eňräp dady-perýat etdiler. Ýöne munuň peýdasy ýokdy.

Aglasaň, aglaber, dynman eňräber,

Ogry altynlary getirip bermez.

Seredip görsem, hälki arap emiriniň ýüz dinar beren derwüşi gezip ýör. Hiç zady gaýgy hem edenok, gaty arkaýyn. Men ondan:

—Sen näme hiç hili ses çykarmaýarsyň ýa-da garakçylar seniň altynlaryňy almadylarmy? — diýip soradym .

Onda ol:

—Ýok, aldylar. Ýöne pula öwrenişen adam däldigim üçin maňa tapawudy ýok. Meniň üçin hiç hili üýtgän zat ýok. Şonuň üçinem nämä gynanaýyn? — diýdi.

Hiç kime hem hiç zada baglamaly däl köňül,

Köňül bir baglandymy, ondan boşatmak müşgil.

Men oňa şeýle gürrüň berdim :

—Seniň aýdýan zatlaryň meniň ýagdaýyma gabat gelýär. Men ýaş mahalym bir gyzy söýüpdim. Ony şeýle dereje söýýärdim welin, onuň gözelligi meniň gözümiň kyblasy, onuň bilen duşuşmak hem ömrümiň sermaýasydy.

Meger bir melekdi asmandan düşen, Ýer ýüzünde ýokdy beýle görk-husun.

Bakmak haram maňa özgä aç-açan,

Dogmaz onuň deýin gözel hiç haçan.

Ýöne birdenkä, ol söýgülim ýogaldy. Onuň aýralygyna ähli dogan-garyndaşlary, maşgalasy we ýakynlary ýanyp-bişdiler. Men köp mahallap, onuň mazarynyň ýanynda ýatyp turdum. Bu aýralyga bagyşlap birnäçe beýt aýtdym:

Aýagyňa ajalyň tikenini sanjan gün,

Gowy bordy başymdan pelek salsa gylyjyn.

Jahan meniň gözümi görmändi sensiz, bak,

Ine duryn gabryňda, bolsun başyma toprak.

* * *

Bir mahallar müşk bilen bägül suwun sepmezden,

Asyl karar tapmazdyň, uklamazdyň ýatmazdyň.

Bu pelegiň keç çarhy dökdi gülüňi ýüzden,

Hem guburyň üstüne ekipdir çakyr tiken.

Ol ýogalansoň, men hiç kim bilen zowky-sapa sürmejekdigime, haý-höwesimiň yzyna düşmejekdigime, hiç kim bilen oturyp, gürleşip duşuşmajakdygyma öz-özüme söz berdim.

Bolmasa tolkundan howp, deňziň haýry köp bordy, Ýetmese tikenden dert, gül söhbeti hoş bordy.

Düýnem wysal bagynda näzirgäpdim tawus deý,

Bu gün ýar pyrakynda towlanýaryn ýylan deý.

Hekaýat

Arap şazadalarynyň birine Mejnunyň Leýlä bolan yşkyny, onuň çeper dilli, güýçli we uly şahyrdygyny, Leýlä bolan yşky sebäpli çöllerde haýwanlaryň arasynda gezip, hor-homsy bolandygyny, erk-ygtyýar uýanyny elinden gaçyrandygyny gürrüň beripdirler. Onda şazada: «Mejnuny tapyp getiriň» diýip emr beripdir.

Mejnuny tutup, onuň ýanyna getiripdirler. Şazada oňa gaharlanyp :

—Ynsanlyk at-abraýyndan näme zyýan gördüň, haýwanlyk häsiýetini alyp, ynsanlaryň arasynda ýaşamagy taşlapsyň? — diýip sorapdyr.

Mejnun hem ah çekip, şeýle diýipdir:

–Söýdüň diýip, Leýlini ýazgardylar dostlarym,

Görensoňlar Leýlini bildiler meň haklygym.

* * *

Seni görselerdi bir gezek eý ýar,

Meň aýbym agtarýan gepçi-ýeserler.

Turunjyň ýerine gözüň öňünde,

Pyçak bilen ellerini keserler .

Şazada :

—Bu Leýli nähili perikä, biz hem göreliň — diýip, ony tapyp getirmeklerine buýruk beripdir.

Şazadanyň emri bilen çöli söküp, çadyrlary gezip, ahyry Leýlini tapyp getiripdirler. Şazada Leýlä seredip görse, ol hor we garaýagyzja bir gyz eken. Onuň Leýliniň gözelligine göwni ýetmändir.

Sebäbi onuň haremhanasyndaky gyrnaklaryň iň betgelşigi hem Leýliden has owadan we gözel eken. Mejnun şazadanyň näme barada pikirlenýändigine derrew göz ýetirip, oňa:

—Eý, şazada! Leýlini görmek üçin Mejnunyň gözi bilen seretmek gerek. Eger Leýlä meniň gözüm bilen seretseň, hakykata hem-de meniň yşkymdaky manynyň, gözelligiň nämedigine şonda göz ýetirersiň — diýipdir.

Jany sagyň bolmaz tende yzasy,

Dertdeşsiz derdinme biderek ýere.

Boşdur ary hakda söýlemek datman,

Ömründe birinden neşter bir kere.

Rowaýata meňzär saňa halymyz,

Günümiz dek günüň bolmasa gara.

Meniň ýangynymy başga ýöňkeme,

Onuň elinde duz, menem bir ýara.

* * *

Gulagyma eşidilýän bagly sözi ýaryma,

Eşitse gögerçinler goşulardy zaryma.

Saglyk-salamatlykda gezip ýören her bir kes,

Dertliniň kalbyndaky otly dertleri bilmez .

Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Hemedan şäheriniň kazysy bir gözele aşyk bolup, ýanyp tutaşypdyr. Kazy onuň ugrunda ser-sepil bolup, şeýle diýer eken:

–Gözel görkli belent serwä goşa gözüm düşende,

Ogurlady ýüregimi, zyňdy aýak astyna.

Jan alyjy ala gözler salýar ýürege kement,

Aw bolmagy islemeseň seret ýeriň pestine.

* * *

Seni ýada salamda ýitirýärin erkimi ,

Başy urlan ýylan deý, towlaýaryn durkumy.

Ol gözel gyz hem kazynyň özüne aşykdygyny we aýdýan şygyrlaryny eşidipdir. Ol kazynyň öňünden çykyp, agzyna gelenini aýdyp, ony kemsidipdir, hatda ony daşlap, masgara edipdir.

Kazy hem hormatlanýan bir alymyň ýanyna baryp, şeýle diýipdir.

Seret ol gözellige, joşuna gazabynyň,

Gaşlarnyň çytylşyna şirinligne lebiniň.

Araplarda şeýle nakyl bar: „”Söýgüliniň taýagy kişmiş deýin süýjüdir.”

* * *

Meniň üçin eý, dilber ýumruk iýmek eliňden,

Gowudyr elim bilen iýen çörek, balymdan.

Onuň bu gödek hereketinden mylaýymlygyň hoşboý ysy gelýär. Patyşalar daşyndan ýowuz we gazaply görünseler-de, olar mydama kalbynda ýaraşyk isleýärler.

* * *

Täze ýetişen üzüm ilki has turşy bolar,

Iküç gün sabr edilse tagamy şirinlener.

Bu sözleri aýdansoň, ol kazy işine gidipdir. Kazynyň garamagynda birnäçe hyzmatkärleri bar eken. Olar kazynyň ýanyna baryp, oňa:

—Rugsat berseňiz, size bir zat aýtjak — diýipdirler .

Kazy olara rugsat berensoň, olar şeýle diýipdirler :

—Biziň aýtjak zadymyz edebe ters bolup biler, ýöne akyldarlar şeýle diýipdirler:

Ähli zadyň gürrüňin etmeklik dogry däldir,

Ululara hatany ýöňkemek ýalňyş ýoldur.

–Biz şu mahala çenli sizden köp ýagşylyklary gördük. Eger siziň bendeleriňiz bolan biz bir kemçilik görüp, ony hojaýynymyza aýtmasak, haýynlyk we bigadyrlyk etdigimiz bolar. Bu yşk höwesine düşmäň. Kazylyk uly we abraýly wezipedir. Ol gözeliň nähili gadyr bilmezdigini siz öz gözüňiz bilen gördüňiz we eşitdiňiz.

Erbetlik hemrasy, bir nadan kişi,

Özgeleň abraýna etmez teşwüşi.

Elli ýyllap gazanylan abraýdyr mertebe,

Bir sany erbet iş bilen demde ýok bolup bile.

Kazy dostlarynyň öwüdini alyp, olaryň akylly pikirleri we wepadarlylyklary üçin minnetdarlyk bildiripdir. Olara şeýle diýipdir:

—Siziň laýyk hasaplan zadyňyz dogrudyr. Siz meniň wepaly dostlarym. Jogap bermegiň geregi ýok. Emma:

Söýgi aýplamak bilen eger gidýän bolsady ,

Aýypçylar diýerdi: «Oň söýgüsi galmady «

Emma görüp dursuňyz, beýle ýagdaý bolanok,

Olar beýle ýalany toslap tapyp bilmedi.

* * *

Beriber nesihaty näçe isleseň şonça,

Ýöne hünniň garasy gitmez näçe ýuwsaň-da .

Kazy bulary aýdansoň, gözeli yzarlamak üçin birnäçe adam iberipdir. Onuň üçin köp pul harçlapdyr. Köneler şeýle diýipdirler:

Bar kişi altyn-kümüşe baş eger ,

Hatda, demir gerdenli terezi hem.

Elgaraz, kazy bir gije ol näzenin bilen ýalňyz we ýekelikde galypdyr. Gije ýasawullary hem muny eşidipdirler. Kazy şerap içip, gözeli gujagyna alyp, şu şygry aýdypdyr:

Bu gije neçün horaz wagtynda gygyrmaýar ,

Aşyk gujaklamakdan hem öpmekden doýmaýar .

Ýar zülpüniň taryndan görünýän al ýaňagy, Berk demirden ýasalan syrly naýza meňzeýär .

* * *

Erbetligiň ýatan pursaty eý, dost,

Hiç uklama, ömrüň boş geçmesin, boş .

* * *

Eşidýänçäň metjitden azançyň azan sesin,

Ýa Atabeg köşgünden kernaý, surnaý owazyn,

Horaz gözi deý gyrmyz lebi lebden aýyrmak,

Akmaklyk bolar bilseň eşdip, horazyň sazyn.

Kazy bu halda ýatyrka, dostlarynyň biri ýanyna gelip :

—Çalt tur, ýörär ýaly mejalyň barka, gaç. Göripler bu habary eşidipdirler. Pitne odunyň heniz az mahaly, belki, çäre suwy bilen söndürip bileris. Ertir bu habar ýaýrasa hemme ýeri gurşap alar. Hemmeler görer, eşider we pitne oduny söndürip bolmaz — diýipdir .

Kazy hem ýylgyryp, oňa şeýle diýipdir.

–Arslan penjesin urup, öz awuny tutansoň,

Näme tapawut bardyr, it hawlasa hawlasyn.

Ýüzüň dost ýüze öwür, başga zady taşla, zyň,

Goý, duşman yzda galyp, ýeňsesini gaşasyn .

Ol gije kazyly wakany hökümdara ýetiripdirler we ondan:

—Näme edeli? — diýip sorapdyrlar.

Hökümdar hem:

—Men ony ýeke-täk alym we at-abraýly adamdyr öýdýärdim. Henizem şeýle hasaplaýaryn. Bu mümkin däl. Belki, göripler muny özlerinden oýlap tapandyrlar. Gözlerim bilen görmesem ynanman — diýip, jogap beripdir.

Gazap bilen ele gylyç alan kes,

Soň öküner, arman çeker her nepes.

Ýaňky hökümdar ertir ir bilen ýanyna birnäçe adamy alyp, kazynyň ýanyna gidipdir. Görse, şemler sönüpdir, zenan otyr, şeraplar ýere dökülipdir, käseler döwlüpdir, kazy hem süýji ukuda ýatan. Dünýäden bihabar, hatda hökümdaryň geleninden hem bihabarmyş. Hökümdar ony mylaýymlyk bilen oýanyp :

—Tur, gün dogdy — diýipdir.

Kazy hem özüne gelip, nämäniň-nämedigine göz ýetirip :

—Haýsy tarapdan dogdy? — diýip sorapdyr.

Hökümdar:

—Gündogar tarapdan — diýip, jogap beripdir.

Kazy:

—Hudaýa şükür, heniz toba gapysy açyk, çünki pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam: «Gün tä günbatardan dogýança toba gapysy açykdyr» diýipdir – diýip, toba edipdir.

Meni günä iteren şu iki zat,

Akly kelteligim hem gara bagtdyr.

Eger jeza berseň doly hakyň bar,

Ýöne geçiş ar almakdan oňatdyr.

Hökümdar hem oňa şeýle diýipdir :

—Indi öljekdigiňe gözüň ýetip, bagyşlamagymy dileýärsiň we ötünç soraýarsyň, onuň indi nä peýdasy bar? Çünki Gurhany Kerimde: «Olar

azabymyzy görenlerinde haýyr-yhsan ederler, ýöne munuň olara hiç hili peýdasy ýok» diýilýär .

Ne peýda bar toba etse ogrular,

Kement oklamakdan galan mahaly.

Uzyna aýt: „”Eliň miwä ýetirme,”

Keltäň özem tutup bilmez şahany.

—Indi inkär etmäge sebäp ýok. Hemme zat belli boldy. Sen göz-görtele erbet iş etdiň. Mundan halas bolup bilmersiň.

Soň jellat gelip, kazynyň ýakasyndan tutupdyr. Kazy hökümdara ýüzlenip:

—Şahy älem, rugsat beriň, ýekeje sözüm bar, şony aýdaýyn — diýip, rugsat sorapdyr.

Hökümdar:

—Hany, aýt bakaly, ol näme? — diýensoň, ol şeýle diýipdir:

Närazylyk ýeňini çekip alýaň bat bilen,

Emma menden garaşma, sypdyrman men etegiň.

Eger eden günämden sypmak mümkin däl bolsa,

Men umydym ýitirmen, bardyr seniň keremiň .

Hökümdar oňa:

—Örän manyly söz aýtdyň we eşidilmedik jümläni beýan etdiň. Emma seniň at-abraýyň we dilewarlygyň seni meniň jezamdan halas etmez. Bu akyl we mantyk taýdan bolup bilmejek zatdyr, şerigata hem tersdir. Beýlekiler hem ybrat-görelde alar ýaly seni galadan aşak oklamagy laýyk hasaplaýaryn — diýipdir.

Onda kazy oňa:

—Eý, şanly hökümdar! Men bu neberäniň duzy bilen ösdüm-ulaldym. Bu günäni ilkinji gezek men etmedim ahyry. Maksadyňyz halka ybrat bermek bolsa, bu günä sebäpli başga birini galadan aşak zyňyň, men ondan ybrat alaýyn — diýip ýalbarypdyr.

Onuň aýdan bu sözi hökümdara ýarapdyr. Hökümdar onuň bu sözüne ýylgyryp ony bagyşlapdyr. Onuň öldürilmegini isleýänlere bolsa, şeýle diýipdir:

Her kişi hammalydyr öz aýbynyň,

Özgeleň aýbyny aýtmaň, goýgunyň.

Hekaýat

Bir ýigit asylly hem zandy päkdi,

Yşkynda bir gül ýüzlüniň heläkdi.

Giň deňizde – men okapdym bir ýerde–

Bir girdapda bile galdylar derde.

Çümer diýip, rehmi gelip janyna,

Gelende almaga nawçy ýanyna.

Harasat içinde diýýärdi şeýle,

Meni goý, ýarymy git halas eýle.

Ýigit gaharlandy ýagdaýy görüp,

Eşitdiler, diýýärdi ol jan berip.

Yşkyň kyssasyny diňleme daşdan,
Kyn günde ýaryny unudan başdan .

Ömürlik aşyklar etdiler şeýle,
Diňleseň görenden bilersiň beýle.

Sagdy biler yşkyň däbini onça,
Arabyň dilini Bagdatda şonça.

Bar bolsa söwdügiň, ber şoňa ýürek,
Soň ähli älemden göz ýummak gerek.

Leýli bilen Mejnun direlse birden,
Yşkyň dessany ýazar şu ýerden.

## ALTYNJY BAP

## GARRYLYK WE EJIZLIK HAKDA

### Hekaýat

Bir gezek Damaskyň metjindinde alymlar bilen söhbet edip otyrdyk. Gapydan bir ýaş ýigit içeri girip:

—Arañyzda pars dilini bilýän barmy? — diýip sorady.

Hemmeler meni görkezdiler. Men hem:

—Howa, bilýärin — diýdim.

Ýigit:

—Ýüz elli ýaşly bir ýaşuly soňky deminde ýatyr. Parsça bir zatlary samraýar. Biz oňa düşünmeýäris. Belki, wesýet edýändir. Eger biziň bilen gitseňiz, sogap iş etdigiňiz bolar — diýdi.

Men hem onuň bilen gitdim. Onuň başujuna bardym. Garry ýaşuly şeýle diýýärdi:

Myradymça bir dem alaýyn diýdim,

Wah, arman, bu demiň ýoly tutuldy.

Ömrüň elwan saçagyndan eý daryg,

Ýaňyja dadypdyk, diýdiler „"boldy ."

Ölüm düşeginde ýatan garrynyň aýdan bu parsça sözlerini şamlylara arapça aýdyp berdim. Garrynyň şeýle köp ýaşasa-da dünýäden bu dereje gynançly we gussaly aýrylmagyna haýran galdylar. Men garrydan:

—Nähili ýagdaýlaryň? — diýip soradym .

Garry şeýle diýdi:

—Näme diýeýin, meni diňle:

Görmezmiň, adama ne azap geler,

Agzyndan bir dişi çekilen wagty.

Deňäp gör çykarda täk şirin jany,

Niçik halda bolar ol maňlaý gaty.

Men oňa :

—Ölümi ýadyňdan çykar we özüňi agyr hyýallar bilen bogma. Sebäbi akyldarlar: «Ynsan näçe sagdyn bolsa hem, ölmejekdigine ynam bolmaz. Haýsy bir kesel hernäçe elhenç bolsa bolubersin, hökman ölümi aňlatmaz» diýipdirler. Eger isleseňiz, bir hekim çagyraly, size seretsin — diýdim.

Onda garry meniň bu sözlerime şeýle jogap berdi:

”„Tebibiň ökdesi owkalar eli,
Sandan galan garry bolsa keselli.

Eýwany bezemek baýaryň küýi,
Emma düýp-teýinden weýrandyr öýi.”

Garry syrkaw egninden dem alýardy,
Kempir kellesine sandal çalýardy.

Göwräniň esasy tüýs bolsa weýran,
Ne porhanlyk saklar ony, ne derman.

Hekaýat

Bir ýaşuly bir gezek maňa şeýle gürrüň berdi:

–Men ýaş we durmuşa çykmadyk bir gyza öýlendim. Otagy güller bilen bezedim. Onuň bilen ýalňyz galyp, köňlümi oňa berdim. Uzyn gijeler ýatman geçirerdik. Maňa öwrenişsin diýip, onuň göwnüne ýarajak zatlary gürrüň berýärdim. Onuň bilen degşip, gülşüp oýnaýardym. Bir gije oňa şeýle diýdim :

—Seniň bagtyň bar eken, men ýaly köpi gören, kämil, durmuşyň ajysyny-süýjüsini gören, ýagşy-ýamany saýgarýan, tejribeli, gürleýiş äheňiniň ýollaryny bilýän, söýgüniň nämedigini bilýän, onuň şertlerini ýerine ýetirýän, rehim-şepagatly, süýji dilli, merhemetli we mähirli garra nesip etdiň .

Köňlüňi alaryn, tä içde jan bar,

Sen azar berseň-de bermerin azar.

Toty kimin şeker bolsa höregiň, Ýerine jan taýýar, bolsa geregiň.

Sen özüne göwni ýetýän, akylsyz, gopbam, sözünde durmaýan, üýtgäp duran, şahadan şaha gonup ýören, ýeňilkelle, dikdüşdi, her gije bir ýerde ýatyp-turup ýören, her gün bir ýar tutunyp ýören ýaş ýigidiň eline düşmediň.

Ýigitler gözeldir, hem şähdi açyk,

Emma bir ykrary bolmaz wepada.

Wepa talap etme bilbilden asla,

Her salym bir gülde saýrar, sapada.

Garrylar bolsa, ýaşlar ýaly tejribesiz däl-de, akyllary bilen ýörärler we ýaşarlar.

Özüňden ýegi tut, wagty ötürme,

Özüň ýaly bilen ömrüň ýitirme.

Men bu akylly we paýhasly sözleri aýdanymdan soň, indi awumy ele salandyryn, onuň köňli mendedir öýtdüm. Emma seretsem, gyz uludan bir ah çekip, maňa şulary aýtdy :

—Men seniň aýdýanlaryňy akylyň terezisiniň bir tarapyna goýdum. Beýleki tarapyna hem bir wagt enekämden eşiden sözlerimi goýdum. Deň gelmedi. Şonda enekäm: „”Ýaş gelne gapdalynda garry kişi ýatandan bykynynda okuň ýatany ýagşydyr” diýipdi.

Eger aýal yrza bolmasa ärden,

Pitnedir gykylyk gopar ol ýerden.

Ornundan hasasyz turmadyk garryň,

Haçan galar onuň hasasy birden.

Elgaraz, onuň bilen ylalaşmadyk, düşnüşmedik, ahyry aýrylyşdyk. Soň ony ýaş bir ýigide durmuşa çykardylar. Ýigit garypdy, elinde hiç zady ýokdy. Erbet gylyklydy, gyza köp azar berýärdi, gaharjaňdy. Emma onuň bu ähli kemçiliklerine garamazdan gyz: «Hudaýa şükür, uly azapdan dyndym we uly nygmata gowuşdym» diýýärdi.

Bolsaň-da gylyksyz, berseň-de azar,

Näziňi çeker men, gözel sen, eý, ýar.

* * *

Ýagşydyr sen bilen köýmek azapda,

Ýat bilen jennetde sürenden döwran.

Periň agzyndaky soganyň ysy, Ýeg pis elindäki gülden, bigüman.

Gözel ýüz, gözel lybas, hoşboý hem ýakymly ys ,

Zenanlaň zynatydyr hup ýaraşar ýüzüne .

Merde gerekmez zynat, gözel görkdür gözellik ,

Onuň çyn erkekligi ýeterlikdir özüne.

Hekaýat

Diýarbekirde bir ýaşuly adama myhman boldum. Ol örän baýdy. Onuň ýekeje ogly bar eken. Ýaşuly maňa şeýle gürrüň berdi :

—Meniň mundan başga perzendim ýok, bolmadam. Bu ýerdäki derede bir zyýarat agaç bar, hemmeler hajatlary üçin oňa zyýarata gelýärler. Men hem birnäçe gezek uzyn gijeläp, ol agajyň düýbünde Alla ýalbardym. Alla hem maňa bu çagany bagyş etdi.

Soň eşidip otursam, oglum dostlarynyň ýanynda: «Käşge, men hem ol agajyň niredigini bilsem we kakamyň ölümi üçin doga etsem» diýýär eken.

Kakasy: «Oglum akyllydyr» diýip şatlanýar, ogly bolsa, «Kakam akyly çaşandyr diýip üstünden gülýär.«

* * *

Uzak ýyllar köp zamanlar geçirip,

Ataň mazaryna etmediň güzer.

Sen ataňa näme haýyr görkezdiň?

Ogluňdan haýyra dikýärsiň nazar .

Hekaýat

Bir gezek ýaş mahalym ýaşlygyň güýji bilen ep-esli ýöräpdirin. Agşam düşende bir dagyň etegine bardym. Örän ýadawdym. Bir görsem, kerweniň yzyndan bir ýaşuly adam gelýär. Ol maňa:

—Sen näme bu ýerde ýatyrsyň. Tur, bu ýeri ýatylýan ýer däl — diýdi .

Men:

—Ýadawlygym sebäpli ýatyryn, mejalym ýok. Nädip ýöräýin — diýdim.

Ýaşuly maňa şeýle diýdi:

—Sen näme şu atalar sözüni eşitmediňmi: «Dynç alyp, bir sydyrgyn ýöremek, ilki ylgap, soňra güýçden gaçyp galmakdan has gowudyr .«

Sabyr öwren amal edip pendime, Ýeter bolsaň howlukmagyn bir öe.

Iki menzil çapar arap at görseň,

Gije-gündiz gider ýuwaşdan düe.

Hekaýat

Biziň ýörite mejlisimiz bardy. Aramyzda güler ýüzli, hoş niýetli, süýji dilli bir ýaş ýigit bardy. Ol elmydama şadyýandy, gülşüp degşip ýörerdi. Erni bir ýere gelenokdy. Haçan görseň, gülüp ýördi. Bir saý-sebäp bilen ony ep-esli wagt bäri görmedim. Bir günem oňa duş geldim. Ol öýlenipdir, çaga-çugasy bolupdyr. Ýöne gaýgylydy, keýpi kök däldi. Öňki şadyýanlygynyň köki gurap, höwesiniň güli saralyp-solupdyr. Men ondan:

—Saňa näme boldy, öňküligiň ýok-la? — diýip soradym.

Onda ol :

—Çagalarym dünýä gelensoň çaga ýaly bolmagy goýmaly boldum — diýip, jogap berdi.

Garrylygyň agardypdyr saçyňy ,

Indi seniň juwan bolmaklygyň geň .

Zamananyň eden bu üýtgeşmesi ,

Gorkuzmaga ýeterlik dälmi eýsem?

* * *

Ulalandan soň ýaşyň çagalykdan el göter ,

Oýundyr güýmenjäni taşla, çagalara ber.

* * *

Ýaşyň şadyýanlygyn garrylardan gözleme ,

Ýapdan akyp giden suw gaýdyp yzyna gelmez .

Orak wagty ýetende ekinlere, bilseňiz,

Olar ter wagty deýin elwan-ýaşyl öwüsmez.

* * *

Nowjuwanlyk döwrüm elimden gitdi,

Ah joşgunly zaman deňimden ötdi .

Şiriň penjesi deý, gidipdir kuwwat,

Indi yrza tapsam garsak deý bir zat.

* * *

Bir kempir saçyny boýapdyr gara,

Diýdim: Eýa, ene, bäriňe gara.

Saçyň gara boýap, etmersiň hile,

Gönelmez, peýda ýok bükülen bile.

Hekaýat

Bir gezek jahyllyk edip we ýalňyşyp, ejemiň üstüne gygyrdym. Ejem gynanyp, bir burça çekilip, aglap :

—Maňa beýle ýowuz daraşar ýaly, çagalygyňy ýadyňdan çykardyňmy, näme üçin meniň üstüme gygyrýarsyň? — diýdi.

Bir kempir diýipdir ogluna, ony,

Pilden güýçli görüp şirden edermen.

Ýadyňa düşsedi biçäredigiň,

)Gujagymda bir çagadyň süýt emen(.

Bu gün munça jepa bermezdiň maňa,

Indi bolupsyň şir, bir kempir menem.

Hekaýat

Baý, ýöne husyt bir adamyň çagasy syrkawlapdyr. Onuň aýaga galmagyny isleýänler :

—Sen çagaňa Allatagala şypa berer ýaly ýa hatym çykart , ýa gurbanlyk çal — diýipdirler.

Ol baý adam biraz oýlanansaň :

—Gurhan, ine, şu ýerde, hatym çykartsaň bolar. Gurban kesmek üçin bolsa, süri uzakdadyr — diýipdir.

Muny eşiden bir akyldar bolsa: «Hatym çykartmak dil işidir, dilden çykar. Gurbanlyk puly bolan altyn bolsa, janyň ortasyndan çykar» diýipdir.

Tagat boýnuny buran, ybadat başyn egen,

Hemra bolsa oňatdyr sahawat, kerem bilen.

Bir dinar çykjak bolsa, eşek deý laýa çöker,

”„Fatyha” oka diýseň, ýüz gezek okap çykar.

Hekaýat

Bir ýaşuludan:

—Näme üçin öýlenmeýärsiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Garry aýal bilen ýaşamak islemeýärin — diýip, jogap beripdir. Ýene oňa:

—Bolýar, seniň altyn-kümşüň köp, ýaş aýal al — diýipdirler.

Ol:

—Men garry bolup, garry aýallary islemeýärin. Ýaş aýal nädip meniň ýaly garry adamy söýsün — diýip, jogap beripdir.

ÝeDINJI BAP

EDEP-TERBIÝÄNIŇ TÄSIRI HAKDA

Hekaýat

Bir weziriň samsyk, akylsyz we nadan ogly bar eken. Belki, akyllanar, zehini açylar diýip, ony bir mollanyň eline okamaga beripdir. Molla hem ep-esli mahal ony okadyp, oňa edep-terbiýe öwredipdir.

Emma mollanyň ähli tagallasy biderek bolupdyr. Bir günem ony kakasynyň ýanyna iberip, şu haty ýollapdyr: «Bu aklyna gelmedi, emma meni däli etdi .«

Eger aslynda bolsa päk jöwher,

Berilen tälim edýändir täsir .

Eger aslynda bolmasa gowy,

Berilmez demre altynyň suwy .

Ýedi dür deňziň suwunda ýuwsaň,

It pelitligi aýrylmaz bilseň.

Isanyň eşegin Mekgä getirseň ,

Gaýdyp gelse, ýene eşekligi oň.

Hekaýat

Bir akyldar ogullaryna şeýle nesihat berer eken: «Haýsydyr bir hünär öwrenip, ylymly boluň. Dünýe malyna, dünýe mülküne we döwletine ynam ýokdur. Wezipe we dereje şäherden daşary çykmaz, şäheriň içinde galar. Altyn kümüş we mal-mülk mydama howpuň içindedir, ony ýa ogry ogurlar ýa-da eýesi iýer gutarar. Hünär we senet bolsa, suwy kesilmeýän çeşmedir, müdimilik döwletdir. Hünärli ynsan döwlet wezipesinden aýrylsa hem gaýgy-gama batmaz, sebäbi onuň hünäriniň we ylmynyň özi bir döwletdir. Hünärli we ylymly-bilimli ynsan nirä barsa hem özüni oňarar, ony ýokary ýerde oturdarlar. Hünärsiz we ylym-bilimsiz ynsan nirä gitse, el serip dileg eder we kynçylyk çeker .«

Özi buýurmaga öwrenen kişi,

Kyn görer ol özgä gulak salyşy.

Kimler ösen bolsa näzi-nynmatda,

Haly harap bolar galsa külpetde.

* * *

Bir wagtlar Şamda gopanda pitne,

Her kim künjeginden çykdylar daşa .

Akylly, danyşment köp obalylar ,

Gelip boldy wezir-wekil patyşa .

Akylsyz weziriň çagalary hem ,

Dilegçilik üçin gitdiler oba.

* * *

Atañ ylmyna eýe bol eger mirasyn isleseň,

Onuň miras goýan maly on günde gutarar bilseň.

Hekaýat

Bir patyşa bilim-terbiýe bermek üçin ogluny bir molla tabşyrypdyr. Ol alym şazadany urup, ýenjer eken. Şazada bu ýagdaýa çydaman, kakasyna mollasyndan arz-şikaýat edipdir we endamyndaky ýaralary görkezipdir. Patyşa muňa gaharlanyp, mollany çagyryp ondan :

—Sen raýatymyň çagalaryna hem rowa görmedik temmini, nädip meniň ogluma laýyk görýärsiň? Munuň sebäbi näme? — diýip sorapdyr.

Onda molla oňa:

—Bir zat bar, hemmelere gereklidir, emma patyşalara hasam gereklidir. Ol bolsa aýtjak sözüňi pikirlenip aýtmak, edýän hereketleriňi kada-kanuna laýyk

getirmekdir. Sebäbi patyşalaryň dillerinden çykjak her bir söz, ellerinden çykjak her bir hereket hökman halkyň agzyna düşer we iliň dilinde bolar. Emma garamaýagyň aýtjak sözi we etjek hereketi känbir ähmiýetli däldir, oňa hiç kim üns bermez — diýip, jogap beripdir.

Derwüşiň dilinden ýüz söz çyksa hem ,

Bilmezler dostlary ýekejesin hem .

Eger bir nälaýyk söz çyksa şadan ,

Şäher däl, oba-da ýaýrar şobada.

–Şonuň üçinem şazadalaryň (goý, Alla olary ýaş nahallar ýaly ýetişdirsin!) mollalary olaryň ahlak-sypatlary, tälim-terbiýeleri meselesinde halkyň çagalaryna görkezýän üns-aladasyndan we zähmetinden has köp tagalla etmelidir.

Görmese ýaş wagty terbiýe eger,

Ulalanda terbiýe almaz meger .

Çyg çybyk isleseň egreldip bolar, Gury dogurlanmaz ýakmaly bolar.

Mollanyň bu dana sözleri hökümdaryň göwnüne ýarapdyr we oňa halat-serpaý ýapyp, haýyr-sahawat eçilip, derejesini beýgeldipdir.

Hekaýat

Magryp ülkesinde bir medresäniň mollasyny gördüm. Ol gaharjaň, ajy dilli, gylyk-häsiýetsiz, göwnedegiji, kanagatsyz, Alladan gorkmaýan adamdy. Onuň ýüzüne sereden musulmanyň işi oňuna bolmazdy. Gurhan okaýşy hem

ýüregedüşgünç eken. Onuň gyz we oglan talyplary ondan ezet baryny çekip, ne gülüp, ne-de gürleşip biler ekenler. Ol talyplaryň ýüzüne şarpyk çalyp, näzik aýaklaryny falakadan geçirer eken.

Soň çagalaryň ene-atalary muny eşidip, mollany urup-ýenjip medreseden kowupdyrlar we medresäni başga gowy bir molla ynanypdyrlar.

Bu täze molla dindar, ýuwaş, mylaýym, sessiz-üýnsüz adam eken, hiç kimi ýençmez, göwnüne degmez, ynjytmaz, dilinden erbet söz çykmaz, eli bilen erbet iş etmez eken .

Çagalar öňki mollalarynyň gahar-gazabyny ýatlaryndan çykaryp, täze mollalarynyň ýuwaşdygyny görüp, okuwlaryny okaman başlapdyrlar. Biri-birlerinden şeýtan bolup, wagtlaryny boş geçirip, ders wagtyny oýnap-gülşüp geçirýär ekenler. Hatda okuw tagtasyny hem biri-birleriniň kellelerine urup başlapdyrlar.

Molla talyplaryny gyssamasa, eger-de ,

Eşekmündi oýnarlar medresede, hüjrede.

Iki hepdeden soň, ol ýerden geçdim. Görsem, öňki molla haýyş edip, ony ýene öňki ýerine mollaçylyk etmäge getiripdirler. Gaty gynandym. «Lä hawle» dogasyny okamaga başladym we içimden: «Iblisi ýene perişdelere mugallym edip belläpdirler» diýdim. Akyldarlaryň biri meniň bu sözümi eşidip şeýle diýdi:

Bir şa ogluny okuwa iberen, Eline kümüşden bir depder beren .

Depderiň ýüzünde ýazdy zer bilen:

”„Ussat jebri gowy atañ mährinden.”

Hekaýat

Bir abydyň ogluna agalaryndan (kakasynyň dogany) köp möçberde miras galypdyr. Ol bu baýlygy göterip bilmän, gije-gündiz şerap içip, günä işlere meşgul bolupdyr. Men bir gezek oňa şeýle diýip nesihat berdim :

—Oglum! Ynsanyň girdejisi çeşmä, çykdajysy hem aýlanyp duran degirmene meňzär. Yzygiderli girdejisi bolmadyk adam kän pul harçlamaly däldir.

Az harçla puluňy girdeji azdyr,

Gämiçiniň şeýle aýdymy bardyr :

»Kesilse daglarda ýagyş ýagmasy,

Bir ýylda gurardy Dejle derýasy .«

–Akylyňa aýlan, edebiň çygryndan çykma. Akmaklygy taşla. Eliňdäki nygmat eliňden gitse, kynçylyk çekersiň, soň puşman edersiň.

Ol ýigit özüniň keýpi-sapasynyň lezzeti bilen meniň bu sözlerime gulak asmady. Hatda sözlerime garşy çykdy we meni ýazgaryp :

—Bu günki keýpi-sapany ertirki gün başyňa geljek kynçylyk üçin bozmak akyla sygjak zat däl we akyly ýerindäki adamyň etjek işi däl — diýdi.

Arzuwyna ýeten bagtyýar neçün,

Gara gün gamyndan çekmeli elem?

Şatlykly iýip-iç ýürekdeş dilber,

Ertirki gün üçin bu gün çekme gam.

Men bu gün kerem we mürewwet mejlisiniň iň çürdepesinde otyryn. Haýyr-yhsanymyň şany hemmeleriň agzynda. Şonuň üçinem, men seniň aýdýanlaryňy nädip ýerine ýetireýin?

Kimi meşhur etse sahylyk, kerem,

Bent asta düşmesin dinar-u derem.

Ýagşy ady ýaýran bolsa jahana,

Bilmersiň gapyny ýapyp öňüne.

Ýöne ol meniň aýdanlarymy kabul etmedi we meniň gyzgyn demim onuň sowuk demrine täsir etmeýärdi. Men oňa öwüt bermegi we onuň bilen gürleşmegi goýbolsun etdim. Janym sag, özüm salamat diýip bir burça çekildim. Bu barada şeýle diýipdirler: «Sen wezipäňi, öwüt-nesihatyňy, işi ýerine ýetir. Öz üstüne düşen zady aýt, kabul etmese saňa näme «!?

Ýagşy kişileň sözüni sözlegil,

Eger saňa salmasalar-da gulak.

Akmak bolsa eger diňleýjiň, tizden–

Bende düşer iki gol-iki aýak.

Soňra elin çarpyp, aýdar öz-özi:

”„Dana gulak salmadym halym çatak.”

Aradan ep-esli wagt geçensoň, ony gördüm. Bir mahallar oňa aýdan zatlarymyň onuň başyna gelendigini aňdym. Egninde ýamaly köne eşigi bardy. Elini serip, dilenip ýördi. Oňa gynandym. Ony ýazgaryp, ýüreginiň ýarasyny dörjelemäge we üstüne duz-burç sepmäge köňlüm etmedi. Öz-özüme şeýle diýdim:

Nadan serhoşlukda oýlamaz asla,

Ne geçer ahwaly ýoksul gününde.

Baharda al-ýaşyl bolan daragtlar,

Ýalaňaç galarlar gyş geleninde.

Hekaýat

Bir patyşa ogluny molla berip:

—Bu seniň öz ogluň ýalydyr. Öz ogullaryňa nähili edep-terbiýe berýän bolsaň, meniň oglumy hem şolar ýaly edip terbiýele — diýipdir.

Ýaňky molla oňa birnäçe ýyllap edep-terbiýe, bilim öwredipdir. Ýöne hiç hili netije çykmandyr. Şazada üçin sarp eden ähli tagallary biderek bolupdyr. Öz çagalary bolsa, edepli, terbiýeli alym adam bolup ýetişipdirler .

Bu ýagdaýy gören patyşa molla gaharlanyp :

—Sen beren sözüňde tapylmadyň — diýip gygyrypdyr .

Molla hem patyşa ýüzlenip:

—Şahy älem! Tälim, ylym-terbiýe hemmä deňdir. Ýöne ukyplylyk dürli-dürlüdir — diýipdir.

Tylla-kümüş eger çyksa-da daşdan,

Barça daşda altyn bolmaz biguman.

Süheýl bar ýere deň şöhle saçar,

Biri deri tapar, biri eder gan.

Hekaýat

Bir piriň sopularynyň birine: «Ynsanlar edil rysgallaryna baglanyşlary ýaly, ol rysgaly beren Allasyna-da baglansalardy, perişdeleriň derejelerne çykardylar» diýendigini eşitdim.

Ene boýnundakaň, jansyz ýatyrkaň,

Unutmandy seni Allatagala.

Gan berdi, jan berdi, berdi akyl-huş,

Görk berdi, dil berdi, söz berdi, aňla.

Eliňde bitirdi on sany barmak,

Iki çigniň berkitdi iki egne,

Indi oý edýäňmi eý, hümmeti pes,

”„Ryskym unudar” diýp, Taňrytagala .

Hekaýat

Bir çarwa araby gördüm. Ol ogluna :

—Oglum! Kyýamat gününde senden: «Näme gazandyň?» diýip sorarlar, «Haýsy taýpadan?» diýip soramazlar, «Kakaň kim?» diýip soramazlar, amalyňy sorarlar — diýip, öwüt berýärdi.

Käbäň örtügini öpýändir zyýarat eden bendeler,

Ýüpek gurçugy sebäpli almady ol beýle ady.

Birnäçe gün oturşansoň hormatly bilen ýüzbe-ýüz,

Edil hormatlyň özi dek artdy hormaty-şöhrady .

Hekaýat

Tebigatşynaslaryň kitaplarynda şeýle diýlip ýazylypdyr: „”Içýanlar adaty jandarlar ýaly dünýä gelmeýärler. Içýan çagalary eneleriniň içini iýip, garynlaryny ýyrtyp, daşary çykýarlar. Içýanlaryň hinlerindäki öli içýanlar hem bu hakykaty subut edýär.”

Men bu gürrüňi uly bir alymyň ýanynda agzadym. Ol hem:

—Men siziň bu aýdýanlaryňyzy tassyklaýaryn. Çünki başga hili bolup hem bilmez. Olar çagalykda şeýle edýändikleri üçin ulalanlarynda hemmeler tarapyndan «söýülýändir» we «hormat goýulýandyr» — diýdi .

Ogluna atasy etdi nesihat,

”„Eý, balam aýdaýyn bir inçe wesýet.

Öz iline wepa bermedik kişi,

Ne söýgüli bolar ne-de döwletment.”

* * *

Içýandan sorapdyrlar:

—Näme üçin gyşyna hiniňden daş çykmaýarsyň?

Içýan hem şu jogaby beripdir:

—Gyşyna daşary çykarym ýaly tomsuna näme hormatym bar?

Hekaýat

Bir garyp adamyň aýaly hamyla bolup, wagty golaýlapdyr. Garybyň hiç çagasy ýok eken. Ol :

—Eger Alla maňa ogul berse, egnimdäki hyrkamdan galan ähli zatlarymyň, hemmesini garyplara paýlajak — diýip, doga-dileg bilen äht edipdir.

Aýdyşy ýaly, onuň bir ogly bolupdyr, ol hem begenjine sözünde durup, saçak ýazyp, garyp-gasarlaryň garnyny doýrupdyr.

Men birnäçe ýyldan soň, Şamdan gelýärkäm, ol garybyň ýaşaýan mähellesine baryp, ony soradym. Onuň zyndandadygyny we aýaklarynyň zynjyrlydygyny aýtdylar. Men olardan sebäbini soranymda olar maňa:

—Onuň ogly şerap içip, urşup, bir adamy öldürip gaçdy. Onuň ýerine hem kakasyny tutdular — diýdiler.

Men hem:

—Ol bu belany dileg etmek bilen Alladan özi sorap aldy — diýdim.

Eýa, bende, meni ýagşyja diňle :

Akylly ynsanlaň pikrine görä ,

Bir bihepbe perzent dünýä inenden,

Ýylan dogsa ondan gowudyr hernä.

Hekaýat

Men çaga mahalym bir alymdan :

—Ynsan haçan ýetginjeklige ýetýär, ony nädip bilip bolýar? — diýip soradym.

Onda ol maňa:

—Kitaplarda ýazylyşyna görä, ýetginjekligiň üç alamaty bar.

On bäş ýaşa ýetmek.

Ukuda şeýtany bolmak.

Uýat ýerlerine gyl çykyp başlamak. Emma hakykata seretsek, onuň esasy başga bir alamaty bardyr. Ol hem nebsiniň isleglerini ýeňip, Allatagalanyň razyçylygyny gazanmaga tagalla etmekdir. Kimde beýle alamat ýok bolsa, alymlar ony ýetginjek hasaplamaýarlar — diýdi.

Adam keşbine geler bir damja suw,

Kyrk günläp ene garnynda ýatsa ol.

Kyrk ýaşdan soň akyl, edep gelmese,

Adam diýip, aýdyp bolmaz ony, bil.

* * *

Adamçylyk bilseň yhsandyr kerem,

Ynsan diýme diňe keşbi bolsa hem.

Hünär gerek, keşbi geçirse bolar,

Diwaryň ýüzüne boýag bilen kem.

Ynsanda bolmasa bilim, hünär hiç,

Ne parhy bar adymmy, nagşy diwar.

Dünýä malyn ele salmak hünär däl,

Elden gelse bir göwün awla, eý, ýar.

Hekaýat

Bir ýyl haja barýan kerweniň pyýadalarynyň arasynda dawa-jenjel ýüze çykdy. Olaryň arasynda men hem bardym. Biz dawa-jenjele girişdik. Dogrusyny aýtsam biri-birimiziň ýüz-gözümi adalat gözleýiş we ar alyş ýerine öwürdik. Kejebede oturanlaryň birini gördüm. Ol öz-özüne şeýle diýýärdi:

—Bu dawa-jenjel sadranç oýnuna meňzeýär, emma ters tarapdan. Sadrançda pyýadalar başa baransoňlar, perzi bolýarlar we öňki ýagdaýlaryndan has gowy bolýar. Haj kerweniniň pyýadalary bolsa, çöl ýoluny gutaransoňlar, has erbet boldular.

Men tarapdan aýdyňyz adamlara dert haja,

Halk derisin soýýar ol azar bilen zor salyp,

Sen hajy däl hajydyr öňüňdäki ak düýäň,

Biçäre ýandak iýýär, hem barýar ýüküň alyp.

Hekaýat

Bir hindi ataşbazlygy öwrenip duran eken. Şol mahal ol ýerden geçip barýan akyldar ondan:

—Seniň öýüň gamyşdan ahyry. Bu oýun seniň nämäňe gerek? — diýip sorapdyr.

Sözüň hut dogrulygyn bilmeýänçäň gep urma,

Ýagşy jogap ýokdugyn bilseň sözleme, durma.

Hekaýat

Bir adamyň gözi agyrýar eken. Ol bir baýtaryň ýanyna baryp: «Maňa em et» diýipdir. Baýtar hem ol adamyň gözüne haýwanlaryň gözüne çalýan dermanyny çalypdyr. Ol adamyň gözi kör bolupdyr. Ol kazynyň ýanyna baryp, arz-şikaýat edipdir. Kazy oňa:

—Bu ýerde hiç hili jeza berilmez. Sebäbi eşek bolmasadyň, baýtara gitmezdiň —diýipdir.

Akyldaryň sözünden maksat şudur: «Kim tejribesiz adama möhüm iş tabşyrsa, hem puşman eder hem-de akyllylaryň ýanynda akmak hasaplanar.«

Buýurmaz akylly kişi hiç mahal,

Akmak kişilere hatarly bir iş.

Boýra dokaýjy hem dokaýjy, ýöne,

Ýüpek işlerine çagyrylmaz hiç.

Hekaýat

Bir ymamyň ogly ýogalypdyr. Ondan :

—Onuň mazarynyň daşyna näme ýazmaly? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol şeýle diýipdir:

—Gurhany Kerimiň aýatlary mukaddesdir, keramatlydyr. Ony beýle ýerlere ýazmaklyk rowa däldir. Sebäbi onuň üstünden wagt geçer bozular, halk üstünden gelip-geçer, itler üstüne buşugar. Eger hökman ýazmaly bolsa şu iki beýt ýeter. Ony ýazyň:

”„Bag-bakjalar göm-gök öwsen mahaly ,

Terlenerdi kalbymyň ter nahaly .

Dostum! Bahar paslynda gel ýanyma ,

Topragymdan çykýan otlary synla.”

Hekaýat

Bir takwa bir baýyň öýüniň ýanyndan geçip barýan eken. Görse, ol baý bir guluň elini-aýagyny daňyp, oňa azar baryny berýär eken. Abyt oňa:

—Eý, adam! Alla seniň ýaly adamzat bolan bu guly saňa ýesir edipdir, seniň golastyňa beripdir. Seni ondan ýokary edipdir. Allanyň beren bu nygmatyna şükür et. Bu gula beýle jepa berme. Belki, kyýamat güni ol Allanyň ýanynda senden has ýokarda bolar. Şol mahal sen utanarsyň! — diýipdir.

Bendä gaharlanma, gazaba münme,

Oňa azar berme, göwnüne degme.

Ony satyn aldyň on dirheme sen,

Gudrat eli bilen ýaratmadyň sen.

Bu höküm, men-menlik bor haçana çen,

Sendenem has uly bar-a Hudawent.

Eý, guluň hojasy hetdiňden ötme,

Hem-de öz Hojaňy hergiz unutma.

Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Kyýamat güni iň uly puşmanlyk guly ýagşy adamdygy üçin jennete, özi bolsa erbet adamdygy üçin jähenneme alnyp gidilen hojaýynyň puşmanlygydyr .«

Seniň hyzmatyňda sak duran gula, Ýersiz ýere gaharlanma, gynama .

Erbet bolar magşar güni ol azat ,

Seni bolsa baglasalar zynjyra .

Hekaýat

Bir ýyl şamly dostlarym bilen Balh şäherinden Bamyýana tarap syýahata çykdym. Ýol örän howpludy we garakçylar bardy. Bir ýaş ýigit hem bize ýolbelet bolmak üçin kerwenimize goşuldy.

Ol güýçli, gujurly ýigitdi. Galkan oýnap, ok atýardy. Gepiň keltesi, söweşjeň ýigitdi. Onuň ýaýyny on adam bolup, zordan göterýärdiler. Dünýäniň pälwanlary onuň arkasyny ýekeje gezek hem ýere degrip bilmänmişler. Onuň diňe ýekeje kemçiligi bardy. Ol näzi çekilip, nygmat içinde ösüp-ulalyp, rahatlykda kemala gelipdi. Dünýäni görmändi, hiç syýahata çykmandy, tejribesizdi. Gahrymanlaryň depreleriniň gök gürrüldüsini ýadyňa salýan sesleri onuň gulagyna degmändi, atlylaryň gylyçlarynyň ýalpyldysyny görmändi.

Duşmanyň eline düşmändir ýesir ,

Ýagmandyr üstüne ýagyş deý ok-tir.

Kerwendäki bu ýigit meniň öňümden barýardy. Ol ýolda öňünden köne diwar çyksa, golunyň güýji bilen ýykýardy we gören her bir daragtyny golunyň zory bilen köküinden goparyp taşlaýardy. Ol öwnüp şeýle diýdi:

–Nirede pil? Gelsin-de, batyrlaň güýjün görsün !

Nirde arslan! Gelsin-de, mertleň penjesin ursun.

Şol mahal iki sany hindi bir daşyň aňyrsyndan kellelerini çykaryp, bize tarap topuldy. Biriniň elinde agaç, biriniň elinde bolsa kätmen bardy. Men ýaňky ýigide:

—Näme dursuň, ine, saňa jeň meýdany — diýdim.

Görkez edermenligiň, güýjüň-gaýratyň görkez ,

Duşman aýagy bilen gelipdir, görüni gaz.

Görsem, siz ynanmarsyňyz, ol ýigidiň elindäki ok-ýaý ýere gaçypdyr, endam-jany titräp dur.

Sowudy ýarýan ok bilen gyly ikä bölýän adam ,

Pälwanlaryň hüjüminde, belki urup bilmez gadam.

Görsek, sag-salamat halas bolmak mümkin däl. Bialaç ýaraglarymyzy, lybaslarymyzy berip, bu beladan halas bolduk.

Agyr-agyr işlere, iş gören adam iber,

Ol arslany kementläp diri getirip biler.

Ýigit her näçe güýçli, misli pil deý bolsa-da,

Duşmanyň hüjüminden gorksa, uçguryn üzer.

Söweşdir jeň işleri jeňde bişene mälim,

Şerigat meselesin diňe danyşment çözer.

Hekaýat

Bir baýyň ogly kakasynyň mazarynyň başujynda oturyp, garyp bir adamyň ogly bilen dawalaşyp oturan eken. Baýyň ogly garybyň ogluna:

—Kakamyň mazaryndaky tabyt örän gymmat baha durýandyr. Ýüzünde gymmatly pähim-paýhasly ýazgylar bar. Üstüne mermer düşelen we jähekler

bilen bezelen. Seniň kakaň gabrynda bolsa üsti-üstüne goýlan, birnäçe toýun kerpiç bilen iki gysym toprakdan başga näme bar? Seniň kakaň mazary meniň kakamyň mazaryna meňzemez — diýipdir .

Garybyň ogly onuň bu sözlerini eşidensoň oňa:

—Seniň kakaň bu agyr daşlaryň aşagynda gymyldaýança, meniň kakam jennete girer —diýipdir .

Pygambermiziň aýdyşy ýaly: «Garyplaryň ölümi – rahatlyga gowuşmakdyr.«

Bolsa eger eşegiň üstündäki ýüki az,

Şeksiz asuda ýörär, toýnaklary eder saz.

* * *

Sütem ýüküni çeken ýoksullugyň bir garyp,

Işigine ölümiň ol ýeňil ýükli geler.

Näzi-nygmat içinde aňsat eklenen kimse,

Ölümi agyr bolup, billeri bükli geler.

Bendilikden gutulyp, azat bolan bir ýesir,

Ýagşydyr bir emirden ol boýny ýüpli geler.

Hekaýat

Men bir alymdan:

» —Iň uly duşmanyň seniň iki tarapyňda bolan nebsiňdir» diýip aýdylan hadysdan näme many çykarýarsyň? — diýip soradym.

Onda ol maňa:

—Eger duşmanyňa haýyr-yhsan etseň, ol seniň bilen dost bolar. Nebis bolsa, beýle däldir. Oňa hernäçe ýagşylyk etseň-de, ol saňa dikdüşdi bolar we şonça-da garşy çykar — diýip jogap berdi.

Az iýmek bilen ynsan perişde haly bolar ,

Haýwanlar ýaly iýen, jemadat ýaly bolar.

Kişiň eger bitirseň myradyn, bolar tabyn,

Nebis onuň tersine, bitirseň däli bolar.

## SAGDYNYŇ BAÝLYK WE GARYPLYK MESELESINDE BIR DAWAÇYL BILEN EDEN JEDELI

Bir gezek bir mejlisde derwüş geýimli, emma olaryň ahlagynda bolmadyk biri otyrdy. Ol edepsizlik barada gürrüň gozgap, şikaýat depderini açyp, baýlary ýazgarýardy. Baýlara her zat diýip çykdy. Onuň aýtmagyna görä, garyplar elleri-gollary bagly, hiç zat edip bilenoklar, baýlar bolsa, gurply, emma haýyr-sahawat we ýagşylyk etmeýärler.

Sahylaň elinde altyn ýok, pul ýok ,

Pullary barlar-da, kerem ýok, gel ýok.

Men beýikleriň nygmaty bilen ösüp ulalandygym üçin ol derwüşiň bu manysyz gürrüňlerini, dogrymy aýtsam, halamadym. Göwnüme ýaramady. Men oňa şeýle diýdim:

—Halypa, baýlar garyplaryň girdejileridir, umytlarydyr, zahytlaryň azygydyr, zyýaratçylaryň düşelgesidir, ýolagçylaryň myhmanhanasydyr. Olar kesekileriň rahatlyklary üçin agyr ýüküň astyndadyr. Daş-töweregindäkiler we golastyndakylar nahar iýmese, olar ellerini supra uzatmazlar. Artykmaç bişiren

naharlaryny garyp-gasarlara, ýetimlere, garrylara, dogan-garyndaşlaryna we goňşy-golamlaryna paýlarlar.

Baý adamlaň öýleri, myhman-mediwandan doly,

Pitre, zekatyn berip, kesýär gurbanlyk maly .

Olaň derejesine sen nädip ýetip biljek ,

Bilýäniň diňe namaz olam ýüz minnet häli.

Baý adamlar jomartlyk gudratyny we ybadat güýjüni has oňat ele alýarlar. Olaryň zekatlary berlen halal mallary, arassa lybaslary bar. Ar-namyslary ýerinde, köňülleri rahat. Ybadatyň güýji garyn doýurmak bilen, kabul bolmagy hem arassa geýinmek bilen amala aşar. Boş aşgazandan ne güýje, boş elden hem nähili mürewwete garaşarsyň? Garny açdan haýyr gelmez, heý-de, aýagy duşakly ýöräp bilermi?

Ertirligin gaýgy edýän, elinde zat bolmadyk ,

Arkaýyn ýatyp bilmez, bolar ol biynjalyk .

Garynjalar-da gyşy geçirmäge asuda ,

Gyşyň gamyny edip, galla ýygar yssyda.

Garyplyk bilen arkaýynçylyk ikisi bir ýerde bolmaz. Biri ýassy namazyny okajak bolup durandyr, beýlekisi agşamlyk nahary nireden gelerkä diýip, garaşyp durandyr. Heý, bularyň ikisi deň bolup bilermi?

Rysgaly taýýar bolan hak bilen meşgul bolar ,

Rysgal dagynyk bolsa, köňlem dagynyk bolar.

Şonuň üçinem baýlaryň ybadaty kabul bolmaga has ýakyndyr. Sebäbi baýlar ýaşamak üçin gerek zatlary üpjün edendikleri sebäpli arkaýyn ybadat ederler. Araplarda şeýle atalar sözi bar: «Ynsany masgara we biabraý edýän garyplykdan we erbet goňşudan Alla sygynýaryn». Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam hem: «Garyplyk iki jahanda hem ýüzigaralykdyr» diýýär.

Meniň bu sözlerime ol:

—Hezreti pygamber «Garyplygym meniň buýsanjymdyr» diýipdir — diýip, jogap berdi.

Men oňa şeýle diýdim:

—Goý, düşünmän gürleme. Ol hadys seniň bilýän we bu aýdýan manyňda däldir. Hadysdaky garyplyk razyçylyk meýdanynyň erenleriniň we ýazgyt bilen takdyryň öňüne gursak geren mertleriň garyplygydyr. Weli hyrkasyna bürenen, wakfdan özlerine berlen zatlary satýanlar däldir.

Eý, içi boş, paňlaýan, owazy belent deprek!

Taýýar azygyň ýokdur göçüş mahaly nätjek !?

Müň däneli tesbini boş ýere oýnanyňdan ,

Mert bolsaň üzgün derrew tama eliňi halkdan.

Garyplyk dinden çykarmaga mejbur edýänçä arkaýynlaşmaz, rahatlanmaz, sebäbi «garyplyk küpüre ýakyndyr». Aç-ýalaňajy geýindirmek we bir ýesiri ýesirlikden boşatmak diňe pul bilen mümkindir. Biz ýaly garyplary ol gurply adamlaryň derejelerine kim ýetirip biler? Belent el, pesdäki ele meňzärmi? Allatagala Gurhany Kerimde şeýle diýýär: «Olaryň ýörite rysgallary bardyr. Olara Nagym atly jennetde hormat-sylag goýulýar .«

Şuny hem bilip goý, eklenç gaýgysynda bolan adam halallyk döwletinden mahrum bolar. Sebäbi bu ýolda harama hem düşüp biler. Rahatlyk mülki baýlaryň möhüriniň aşagyndadyr.

Teşneleň ukyda görýän hyýaly,

Tutuş älem gözüne suw mysaly.

Nirede gaýgy-gamy, sepilligi dadyp gören adamy görseň, ol hökman tama edip, özüni howply işlere atandyr we töwekgelli zatlara baş goşandyr. Hatda onuň netijelerinden gorkmaz, ahyret azabyndan çekinmez, halal-haram nedir, tanamaz, olary biri-birinden tapawutlandyrmaz.

It öňüne kesek zyňsalar eger ,

Süňkdür öýdüp ylgar, towsar, begener .

Iki kişi tabyt alsalar gerşe ,

Ahlaksyz oýlanar supradyr meger.

Ine, garyplaryň ýagdaýy şeýledir. Baýlar hakda aýtsak, olar Allanyň enaýatyna gowşandyrlar, halala ýetip, haramdan uzak düşendirler. Eý, derwüş! Goý, gürleme, hamana men bu sözleri aýtmandyryn we hiç hili delil hem getirmändirin diýeli. Saňa başga bir zat aýdaýyn, ýagdaýy başgaça subut edeýin. Ýöne ynsaply bol. Ynsaply pikirlen we jogap ber. Garyplykdan başga bir sebäp bilen bir hilegäriň eliniň arkasyna daňlandygyny, bergidaryň tussaga salnandygyny, kimdir biriniň namys perdesiniň ýyrtylandygyny, eliniň kesilendigini gördüňmi? Bular zerurlyk we ýoksullyk sebäpli bolmadymy? Şonuň üçin arslan ýaly ynsanlar zyndanlara salnyp, dar agajyndan asylandyrlar. Garyplykdan öýlenip bilmeýän adamyň erbet işlere baş goşmagy garyplyk sebäpli dälmi ?

Aşgazan bilen jyns agzasy bir ýatgyda ýatan iki çaga ýalydyr. Bokurdakdan iýmit geldigiçe biri rahatlanar, beýlekisi herekete geçer.

Eşidişime görä, bir derwüş erbet iş edipdir. Ony tutupdyrlar. Tutulansoň utanypdyr we daşlanjagyndan gorkupdyr. Onda ol: «Öýlener ýaly pulum ýok. Sabyr edere takatym ýok. Beýleki dinlerde bolşy ýaly, yslamda rahyplyk hem ýok» diýipdir.

Emma baýlaryň ýagdaýlary beýle däl. Olar her gije näzeninleri bagyrlaryna basýarlar. Ol näzeninler şeýle bir owadandyr welin, göripleriň ýüregi sarsar.

Olaryň gözellikleriniň öňünde säheriň eli böwründe galar. Olaryň boýlaryny gören serwi agaçlary utanarlar.

Näzeniniň barmak ujy, pikir etme, ol hyna,

Ol boýandyr ony öz aşygynyň ganyna.

Bu dereje owadan gözelleri bar bolan gurply ynsanlar ol gözel ýüzlere seredýärkäler, daşarda günä iş etmejekdikleri we hyýallaryna erbet iş getirmejekdikleri öz-özünden bellidir.

Köňlün jennet hüýri eýelän ýigit ,

Olja gyrnagyna heý seredermi?

Öňünde çanakda hurma bar ýigit,

Hurma agajyna, heý, daş zyňarmy?

Emma elleri boş bolanlaryň köpüsi ar-namys eteklerini günä bulap kirledýärler. Aç bolanlar çörek gözlärler.

It et tapan mahaly, heý-de pikir edermi,

Salyhyň düesimi ýa Dejjal eşegimi ?

Niçeme ar-namysly, dürs ynsanlar garyplyk sebäpli erbet ýola düşendirler, erbetligiň içine düşüp, özleriniň dinlerini we namyslaryny depgiläp, ýok edendirler.

Aç ynsan günä işden, bilmez gaçyp gutulyp,

Takwalygyn elinden gaňryp alar garyplyk.

Men bulary aýdan mahalym, ol çydamady. Dil gylyjyny çekdi we peslik atyny namyssyzlyk meýdanyna sürüp, meniň üstüme tarap hüjüm etdi we maňa :

—Sen baýlary öwmek meselesinde uzaga gitdiň. Olary şeýle derejede beýgeltdiň, şeýle ulaldyp aýtdyň we boş gürlediň welin, eşidenler olary garyplyk zäheriniň dermany ýa-da rysgal we azyk hazynasynyň açarydyr öýderler. Baýlar ulumsy, gopbam, tekepbir, özi barada aladalanýan, halkdan uzak, puluň guly, wezipeparaz, harsydünýä adamlardyr. Olar akmaklykdan başga hiç zat barada pikir etmeýärler, hemmeleri pes görýärler, ynsanlara kemsidiji göz bilen seredýärler. Olar alymlary dilegçi, garyplary ejiz hasaplaýarlar. Golastyndaky zatlaryna we wezipelerine buýsanyp, ulumsylanyp hemmelerden ýokary geçip, törde oturýarlar. Olar hiç kime tabyn bolmagy söýmeýärler. Diňe özlerine tabyn bolunmagyny isleýärler. Olar akyldarlaryň: «Kimiň tagat-ybadaty beýlekileriňkiden az, emma mal-mülki köp bolsa, ol daş görnüşinden baý, hakykatda bolsa garypdyr» diýenini eşitmändirler — diýdi.

Abraýlydan özün üstün tutan erbet nadany ,

Hasaplama ony öküz, meger eşek tezegi.

Men oňa:

—Sen baýlary beýle dereje aýyplama. Olar barada erbet sözleri aýtma. Olar keremli ynsanlardyr — diýdim.

Onda ol şeýle diýdi:

—Ýalňyşýarsyň. Olar puluň guludyr. Olar bahar ýagşydyr, emma hiç kimiň ýerine ýagmaýan ýagyşdyr. Güneşdir, emma hiç kime ýagtylyk saçmazlar. Olar gurplulyk we gudrat atyna münüpdirler, ýöne çapyp bilmezler. Hak ýoluna we Alla ryzasy üçin ýekeje dirhem hem sarp etmezler. Alla ýolunda we Alla üçin ýekeje ädim hem ätmezler. Minnet etmän we diline dolaman hiç kime hiç zat bermezler. Kynçylyk bilen pul ýygnarlar, husytlyk edip saklarlar we gaýgy-gam içinde taşlap giderler. Danalar şeýle diýipdirler: «Husydyň puly özi topraga girensoň, toprakdan çykar.«

Kimler dert-azarda baýlyk gazanar,

Kimler hiç zähmetsiz harç eder, iýer.

Men oňa:

—Sen özüň dilegçi bolaňsoň mally-mülkli adamlaryň näkesligini we namartlygyny görüpsiň. Eger kim tamakinçiligi, dilegçiligi taşlasa, onuň gözüne husyt hem, jomart hem deň görner. Altyny mähek daşynyň bilşi ýaly, husydy hem dilegçi tanar — diýdim.

Onda ol maňa:

—Men özümiň tejribäme esaslanyp aýdýaryn. Gurply adamlar gapylaryna ýowuz, gaharjaň, hyýrsyz adamlary gapyçy edip goýýarlar. Olar hem gelen adamlaryň öňüne päsgel bolup, gelenleri içeri salmazlar. «Içerde adam barmy?» diýip soranlara hem: «Ýok, hiç kim ýok» diýerler. Dogry, olaryň bu sözi ýalan däl, sebäbi öýdäki husyt ynsan hasaplanmaz — diýdi.

Akylsyz, hümmetsiz, paňkelle, üçin ,

",,Öýde kes ýok" diýen, gaty aýdýar çyn.

Men oňa :

—Baýlar näme etsinler, olaryň günäsi näme? Olar pul sorap gelenlerden bizar bolup, dilegçilerden ýadapdyrlar. Hatda çöllerdäki gum dür bolsa hem dilegçileriň gözleri doýmaz.

Guýy çyg bilen hiç haçan dolmaz,

Tamakäriň gözi hiç haçan doýmaz.

Bereket bersin, jomartlygy bilen meşhurlyk gazanan Hatam Taý hem çölde ýaşapdyr. Eger şäherde ýaşan bolsady, dilegçileriň hüjüminden ejizlärdi, üst-başy parça-parça bolardy — diýdim.

Onda ol:

—Men hem olara gynanýaryn — diýdi .

Men:

—Ýok, sen olaryň baýlygyna göz dikýärsiň — diýdim.

Bu jedelde ikimiz hem gowy gyzyşdyk. Göýä sadranç oýnaýan ýalydyk. Ol pyýada sürýärdi, men hem ony almaga tagalla edýärdim. Ol «şah» diýende, men hem wezir bilen «git» diýýärdim. Soň onuň hümmet kisesindäki ähli pullary gutardy we delil sagdagyndaky ähli oklaryny atdy.

Dili çeper kişiniň öňüne galkan atma ,

Onuň dilinden başga galkan, ýaragy ýokdur.

Din, magrypete ýapyş, çünki dilewar kişi,

Agzy ýaragly gala, içinde kişi ýokdur.

Soň onuň öňe sürjek hiç hili delili galmady. Ony ýeňdim we ol masgara boldy. Ol maňa gaharlanyp, gygyryp başlady. Sebäbi nadanlaryň gylygy şeýledir. Olar duşmanlaryna we garşydaşlaryna garşy delil tapyp bilmeseler, duşman ýaly hereket edip başlarlar we özlerini but ýasaýan Azer ýaly alyp baralar. Azer delil bilen ogly Ybraýym alaýhyssalamy ýeňip bilmänsoň, onuň bilen gygyryşyp başlady. Gurhany Kerimde aýdylyşy ýaly, oňa: «Eger dänmeseň seni daşlaryn» diýdi. Derwüş maňa paýyş sözler aýdyp başlansoň, men hem oňa sögüp başladym. Ol meniň ýakamdan, men hem onuň sakgalyndan tutdum.

Ol maňa topuldy, topuldym menem,

Yzymyzdan kowýar, gülýär halk bary.

Geň galyp barmagyn agzyna salýar,

Diýilýän sözleriň eşdilse ýary.

Biz dawalaşyp, kazynyň ýanyna gitdik. Baýlar bilen garyplaryň arasyndaky tapawut barada kazynyň çykarjak adyl hökümine razy boljakdygymyzy aýtdyk. Kazy biziň üst-başymyza seretdi. Biziň garaýyşlarymyzy diňledi. Kellesini aşak egdi we çuňňur oýa batdy. Soň bolsa, kellesini galdyryp :

—Eý, baýlaryň tarapyny çalýan we garyplara jebir-jepany rowa görýän adam. Bilip goý, nirede gül bar bolsa, ol ýerde tikeni hem bardyr. Şerap bar ýerde serhoşluk, hazyna bar ýerde ýylan, sadap bar ýerde hem adam iýýän näheň bardyr. Dünýä durmuşynyň arkasynda ajal lukmasy bardyr. Jennet nygmatlarynyň öňünde hilegär şeýtan diwar ýaly bolup durandyr.

Dost söýgüsin islän kişi duşman ejrin çekmeli bor,

Gençde ýylan, gülde tiken, şatlykda gam hemdem bolýar.

Bakja seret! Leýlisaç agajynyň bar bolşy ýaly, gury şahalar hem bar. Şeýle hem, baýlaryň içinde şükür edýänleriň bar bolşy ýaly, bigadyrlar hem bardyr. Garyplaryň arasynda sabyrlylar hem bar, sabyr etmeýänler hem.

Her ýagan ýagyş damjasy eger bolýan bolsady dür ,

Bazar balykgulak ýaly dür bilen bordy püre-pür.

Alla ýakynlaşanlar bilseň garyp suratyndaky baýlar bilen baý hümmetli garypdyrlar. Baýlaryň iň haýyrlysy garyplar barada aladalanýan baýdyr. Garyplaryň iň haýyrlysy baýlary ýazgarmaýan garypdyr. Allatagala Gurhanda: «Alla bil baglaýan üçin Alla ýeterlikdir» diýýär — diýdi.

Kazy maňa ýüzlenip, şu sözleri aýdyp gutaransoň, meniň garşydaşyma öwrülip:

—Eý, derwüş! Eý, garyp! Sen baýlar dine we şeragata sygmaýan zatlar bilen meşgul bolýarlar diýýärsiň. Oýun-güýmenje ýaly boş zatlar bilen iş salyşýanlar

serhoşlardyr. Dogry, seniň aýdyşyň ýaly bigadyrlar we şükür etmezler hem bar. Olar ýygnap üýşürýärler, iýmeýärler we içmeýärler. Ýagyş ýagmasa ýa-da dünýäni sil alsa hem, öz baýlyklaryna buýsanyp, garyplaryň halyny soramazlar. Alladan gorkmazlar. Olar şeýle diýerler.

Garyplykdan ölseler maňa näme zyýany ,

Deňiz guşy tupandan hiç gorkmaýar ahyry.

* * *

Düe kejebesine münen aýallar bilseň ,

Gumlara batýan hakda pikir etmezler eýsem.

Baýlaryň käbiri seniň we meniň aýdyşym ýalydyr. Emma käbirleri nygmat supralaryny ýazyp, gapylaryny açyp, hemmeleri çagyrarlar. Hyzmat üçin elini biline urup, hemmelere güler ýüzli we pespäl bolarlar. Olar at-abraý gazanmaga we bagyşlanylmaga dalaş ederler. Dünýäde at-abraý, ahyretde ak iman islärler — diýdi.

Jahan patyşasy, Alla tarapyndan goldanylýan, Allanyň kömegine gowşan, duşmany ýeňiji we üstün çykyjy, yslam serhetleriniň goragçysy, Soltan Süleýmanyň mirasdüşeri, zamananyň patyşalarynyň iň adalatlysy Muzaffereddin Abubekr Sagt ibn Zeňňi we onuň bendeleri, ine, şeýle baýlardandyr. Allatagala onuň häkimetini yzygiderli etsin we baýdaklaryny ýeňşe ýetirsin.

Seniň ynsan ogluna eden merhemetiňi,

Kakasy öz ogluna eden däldir, bilseňiz.

Alla bütin äleme sahawat etmek isläp,

Rehmeti bilen seni etdi hökümdarymyz.

Kazy bizden has gowy görnüşde suhangöýlük atyny sürüp, sözi bu derejelere çykardy. Bize hem diňe onuň çykaran hökümine razy bolmak galdy.

Derwüş bilen aramyzda bolup geçen zatlary unutdyk. Ýaraşdyk, gujaklaşdyk. Jedel şu iki beýt bilen tamamlady.

Pelegiň keçliginden närazy bolma garap,

Bu pikirde ýogalsaň, seň halyň bolar harap!

Sen bu gün bagtyýarsyň, eýa, baý diňle meni ,

Jomart bolgun, gazangyn, ahyreti, dünýäni!

## SEKIZINJI BAP

## SÖHBET ETMEK HAKDA

### Hekaýat

Dünýe maly ömrüň hoş we rahat geçmegi üçindir, emma ýaşamak dünýe malyny ýygnamak üçin däldir. Akylly bir adamdan:

—Bagtyýar diýip kime diýilýär we betbagt kimdir? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Bagtyýar iýýän we içýän adamdyr, betbagt bolsa ölenden soň baýlygyny goýup gidýän kişidir — diýip, jogap beripdir.

Alkyşlama il üçin iş etmedik näkesi,

Bar ömrün gazanja goýdy onuň haram nebisi.

Hekaýat

Hezreti Musa alaýhyssalam Karuna şeýle nesihat beripdir: «Allanyň saňa eçilişi ýaly, sen hem eçil!». Karun onuň nesihatyny diňlemändir. Onuň soňky takdyryny bolsa siz eşidensiňiz .

Dinar deremi bilen haýyr tapmadyk kişi,

Ahyr dinar derem diýp, ýolunda goýar başy.

Bu dünýä hem o dünýä lezzeti bolsa, gerek,

Taňryň saňa berşi deý, halkyňa sen kerem et.

Bir atalar sözünde şeýle diýilýär: «Haýyr-sahawat et, ýöne ony minnet etme. Eden ýagşylygyň aslyýetinde seniň özüň üçindir. Eger haýyrly bir iş etseň, netijede ondan ýene sen peýdalanarsyň.«

Kerem nirde kök salsa, şol ýerde boýy biter .

Minnet byçgysyn ursaň, miwesi elden gider.

Nesip etse haýyr iş sen Allaga şükür et ,

Mahrum etmedi mundan, bu barada pikir et .

Eden hyzmatyň üçin soltana minnet etme ,

Bu bir uly bagtdyr, sen gaýry pikir etme.

* * *

Iki hili adam biderek zähmet çekip, biderek tagalla edendirler. Birinjisi gazanyp iýmedik, ikinjisi hem, ylym öwrenip, emma onuň bilen amal etmedik adamdyr.

Okasaň her näçe bu ylmy kän sen,

Amalyň bolmasa bilgin nadan sen.

Ne bir alym bolar, ne alym syýak,

Üsti kitap ýükli maldyr dört aýak.

Beýnisiziň aňy nireden ýeter,

Üstündäki ýüki odunmy, depder?

* * *

Ylym dini saklamak üçindir, emma dünýäni iýip ýuwutmak üçin däldir.

Takwaçylyk bilen ylmyny satan ,

Misli harman ýygnap, soň ony ýakan.

* * *

Günä işlerden daş durmaýan alym, elinde çyra saklaýan köre meňzär. Hemmelere ýol görkezer, emma özi görmez.

Ömrüni biderek geçiren ynsan,

Altyny zyňandyr, zat satyn alman.

* * *

Ýurt akylly adamlar bilen zynatlanar. Din bolsa, özüniň nuruny we kämilligini takwalarda tapar.

Patyşalaryň akyldar-danalara bolan mätäçligi, akyldarlaryň patyşanyň ýakynlygyna bolan mätäçliginden has zyýadadyr.

Isleseň, soltanym, nesihatym bar,

Gel-de meni diňle, bir öwüdim bar.

Emeliň ynangyn akylly dana,

Danadan özgäge emel ynanma.

* * *

Döwlet işin boýun almaz akylly, dana, Hergiz ony paýhaslydan özgelere ynanma.

* * *

Üç zat bolmazdan üç zatdan hiç hili netije alynmaz: satylmaýan harytdan, jedelsiz ylymdan, kanunsyz ýurtdan.

Erbetlere rehim etmek, ýagşylara erbetlik etmekdir. Zalymlary bagyşlamak, mazlumlara zulum etmekdir.

Soltanym, erbet kişiň eger başyn sypasaň ,

Döwletiňden ant içýän, oň ýarany bolarsyň.

* * *

Patyşalaryň dostlugyna we çagalaryň ýakymly seslerine ynam bildirme, aldanma. Patyşalaryň dostlugy bir güman bilen, çaganyň sesiniň ýakymlylygy hem bir gijede şeýtany bolmak bilen üýtgär.

Müň sany dosty bolan magşuga köňül berme,

Köňül berseň, köňlüňi saldygyň aýralyga.

* * *

Syryňy dostlaryňa hem aýtma, kim bilýär, bir gün geler, ol saňa duşman bolar. Eliňden gelýän ähli erbetligi duşmanyňa-da etme, kim bilýär, bir gün onuň bilen dost bolarsyň. Gizlemekçi bolýan syryň bar bolsa, ony hiç kime açma, hatda ynamdar dostuňa hem syr berme. Sebäbi hiç kim seniň syryňy senden has gowy saklamaz. Hiç kim seniň syryňa senden has beter ynamdar bolmaz.

Birine içiňi döküp: „”Ynsana ,

Diýmegin” diýenden dyman ýagşydyr.

Dolsa alyp bolmaz çaýyň öňüni,

Çeşmäni başyndan gömen ýagşydyr.

Bolmasa bir sözi söýlemek ile,

Ony hylwatda hem almagyn dile.

* * *

Ejiz duşman saňa tabyn bolup, dost görünýän bolsa, onuň maksady wagt utup, saňa garşy has hem güýçli duşman bolmakdyr. Akyldar we danalar şeýle diýipdirler: «Şu wagt dostlaryň dostlugyna ynam bildirip bolanok. Ynsan nädip duşmanlaryň dostlugyna ynam bildirsin. Kiçi duşmany äsgermezlik etmek, az ody äsgermezlik etmäge meňzär.«

Şu mahal söndürgil söndürip bolsa,

Ot eger tutaşsa ýakar jahany.

Okuny gezäre maý berme ýowa,

Okuňdan geçirip bilýärkäň ony .

* * *

Iki duşmanyň arasynda geplän mahalyň seresaply gürle. Şonda ertirki gün olaryň ikisi biri-birleri bilen ýaraşan mahallary sen utanmarsyň .

Uruş bir ot bolar iki arada,

Şugul betbagt kesewçi bu arada.

Bir sähetli günde ýaraşar bular,

Ol iki arada uýatly bolar.

Arasynda iki kimsäň ot ýakmak,

Ýakyp özi ýanan oduna akmak.

* * *

Dostlar bilen sözleşeňde ýuwaş bol,

Gan içen duşmanyň diňlemesin bak.

Diwaryň ýanynda sözleseň oýlan,

Diwar aňyrsynda belki bar gulak.

* * *

Dostlarynyň duşmanlary bilen ýaraşan adam dostlarynyň göwnüne degýändir.

El göter ol dostdan, ýoluňy dürse,

Duşmanlaryň bilen otursa, tursa .

* * *

Bir kişini nädip ýeňip bolar diýip kyn ýagdaýa düşseň, iň aňsat ýoluny saýla.
Ynsanlar bilen mylaýym gürleş, ýowuz gürleşme .

Garşydaşyň ylalaşyk islese ,

Goh-galmagal gözleme, sen bagyşla .

* * *

Bir işi pul bilen çözmek mümkin bolsa, janyňy töwekgellige salmak dogry däldir. Araplar şeýle diýipdirler: «Gylyç çözüw ýollarynyň iň soňkusydyr.«

Aldaw elden gidip, gutarsa hile,

Şonda almak bolar gylyjy ele.

* * *

Duşmanyň ejizligine rehim etme, eger güýji ýetse, ol saňa rehim etmez.

Murtuňy işme ýowy ýykdym diýip zyýada,

Her başda beýni bardyr, her donda bir pyýada.

* * *

Erbet adamy öldüren kişi halky onuň şerinden, ony hem Allanyň azabyndan halas etdigi bolar.

Ärlikdir ýazygy geçmeklik, emma,

Bedasylyň melhem ýapma başyna.

Bilmeýär ýylana ýüregi ýumşan,

Ne bela getirer iliň başyna.

* * *

Duşmanyň nesihatyny kabul etmek ýalňyşdyr. Emma diňlemek ýerliklidir. Sebäbi eger diňleseň we aýdanynyň tersini etseň, iň dogry hereket etdigiň bolar.

Et diýen işinden çekin duşmanyň,

Köp bor başy ýaýkap, eden puşmanyň.

Eger ýol görkezse dogry, ok ýaly,

Tiz dolan soluňa, goýup ol ýoly.

* * *

Hetdenaşa gahar-gazap gorky döreder. Ýerinde we wagtynda görkezilmeýän ýumşaklyk muhabbeti giderer. Özüňi ýigrendirjek derejede daş-töweregiňdäkilere ýowuz bolma. Şeýle hem olary özlerini arkaýyn alyp barjak derejede mylaýym bolmagyn .

Gatylsa ýumşaklyk, gazap görk tapar,

Tebip ýaly keser hem derman ýapar.

Hyrsyzlygy gylyk edinmez alym,

Susluk hem gadryňy gaçyrýar mälim.

Ne öz-özünden çişip bat alar,

Ne birden özüni topraga salar.

Kakasyna diýdi bir çopan şeýle:

”„Garrylarça maňa bir öwüt söýle.”

Diýdi: „”Gurt depäňe çykaýjak hetde,

Adamlyk eýleme, busup bir çetde.”

* * *

Iki hili adam ýurduň we diniň duşmanydyr. Biri gazaply patyşa, beýlekisi hem ylymsyz nadan sopy .

Allaň buýruklaryna kalpdan uýmaýan adam,

Ýurduň başyna geçip bolmasyn ýowuz soltan.

* * *

Soltan dostlarynyň ynamyny ýitirjek derejede duşmanlaryna hetdenaşa duşmançylyk etmeli däldir. Duşmançylygyň hem çägi bolmaly. Sebäbi gahar-gazap ody öňürti eýesini ýakar, soň onuň alawy duşmana ýa ýeter, ýa-da ýetmez.

Gumdan ýaradylan ynsan balasy,

Men-menlik, gopbamlyk etmeli dälsiň.

Beýle ýowuz gahar-gazabyň bilen,

Çak edýän gumdan däl otdan ýalysyň.

* * *

Beýlekanda bir takwa duş gelip oňa aýtdym :

»Maňa terbiýe ber-de, nadanlykdan halas et.«

Diýdi: «Eý, molla git-de toprak deý çydamly bol!

Ýogsam ne okan bolsaň, baryny topraga at.«

* * *

Ahlaksyz we gylyksyz adam, duşmanyň eline ýesir düşen ýalydyr welin, nirä gitse onuň jeza penjesinden halas bolup bilmez. Ol duşman onuň öz gylyk-häsiýetidir, ýaman pälidir.

Asmana çyksa akmak eger beladan gaçyp ,

Akmaklygy getirer ýene bela duş bolup .

* * *

Duşman esgerleriniň arasynda bölünişik emele gelse, sen bu düşnüşmezlikden peýdalan we jemlen. Olar bir ýere jemlenseler welin, öz esgerleriň bölünişiginden gork.

Biri-birleri bilen söweşse eger duşman,

Git-de dostlaryň bilen asuda dynç al, hökman .

Ylalaşandyklaryn görseň, eger duşmanyň ,

Galaňa gülle ýygna, kirişle okuň-ýaýyň.

* * *

Duşman her hili hilä baş urup, ondan ejiz gelip hiç zat gazanyp bilmese, dostlaşmaga başlar. Dost bolansoň, şeýle bir zatlar eder welin, ony duşman hem edip bilmez.

* * *

Ýylanyň kellesini duşmanyň eli bilen mynjyrat. Munda iki sany utuş bar. Duşman ýeňse ýylany öldürdigiň bolar. Ýylan ýeňse welin, duşmanyňdan halas bolarsyň.

Söweş güni duşmanyň ejiz bolsa-da eger,

Janyndan elin üzse şiriň beýnisin alar.

* * *

Ynsany gaýgylandyrjak habaryň bar bolsa, dym. Sen aýtma, goý, ony başga biri gelip aýtsyn.

Eý, bilbil! Getir sen bahar buşlugyn,

Baýguşa goý, bilýän erbet habaryň.

* * *

Dogrudygyna we hakykatdygyna ynamyň doly bolmasa, kimdir biriniň hyýanaty barada patyşa habar berme. Ýogsam, öz ölümiň üçin tagalla etdigiň bolar .

Sözüňi aýtgyn sen haçanda onuň,

Täsir etjekdigin bilen mahalyň.

* * *

Kejir we ketjal adama nesihat bereniň özi nesihat berilmäge mätäçdir.

* * *

Duşmanyň hilesine aldanma we oýnuna ynanma. Seni ýüzüňe öwýänleriň aýdýan sözlerine aldanma. Duşmanyň maksady seni aldamakdyr. Seni öwýän

hem senden bir zatlar hantama bolýandyr. Akmak adam öwlen mahaly şat bolar. Ol aýagyndan üflenip çişirilen goýun ýalydyr.

Diňleme sözüni kim seni öwse,

Bedasylyň bardyr tamasy senden.

Bitmese bir gezek senden myrady,

Jar çekip, aýbyňy ulaldar çenden.

* * *

Söz aýdýan kişiniň ýalňyş ýeri özüne aýdylýança, onuň sözi düzelmez.

Çeper gürleýän diýp buýsanmagyn sen,

Nadan öwgüsine hiç bermegin ten.

* * *

Her kime öz akyly ýiti we öz perzendi gözeldir.

* * *

Bir jöhit hem musulman dawalaşdy bir gezek ,

Olaryň sözlerine gülküm tutdy, geň-henek .

Musulman kişi diýdi: «Eşit ahym, Ylahym!

Sözüm dogry bolmasa, jöhit bolup öleýin .«

Jöhit diýdi öwrülip: «Töwratdan ant içýärin,

Ýalan aýdýan bolsam men, çyn musulman bolaýyn.«

Ýeriň ýüzünden akyl ýok bolup gitse eger ,

Güman etmez hiç kişi «Men nadan» diýip, meger.

* * *

On sany adam bir suprada nahar iýer, emma iki köpek bir läşiň üstünde oňuşmaz. Açgöz, harsydünýä adama bütin dünýäni berseňem doýmaz. Emma kanagatly ynsan gury çörek bilen hem doýar.

Gury çörek bilen hem doýar ynsanyň garny,

Açgöz baý welin doýmaz iýse bütin dünýäni.

* * *

Kakam soňky deminde ,

Maňa nesihat berdi .

”„Oglum! Şöwket bir otdur ,

Ondan uzak hem daş dur.

Jähennem odudyr ol,

Ony ölçerme, sen bil .

Ýanmaga ol ataşa,

Takat tapdyrmaz saňa.

Ol oda şonuň üçin,

Sep bu gün sabyr suwun.”

* * *

Gurpluka, elinden gelýän wagty haýyr iş we ýagşylyk etmeýän adam güýçsüz we ejiz düşen mahaly kynçylyk çeker.

Baryp ýatan bidöwletdir bedasyl,

Agyr günde bolmaz hossary asyl.

* * *

Jan diýilýän zat demiň gelip-gitmegi bilendir. Dünýä iki ýoklugyň arasyndaky barlykdyr. Dinini dünýä üçin satanlar, ýagny diňe dünýä üçin ýaşaýanlar eşekdir. Ýusuby satyp näme aldylar? Allatagala Gurhany Kerimde şeýle diýýär: «Eý, adam ogullary! Men size şeýtana ybadat etmäň diýip emr etmedimmi? Ol sizi Rebbiňizden aýyrýan duşmandyr .«

Duşmanyň sözi bilen dostdan araňy üzdüň !

Bak, kimden jyda düşdüň, seret, kime dost bolduň?

* * *

Açlykdan ölse-de binamys adam,

Berme oňa karz pulam, hiç zadam .

Rebbiniň bermeýän parz bergisin ,

Berer öýdüp pikir edýärmiň bergiň ?

* * *

Tiz amala aşýan zat uzak dowam etmez.

* * *

Maşryk diýarynda eşitdim welin,

Ýasarlar kyrk ýylda birje käsäni.

Emma bil Bagdatda her günde ýüzün,

Ýasaýarlar, deň tutýarlar bahany.

* * *

Jüýje tiz iýmit gözlär, çykdygy ýumurtgadan, Emma ynsan balasy mahrum bolupdyr mundan .

Emma kämillenmez hiç ýaşaýşa başlan jüýje ,

Ynsan balasy bolsa geçmeli ýoldan nije.

Çaşyp ýatandyr çüýşe, emma ýokdur bahasy,

Seýrek tapylýan laglyň, barçalar hyrydary.

* * *

Işler sabyr bilen amala aşar. Howlugan iki işli bolar.

Gözüm bilen gördüm çölde, sabyrly,

Ozdy howlukmaçdan sabyrlyk edip.

Bedew atlar çapyp, düşdi aýakdan,

Düeban barýardy bir syhly idip .

* * *

Nadan üçin iň gowusy dymmakdyr. Emma dymyp bilýän bolsady, nadan bolmazdy.

Bolmasa kemalyň, hünäriň, ylmyň,

Dili saklamakdyr agyzda uzy.

Adamy abraýdan düşürýän dildir, Ýeňillik paş eder içi boş hozy.

* * *

Bir akmak eşege berýärdi tälim,

Çalyşyp, wagtyny sarp edip känden.

”„Äheý akmak” diýdi oňa bir dana,

Neçün çalyşýarsyň bihuda jandan.

* * *

Senden söz öwrenmez dört aýakly mal,

Sen dymyp gezmegi öwren haýwandan.

* * *

Oýlanmasa jogap berende kişi,

Sözlerinde köp goýberer ýalňyşy.

* * *

Meýlisde söz beze ýa ynsan kimin,

Ýa-da dymyp otur bir haýwan kimin.

* * *

Erbet kişiler bilen dostluk açan adam ömründe ýagşylyk garasyny görmez.

Döw bilen oturyp tursa perişde,

Al öwrener, gorky, hyýanat içde.

Pisden öwrenmersiň ýagşylyk el çek,

Içmek tikmez zandy ýyrtyjy möjek.

* * *

Ynsanlaryň aýyplaryny ýaýma. Sebäbi olary masgara edersiň, ynsanlaryň özüňe bolan ynamyny hem ýitirersiň.

* * *

Ylym okap we öwrenip amal etmeýän adam öküz bilen ýer sürüp tohum sepmedik adama meňzär.

* * *

Kalp beden bilen edilen ybadatdan gapyl bolsa, ol ybadat hasaplanmaz. Içi pak kädi hiç zada ýaramaz.

* * *

Çeper sözli we sözünde durýan adamlar iş meselesinde dürs bolmalydyr .

Çadyrda syratly bolar nijesi ,

Ýüzün açsaň ejäniňdir ejesi.

* * *

Ähli gijeler gadyr gijesi bolsady, onda gadyr gijesiniň nähili gadyry bolardy!?

Ähli daşlaryň bary bolsa Badahşan lagly,

Deň bolardy daş bilen gymmat laglyň bahasy.

* * *

Her bir ýüzi görkli bolanyň ýüzi ýaly ahlagy hem gözel bolmaz. Esasy zat daş görnüşde däl, köňüldedir.

Bir gün bilmek bolar adam oglunyň,

Ylymy nä hetde, çak bilen çenden.

Zandyndan arkaýyn bolma nejisiň,

Kiri gizlin ýatyr ýyllar içinde.

* * *

Özünden güýçlülere garşy çykan heläk bolar. Öz janyna kast eder we öz ganyny döker.

Sen beýik hasaplasaň, özüňi özgelerden,

Diýýärler: «Çaşy göze ähli zat goşa görner.«

Sen eger-de goç bilen süsüşdirseň kelläňi,

Tiz mahalda maňlaýyň darka iki ýarylar.

* * *

Arslan bilen tutluşmak, gylyja ýumruk urmak akyllynyň etjek işi däldir.

* * *

Ejiz adam güýçli adamyň ýanynda gopbamsy bolsa, öz heläkçiligi üçin duşmanyna kömekçi bolar.

Serhoşyň öňünde batyrlyk etme, Eliňi gizlegil, güýçlüň öňünde.

* * *

Nazy-nygmat içinde önüp-ösen adamyň,

Söweşende görersiň ýokdugyny güýjüniň .

Demir penjeli bilen penjeleşse bir ejiz,

Nadanlygydyr onuň akyl edip bilseňiz.

* * *

Nesihat diňlemeýän ynsan özüne gaharlanylmagyny, özüniň ýazgarylmagyny isleýär diýmekdir.

Öňi-soňy gulagňa öwüt girmeýän bolsa ,

Onda seni ýazgarsam, asla sesiň çykarma .

* * *

Paýhassyz adamlar paýhasly adamlara görip bolarlar we olary görmek islemezler. Göýä köçe itleriniň aw itlerini görenlerinde hawlamaklary we ýanyna barmaýyşlary ýalydyr.

* * *

Ruhy pes adam paýhasly we iş başarjaň adamy ýeňip bilmänsoň, özüniň häsiýetindäki peslik sebäpli onuň gybatyny etmäge başlar.

Güýji ýetmeýän bahyl, ýüzüňe hiç zat diýmez,

Yzyňdan welin, seniň gybatyň eder, goýmaz.

* * *

Garnyň jepasy, ýagny açlyk derdi bolmasady hiç, bir guş duzaga düşmezdi, hatda awçy hem duzak gurmazdy .

* * *

Danalar seýrek iýerler. Abytlar supradan ýarym dok turarlar. Zahytlar bolsa ölmezlik üçin iýerler. Ýaşlar tabak gutarýança, garrylar derleýänçäler iýerler. Galandarlar bolsa aşgazanda dem almaga ýer galarlyk derejede we suprada hemme zat gutarýança iýerler.

Garnynyň guly bolan adamy beýan etsem,

Iki gije ukusy tutmaz, waspyny aýtsam.

Biri aç bolan wagty birem doýan mahaly, Ýene näme galypdyr başga aýdaýar ýaly!?

* * *

Aýallara sala salmak, olar bilen maslahatlaşmak biderekdir. Puldan zyýan çekip batanlara jomartlyk etmek günädir.

Ýiti dişli möjege rehm etmek ,

Bolar ol goýunlara zulum etmek.

* * *

Garşysyndaky duşmany öldürmeýän adam öz-özüniň duşmanydyr. Onuň özüne duşmanlyk etdigidir.

Daş eliňde, ýylanyň başy daşda,

Diňirgenip durmak akyldan daşda.

Alymlaryň käbiri bolsa, munuň tersini aýdýarlar. Zyndanda ýatanlary öldürmek meselesinde gowuja pikirlenmek gerek. Sebäbi ygtyýar eliňde. Öldürmegem mümkin, goýbermegem. Emma eger pikirlenmezden öldürseler, onda orny doldurylmajak derejede hata iş edilip bilner.

* * *

Öldürmek hemişe bolar dirini,

Asyl direltmersiň ölen birini.

Akyldandyr sabyr etse mergenler,

Gelmez atylan ok, ýokdur görgenler.

* * *

Nadanlar bilen tirkeşýän, olar bilen jedelleşýän alym olardan hormat-sylaga garaşmaly däldir. Ýaňra, köp gepleýän nadan alymdan üstün çyksa, geň galmaly däldir. Bu bir daşyň göwheri döwmegine meňzeýär.

Geň görme bilbiliň sesi gapylsa,

Garga bilen bir kapasda tutulsa.

* * *

Bir akylly, hünärli jepa görse näkesden,

Ynjap köňli gyýylmaz, sarsyp gahary gelmez.

Altyn käsäni döwse, honda ýatan gara daş,

Daşyň bahasy artyp, zer gymmaty egsilmez.

* * *

Edep-terbiýesiz adamlaryň arasynda akylly adamyň sözüne gulak asylmasa, oňa geň galma. Sebäbi depregiň ýanynda gopuzyň sesi eşidilmez. Şeýle hem sarymsagyň ysy müşk-anbaryň ysyny basar.

Gykylykçy nadan asmana çykdy,

Bihaýalyk bilen danany ýykdy.

Akyly ýetmeýär, mukamlar başy,

Depregiň gohunda eşdilmez ýaşy.

* * *

Göwher zibilhana gaçsa-da, göwherdir. Tozan asmana galsa hem tozandyr. Edep-terbiýe berilmedik zehine gynanmaly. Zehini, ukyby bolmadyga edep-terbiýe bermek bolsa, biderek wagt harlamakdyr. Külüň gelip çykyşy güýçli zat bolan otdandyr. Ýöne özüniň aýratynlygy bolmansoň, gymmaty toprak bilen deňdir. Gandyň gymmaty asly zerarly däl-de, öz häsiýeti sebäplidir.

Kenganyň tebigaty häsiýetsiz bolansoň,

Pygamber ogludygy artdyrmady gadyryn.

Eger bolsa görkezgin aslyň däl-de hünäriň

Gül tikenden bolandyr, Ybraýym hem Azerden.

* * *

Müşki-anbaryň özi ýakymly ys saçar. Attaryň müşk diýip satýan zady, belki müşk däldir. Alym atyr satyjynyň tagtasyna meňzär. Sesi çykmaz, emma hünärini görkezer. Nadan deprege meňzär, ses çykarar, emma içi boşdur.

Nadanlaryň içindäki alyma,

Könelermiz şeýle mysal aýdypdyr:

”„Ol gözeldir körleň arasyndaky,

Ýa-da kapyr öýündäki Gurhandyr.”

* * *

Ömürboýy dostlugy bir salymda bozmak paýhassyzlykdyr.

Lagl bolan daşy kän ýyllar durup,

Bir demde uşatma daş bilen urup.

* * *

Ejiz erkek daýaw aýalyň elinde nähili ýagdaýa düşýän bolsa, akyl hem nebsiň elinde şonuň ýalydyr, ýagny güýçsüzdir.

Haýsy öýden eşidilse galmagaly zenanyň,

Şatlyk bilen şagalaňy ýokdur bilseň ol öýüň.

* * *

Güýçsüz pikir hile we jadydyr. Pikirsiz güýç hem nadanlyk we dälilikdir.

Päklik, paýhas, akyldyr mülkden öň gerek jana,

Alla garşy ýaragdyr mülk-döwleti nadana.

* * *

Iýýän we iýdirýän jomart adam oraza tutup hiç kime hiç zat bermeýän abytdan haýyrlydyr.

* * *

Kim özüni halka söýdürjek bolup, şöhwetleri terk etse, halal şöhwetden haram şöhwete düşdügidir.

Göz üçin bir künjege gidip oturan abyt,

Garaňky aýnada ol näme görsün, hany aýt .

* * *

Az-azdan köp bolar, damja-damjadan sil emele geler. Ellerinde güýçleri bolmadyklar ownuk-uşak daşlary ýygnarlar. Pursaty gelen mahaly duşmanynyň temmisini bererler. Onuň eden işlerini burnundan getirerler we ony heläk ederler.

Köp bolar bir ýere ýygnalyp maýda,

Bak däne-dänedir galla saraýda.

* * *

Nadanlaryň we haramzadalaryň akmaklygyny bagyşlamak alymlara ýaraşmaz. Çünki munuň iki tarapa hem zyýany bar, ýagny alymyň beýikligi gider, jahylyň we haramzadanyň hem nadanlygy güýçlener we artar.

Näkes bilen bolsaň sözde mylaýym,

Gyňyrlygy artar gopbamyň daýym.

* * *

Günäni we erbet işi kim etse-de halanmaz we gowy görülmez. Alymlar beýle ýalňyşlyk goýberse has erbetdir. Sebäbi ylym şeýtan bilen söweşmek üçin bir ýaragdyr. Ýaragly ynsany ýesir alyp gitseler, utanç bolar.

Sowady ýok, garamaýak bir nadan,

Haramhor danadan ýegdir bigüman.

Ol gözi kör bolup ýoldan azaşdy,

Bu goşa göz bilen çukura gaçdy .

* * *

Saglygynda aşy-nany iýilmedik adamyň ölensoň hem hiç, kim adyny ýatlamaz.

* * *

Ýusup pygamber Müsüriň gytlyk çeken ýyllarynda açlary unutmazlyk üçin özi doýa nahar iýmedi. Üzümiň tagamyny üzüm eýesi bagban däl-de, dul aýal biler.

Naz-nygmatda rahat, ýaşan adam,

Bihabardyr, ajyň kyn ýagdaýyndan .

Ajyň ýagdaýyny oň ýaly, diňe

Kyn ýagdaýa galan kişiden diňle .

* * *

Eý bedew atly ýigit, daşyňa bir göz aýla,

Görgüli hammal eşek geçelgäniň laýynda.

Bir galandar goňşynyň ot sorama öýünden,

Çykýan köňül ahydyr tüýnüginden, jaýyndan .

* * *

Gytlyk ýylynda garyp biçäräniň halyny ýöne ýere sorama. Eger onuň çekýän kynçylygyna kömek etjek, derdine derman boljak bolsaň sora.

Ýükli eşegiň eger batyp duranyn görseň ,

Oňa çyn ýüregiňden seniň rehmiň insin .

Ýanyna baryp onuň ýagdaýyn soranyňdan,

Mertler dek ýanyna bar çek onuň guýrugyndan.

* * *

Iki zat akyl taýdan mümkin däldir. Biri ezelden ýazylan rysgaldan artyk iýmek, ikinjiden bolsa, ajal gelmezden öňürti ölmek.

Isle şükür eýle sen, isle arz-şikaýat et ,

Amala aşar hökman takdyrda biten ýazgyt .

Şemal hazynasyna wekil bolan perişde,

Garamaz dul aýalyň şeminiň sönjegine.

* * *

Eý, rysgalyň yzyndan ylgaýan kişi, otur, iýersiň. Eý, ajaly gelen adam, nirä gaçsaňam, janyňy halas edip bilmersiň.

Isle ýörme, isle ylga iki ýan,

Ýaradan rysgyňy ýetirer, hökman.

Gorkma eger düşseň şiriň agzyna,

Ajalyň ýetmese zat etmez saňa.

* * *

Bir zat ezelden ýazylan bolsa, hökman oňa ýeterler. Ýazylmadyk bolsa, oňa ýetip bilmezler.

Aby haýat tapmak üçin Isgender,

Tümlükleriň ülkesine gidendir.

Ol niçe mähnet-u muşakgat çekdi, Emma ol Hydyryň nesibi çykdy.

* * *

Rysgaly bolmadyk adam Dejlede balyk tutup bilmez we ajaly gelmedik balyk gury ýerde ölmez.

Harsydünýä kişiler älem ýüzüne ylgar,

Ol ryskynyň yzynda, ajal hem ony kowlar.

* * *

Günäkär baý altyn suwy çaýylan tezege ýa-da Pyrgaunyň dürler bilen bezän sakgalyna meňzär. Halalhon garyp bolsa ýüz-gözi tozana bulaşan gözele ýa-da Musa pygamberiň ýamaly hyrkasyna meňzär. Ýagşylaryň çeken zähmetleri soňunda rehnet getirer. Erbetleriň baýlygy bolsa ýitip, ýok bolup gider.

Döwleti, wezipesi bolan kişi eger-de,

Garyp göwnün almasa, etmese haýyrly iş.

Habar bergin oňa sen döwlet, orun, wezipe,

Bu dünýäden gidensoň o dünýäde tapmaz hiç.

* * *

Bahyl adam Allanyň nygmatlaryna bahyl bolar we bigünä adamlara duşman bolar.

Gördüm men paňkelle bir adamyny, Edýär ol bir abraýlyň gybatyny .

Diýdim: «Diňle, betbagt bolsaň sen eger ,

Bagtyýar ynsanyň nä günäsi bar«?

* * *

Hiç haçan bahyl adam üçin bela isleme,

Sebäbi ol onsuzam uly belaň içinde .

Duşmançylyk etmäge oňa ne hajat bardyr ?

Oňa bahyllyk diýen uly duşmany ýardyr.

* * *

Höwesi bolmadyk talyp pulsuz aşyga, ýol bilmeýän syýahatça hem ganatsyz guşa meňzär. Amalsyz alym miwe getirmeýän agaç, ylymsyz zahyt hem gapysyz öý ýalydyr.

* * *

Gurhany Kerimiň inmeginden maksat, diňe ýazylan süreleri ýüzünden we tejwit kadasy bilen okamak däl, eýsem olaryň manysyna düşünip, hereketleriňi şoňa görä ýerine ýetirmek we ýagşy ahlak edinmekdir.

Ybadathon nadan ýöreýän pyýada meňzeýär, ol arzyly menzile ýeter. Ýalta, ylmy bilen amal etmeýän alym uklap ýatan atla meňzeýär. Alla elini açyp ýalbarýan günäkär kalbynda ulumsylyk göterýän abytdan haýyrlydyr.

Ýagşy gylyk, kalp gyrmaýan ýasawul, Ýegdir göwne degýän din alymyndan.

* * *

Birinden:

—Amalsyz alym nämä meňzeýär? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Balsyz ara — diýip, jogap beripdir.

Diýmişler eşegara duşup oňa bir gezek :

»Bal-a bermeýärsiň, sen adam çakmak nä gerek.«

* * *

Mürüwwetsiz erkek aýaldyr. Tamakin zahyt hem garakçydyr.

Eýa, eý göz üçin ak lybas geýnen, Emma amal depderini garaldan !

Dünýäden el çekýäň, köňlüň dünýäde, Ýeň uzynmy, gysga tapawut näme ?

* * *

Iki hili adamyň gaýgylary köňüllerinden hiç çykmaz we aýaklary zyýan palçygyndan halas bolmaz. Bularyň biri gämisi döwlen täjir, beýlekisi hem galandarlar bilen gatnaşyp, biderek pul sowýan mirasdüşerdir.

Malynyň zekatyn bermeýän baýyň ,

Gany derwüşlere halaldyr, onuň .

Ýa-da, galandarlar bilen gatyşma ,

Ýa olar deý, öý-tünekde ýaşama .

Ýa-ha dost bolma, sen pilçiler bilen ,

Ýa-da pil sygar deý uly öý gurun.

* * *

Soltanyň lybasy gymmatlydyr. Emma ynsan üçin onuň öz köne lybasy ondan has-da gymmatlydyr. Baýlaryň suprasy lezzetlidir, emma ynsanyň öz torbasyndaky çörek owuntyklary has tagamly we lezzetlidir.

Zähmet bilen ýetilen çörek hem ajy sirke ,

Özgäň berre guzusyndan ýeg, bilse.

* * *

Şübheli we barlanyp görülmedik dermany ulanmak we nätanyş ýola kerwensiz gitmek howpludyr, ölüme sebäp bolar. Beýle iş dogry däldir, akylyň etjek işi däldir. Akyldarlaryň aýdanlaryna ters bolar .

Bir gezek Ymam Muhammet Gazalydan:

—Ylymdaky bu beýik derejäňe nädip ýetdiň? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol:

—Bilmeýän zadymy soramakdan utanmadym – diýip, jogap beripdir.

Saglyk umydyn etmek näsaga akyldandyr,

Bir tebibe görkezip damaryny, goluny.

Sora eger bilmeseň, soramak kiçilik däl,

Ýolbaşçydyr danalyk yzzatynyň ýoluny.

* * *

Soňunda hökman biljekdigiňi bilýän zadyňy soramakda howlukma. Sebäbi ol hikmete laýyk gelmez.

Lukman gördi Dawut elinde demriň,

Gudrat bilen mum deý eräp gidişin.

Soramady: „"Näme ýasaýaň alym,"

Bilýärdi ahyrda boljagyn mälim .

* * *

Oňuşmagyň şertleriniň biri hem şudur, ýagny ýa öýi boşadarsyň, ýa-da öý eýesi bilen ylalaşarsyň.

Söz sözlegin diňleýjiniň ukybyna görä, emma,

Mejnuna söz hiç aýtmagyn, Leýliniň keşbinden özge.

* * *

Erbet adamlar bilen oturan adam olaryň häsiýetlerini almasa hem, olar bilen gatnaşýandygy üçin tegmillener. Çünki, eger bir adam namaz okamak üçin meýhana gitse, oňa: «Şerap içmäge gitdi» diýerler.

Öz adyňa çekdiň bihuda haty,

Nadan bilen gurap meýlis, söhbeti.

Bir danadan durup, soradym öwüt,

Diýdi: ”Nadan bilen dostlugyň unut.

Taýsyz dana bolsaň, eşek bolarsyň,

Nadan bolsaň beter bişek bolarsyň.”

* * *

Düýäniň ýuwaşlygy hemmä mälimdir. Hatda bir çaga onuň ýüpünden tutsa hem, ol ýüz parsah ýol gider we onuň yzyna düşer. Emma öňünden howply bir gorp çyksa, çaga hem ol ýere girmek islese, şol mahal ol ýüpi çaganyň elinden çeker we onuň yzyna düşmez. Ýowuzlyk mahaly ýumşaklyk peýda etmez.

Hikmetli adamlar şeýle diýipdirler: «Hoşamaýlyk we ýumşaklyk bilen duşman dost bolmaz. Gaýtam, tamasy has hem artar.«

Sen mylaýym bolanyň aýagynda guma dön,

Ýakalaşsa sebäpsiz gumdan doldur gözüni.

Ýumşak, mylaýym sözi zaýalama hyrsyza,

Diňe ige açýandyr posly demriň ýüzüni.

* * *

Kimde-kim özüniň abraýyny bilsinler diýip, beýlekileriň lakyrdylaryna garyşyp, sözleriniň arasyna girse nadanlygynyň derejesini beýan etdigidir.

Söze jogap bermez paýhasly kişi,

Sorag bermeseler eger özüne.

Näçe hak bolsa-da gepi ýaňranyň,

Güpdür diýip, ynanmazlar sözüne.

* * *

Bedenimiň görünmeýän bir ýerinden ýara çykypdy. Alla rehmet etsin, pirim Şyhabeddin Suhrawerdi her gün ýaramyň nähilidigini sorardy, emma hiç haçan «Ýaraň nirede» diýmezdi. Sebäbi her bir agzany aýtmak gelşiksiz bolar. Şonuň üçinem akylly ynsanlar şeýle diýipdirler: «Sözüni ölçermän gürleýän adam aljak jogabyndan utanar.«

Sözüň takygyna ýetmese meger,

Ol sözi agzyna almagyn birde.

Ýalan sözläp boşamakdan ýagşydyr,

Dogry sözläp galsaň zyndanda derde.

* * *

Ýalan sözlemek tygyň salan ýarasyna meňzär. Gutulsa hem yzy galar. Ýusup alaýhyssalam bilen doganlarynyň hekaýaty ýaly, doganlary ýalan sözländikleri üçin kakalary Ýakup alaýhyssalam soň olaryň dogry sözlerine hem ynanmady we olara Gurhanda hem aýdylyşy ýaly: «Ýok! Size howaýy nebsiňiz (ýaman) işi gözel edip görkezipdir. Indi (meniň işim) gözel sabyr etmekdir .«

Biriniň gylygy bolsa dogrulyk,

Ýazygyn geçerler hata eýlese .

Ile belli bolsa ýalançylykda,

Ynanmazlar, eger dogry söýlese.

* * *

Danalar dogruçylyň ýalňyşyn ýalan bilmez ,

Ýalançy dogry aýtsa, hiç kim oňa ynanmaz .

* * *

Daş görnüşde ýaradylan zatlaryň iň beýigi ynsan, iň pesi hem itdir. Ýöne şu düşünjede hem deň garaýyş bar: «Haky tanaýan it bigadyr we Haky tanamaýan ynsandan has oňatdyr.«

Bir iti ýüz gezek daşlasaň, kowsaň

Unutmaz bir döwüm iýen çöregin .

Näkese ömürboý ýagşylyk edäý ,

Birje haýyş üçin hasaplar gedaý.

* * *

Diňe özi barada pikirlenýän adamda paýhas bolmaz. Paýhassyz adam öňe geçmäge laýyk däldir we öňdebaryjy adam bolup bilmez.

Öküz ýaly iýermene asla rehim etme,

Köp uklaýan binamysdyr, ýaltadyr hem bihepbe .

Eger-de sen öküz ýaly semremeklik isleseň, Eşek deýin jepa çekip, oňa sabyr etgin sen.

* * *

Injilde şeýle diýlipdir: «Eý, adamzat! Saňa baýlyk berip, baý etsem, onuň bilen gümra bolup, meni unudarsyň. Seni garyp etsem, saňa garyplyk bersem, gaýgy-gama batyp, näumyt we perişan bolarsyň. Onsoň meniň zikrimiň lezzetini nireden dadyp, nirede taparsyň? Maňa ybadat etmäge haçan ylgajak «?

Kämahal sen nygmat içre gapyl hem-de ulumsy ,

Kämahal hem ýoksullykda näumyt hem gaýgyly .

Ine, sen-ä şadyýan hem gussaly halda şeýle,

Bilmedim men haçan Haka gulluk ederkäň şeýle.

* * *

Allanyň eradasy käbirini patyşalyk tagtyndan düşürer, käbirini hem Ýunus alaýhyssalam ýaly balygyň garnynda gorap saklar.

Seň zikriňi özüne dost eden ýagşy bende ,

Ýunus deýin hoş bolar galsa balyk garnynda .

* * *

Allatagala gazap gylyjyny salsa, pygamber-de, weli-de, kellelerini yza çekerler. Emma rehim-şepagat gamzasyny herekete getirse, erbetler hem ýagşylaryň derejesine ýeterler.

Magşarda gazap bilen baksa, Ýaradan kime,

Pygamberem şepagat görkezip bilmez, oňa .

Eý, Rebbim! Şepagat ýüzüňden aýyr perde ,

Çünki günäkärler hem ýalkaw dilär magşarda.

* * *

Dünýäde gören zatlary bilen akylyna aýlanyp, dogry ýol tapmaýan adam ahyret azabyna duçar bolar. Allatagala şeýle diýýär: «Biz olara uly bolan ahyret azabyndan öňürti dünýä azabyny datdyrarys .«

Beýikler öňürti nesihat eder, Eger diňlemese zyndana atar.

* * *

Bagtyýar ynsanlar öňkülerden, könelerden, öňki bolup geçen wakalardan, atalar sözlerinden, nakyllardan, hekaýatlardan we kyssalardan many çykaryp, ybrat sapagyny alarlar. Şeýdip, özlerinden soň gelen nesillere özleri ybrat bolmazlar.

Guş gelmez dänäniň üstüne hergiz,

Görse aýagynda bir guşuň duzak.

Başgalaryň görgüsinden sapak aly,

Özgelere diýseň bolmaýyn sapak.

* * *

Erada gulagy ker bolan nädip eşitsin? Sagadat kemendi bilen bagtyýarlyga tarap çekseler, ol adam oňa gitmän başga näme etsin?

Allanyň söenlerine garaňkylyk nur bolar,

Aýdyň güneş ýalydyr, hemme ýerler ýagtylar.

Eger keremli Alla joşmasa hem bermese, El güýji bilen asla alynmaz, bagt bilsene.

* * *

Senden kime arz edem, ýokdur özge hökümdar,

Seniň eliňden belent nirede beýik el bar !?

Sen hak ýola gönderseň ýitirmez ýolun bende

Eger Sen azaşdyrsaň kim ony ýola salar.

* * *

Soňy ýagşy bolan dilegçi, soňy erbet bolan patyşadan has oňatdyr.

Soňundan şatlyk getirjek gussa,

Gowy şatlykdan, soň bolsa hossa.

* * *

Asmandan ýere rehmet ýagar. Ýerden asmana tozan göteriler. Her gabyň içinde näme bar bolsa, daşyna hem ony syzdyrar.

Meň ahlagym saňa ýakmaýan bolsa ,

Sen öz ýagşy häsiýetiň taşlama.

* * *

Allatagala görer we üstüni ýapar. Goňşy görmez, kyýamat goparar.

Gorasyn Allam eger halk bilse gaýyp syry,

Özgeleriň derdinden hiç asuda bolmazdy.

* * *

Altyn gyzylly magdany gazmak bilen çykar. Emma husydyň elinden bolsa, jany çykansoň çykar.

Mal ýygnady harsydünýä, betnebis, Ýene ýygmak üçin hars urup mydam.

Ine, bir gün duşmanlaryň haýryna,

Altyny galdyryp, jan berdi haram.

* * *

Golastyndakylara rehim etmeýän adam, özi kimiň golastynda bolsa onuň jepasyna sezewar bolar.

Çişirip, her goly güýçli ýelini,

Döwmän gezmez ejizleriň elini.

Ondan hem bir eli ökde tapylar,

Onuň hem elinden ahyr çapylar.

* * *

Akylly adam dawa-jenjel bar ýerinden gaçar. Ylalaşyk görse, ol ýerde labyr taşlar. Sebäbi birinji salamatlyk kenardadyr. Ikinjide bolsa, salamatlyk görnüp durandyr.

* * *

Humarbaza «Se şeş» (üç alty) gerek mahaly, «Se ýek» (üç bir) geler .

Otluk ýer düzlükden ýüz esse gowy,

Ýöne jylaw atda däl, bilgin muny.

* * *

Bir derwüş mynajat edip, şeýle diýer eken: «Eý, Allam! Sen ýagşylara kerem eçilip, merhemet edipsiň. Olary bagtyýar edip ýaradypsyň. Şonuň üçinem erbetlere merhemet et.«

* * *

Lybaslara nyşan we barmaga ýüzük dakan ilkinji ynsan eýranly Jemşit şadyr. Ondan:

—Näme üçin at-abraý, artykmaçlyk sagda bolsa-da, nyşany we ýüzügi çep tarapa dakdyrdyň? — diýip sorapdyrlar.

Onda Jemşit:

—Saga sag bolmak zynaty ýeter — diýip, jogap beripdir.

Çyn ussatlaryna diýdi Peridun,

Keşde çadyrymyň daşyna çekiň.

Ýamanlary sakla, eý arly kişi,

Ulugdyr hormaty özi gerçegiň.

* * *

Bir akyldardan:

—Sag tarapyň, sag eliň şeýle uly artykmaç taraplary bolsa-da näme üçin ýüzügi çep ele dakýarlar? — diýip sorapdyrlar.

Onda ol hem:

—Bilmeýärmiň, at-abraýlylar elmydama köp zatdan mahrumdyrlar — diýip, jogap beripdir.

Rysgal-ýazgytlary ýaradan Alla,

At-abraý ýa-da bagt berer ynsana.

* * *

Patyşalara diňe öz kellelerinden gorkmaýan we hiç hili bähbit-umyt etmeýän adamlar nesihat berip bilerler.

Aýagnyň astyna altyn dökseňem ,

Kellesine hindi gyljyn çekseňem ,

Hakyky mömine ikisem deňdir,

Oňa munuň üçin hiç parhy ýokdur.

Gorkmaz hem gepini çekmez hiç kimiň,

Ine, esasydyr bilseň towhydyň .

* * *

Patyşanyň wezipesi zalymlary ýok etmekdir. Ýasawul, garawul, howpsuzlyk işgärleri ýaly düzgün-tertibi goraýjylar – ganhorlar we gan dökýänler üçindir. Kazy – ogry-jümri, günäkärler üçindir. Iki duşmanyň, biri-birine garşydaşyň hakykata razy bolup, kazynyň ýanyna gelendiklerini heý gördüňmi? Eger olar hakykata razy bolsalardy, kazylyk işleri galmazdy we kazynyň ýanyna gitmezdiler.

Eger berilmeli bir zadyň bolsa,

Öz islegiň bilen ber mümkin bolsa.

Salgydyn bermese öz erki bilen ,

Salgytçylar alar ony güýç bilen.

* * *

Hemmeleriň dişi turşy zada gamaşar, kazynyňky bolsa süýji zada gamaşar.

Senden para alsa bäş hyýar kazy,

Ýüz gawuny berer dawada azy.

* * *

Garry jelep jelepçilikden, işden boşadylan ýasawul ýa-da tertibe serediji işgär adamlara beren azarlaryndan toba etmän, başga näme etsinler?

Burça geçip, tagat eden ýaş wagty,

Allanyň ýolunyň erkek arslany .

Garry kişiň bilseň eger ýagdaýyn,

Ol burçdan turup hem bilmez ahyryn.

* * *

Şöhweti terk etmeklik gujurly ýaşlaň işi,

Mejalsyz garryň bolsa ýokdur onsuzam güýji .

* * *

Bir akyldardan:

—Allatagala şeýle uly we iýmiş berýän dürli-dürli agaçlar ýaratsa-da, näme üçin olara däl-de miwe bermeýän serwi agajyna «serwi azat» (erkin serwi) diýýärler. Bu ýerde nähili hikmet bar? — diýip sorapdyrlar.

Onda akyldar:

—Her bir agajyň belli miwesi we belli çaglary bardyr. Wagty gelensoň ýapraklar, gül açar, miwe berer, soň gurar, ýapraklary döküler. Emma serwi agajynda bularyň hiç haýsysy ýok. Elmydama ter we ähli zatdan azatdyr. Şunuň ýaly miwe bermekden we belli-belli wagt laýyk şertden garaşsyz bolmaklyk erkinligiň sypaty we alamatydyr. Erkinlige mahsus ýagdaýdyr — diýip, jogap beripdir.

Pany, wagtlaýyn zatlara asla köňül baglama ,

Dejle halypadan soňam dowam eder akmagy.

Eger eliňden gelse, hurma deý keremli bol,

Oňarmasaň, serwi deý başar erkin çykmagy.

* * *

Iki hili ynsan ah çekip, gaýgy-hasrat bilen ölüp gidendir. Biri mal-mülki bolup iýmedik, ikinjisi hem ylmy bilen amal etmedik.

Bilimli bahylyň ýüzi görülmez,

ŸÝagşysy, ýamany gerekmez ile.

Iki ýüz günäsi bolsa jomardyň,

Ýaşyrar baryny keremi bile.

* * *

Ine, Allanyň ýardamy bilen «Gülüstan» kitaby ýazylyp gutaryldy. Galam eýeleriniň şeýle bir däbi bardyr. Özlerinden öňküleriň şygyrlaryndan amanat parçalary alyp, olary kitaplaryna ýazarlar. Ýöne men bu ýoly tutmadym.

Öz köne donuňy ýamap bejermek,

Amanat geýimden ýagşy ýüz gezek.

Sagdynyň sözleriniň köpüsi süýji we şirin sözlerdir. Ol her bir ynsanyň göwnüne ýarar, ynsana keýpi-sapa berer. Şonuň üçinem diňe ters garaýyşly adamlar dil ýetirip: «Biderek ýere kelle ýadatmak, biderek ýere şem tüssesini ýuwutmak akylly adamlaryň etjek işi däldir» diýip bilerler.

Men ylymly-bilimli, üşükli ynsanlara ýüzlendim. Olar okyjyny ýadatmazlyk, bizar etmezlik we kitaby kabul ediler bagtyndan mahrum etmezlik üçin, şypa beriji wagyzlaryň söz sapagyna monjuklar ýaly düzülendigini, ajy nesihat dermanynyň akyl-paýhas baly bilen garylandygyny bilýärler.

Öwüt ýaýdyk ile wagtynda mydam,

Şu ýolda geçirdik ömüri tamam .

Kimiň gulagyna ýaramasa, bar!

Bolsun çapar bilen gelen bir habar.

Bu kitaby gören-u okan bende,

Döredene, ýazana eýesine,

Allatagaladan rehmet islesin ,

Özi üçin haýyr-yhsan dilesin.

Göçürmek

©Pelsepe, 2015

ÄHLI HUKUKLARY GORAGLY